**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**
Taryh fakultetiniň arheologiýa we etnologiýa kafedrasy

t. y. k. uly mug. S.K.Ataýew

# Araplaryň taryhy we medeniýeti

**Okuw gollanmasy**

**Ýörite orta we ýokary mekdepler üçin**

**Türkmenistanyň Bilim ministirligi tarapyndan hödürlendi**

**Aşgabat - 2010**

## Giriş.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow döwlet başyna geçen ilkinji gününden başlap ylym, bilim, medeniýet we sungat ulgamyny kämilleşdirmäge uly üns berdi. Şonuň bilen baglanyşykly umumy taryhyny we onuň edebiýatyny öwrenmeklige uly itergi berdi.

Arap ýurtlaryň taryhyny we edebiýatyny giňişleýin öwrenilende Türkmenistan-Arap döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary mäkimleşmäge ýardam edýär. Araplaryň taryhynyň sahypasynda türkmeniň orny hem bellemek bolar. Arap halyflary we yslam dini goramakda Oguz – türkmenleriň bitiren hyzmatlary az bolmandyr. Olar Basrada, Samarrada goşun-galalarynda gulluk edipdirler. Oguz şahsyýetleriň hatarynda Seljuk soltany Togrul begiň hem hyzmaty uly bolupdyr. Onuň kömegi bilen Abbasylar halyflaryny ajamlardan halas edip arap-türkmen ýakynlygynyň sahypasyny açdylar. Türkmen alymlary tarapyndan Arap halyflary türki dilini bildirmekde Mahmyt Kaşgarlyny Bagdatda taýynlan “Diwana logat at türk” atly kitabyny görkezmek bolar. Türkmen-arap gatnaşyklaryň hatarynda edebiýatyň nazarýetinde hem beýan edilýär. Mangol basybalyjylar tarapyndan Abbasy halyfaty synandan soň Osman türkmen soltanlary Gündogarda musulmançylaryň nazarýetini ýöretmekde (XVI-XX asyryň başlaryna çenli) başarypdyrlar. Netijede, 20-den gowrak arap döwletlerinde türkmenler mekan tutanlygy hem bellemek bolar. Meselem, Yrakda-3,5 million türkmen, Siriýada-1,5 million türkmen, Saud Arabystanda-25 müň türkmenler we ş.m. mekan tutdular.

Netijede, awtor tarapyndan taýýarlan okuw gollanmasy ýaş neslimize bilim ulgamynda kämilleşdirmekde we Gündogary öwreniji hürämenleri bolup ýetişdirmekde talyplar üçin möhüm işleriň biri bolup hyzmat eder.

## Arap ýurtlarynyň taryhyna giriş.

Islendik halkyň taryhy öwrenilende onuň gadymy döwürden başlap şu günki güne çenli taryhyny doly we anyk maglumatlar esasynda öwrenmeklik zerurdyr. Şonuň üçin Araplaryň taryhy dersini okatmagyň esasy maksady hem Arap ýurtlarynyň iň gadymy döwürden başlap tä halyflyk döwrüne çenli bolan taryhyny doly we hemme taraplaýyn açyp görkezmekden ybaratdyr. Her bir halkyň gadymy taryhyny öwrenmeseň, onuň häzirki zaman taryhyny bilmeklik mümkin däldir. Şol maksat bilen hem Arabystan ýarym adasynda adamzadyň kemala gelmegi, döwletiň döremegi, halklaryň ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösüşi barada talyplara giňişleýin düşünje bermekden ybaratdyr. Arap ýurtlarynyň taryhy dersi boýunça bu döwür gadymy döwürden başlap Araplarda halyflyk düzgüniniň ýüze çykmagyna çenli bolan aralygy öz içine alýar. Bu döwürde Arap halklarynyň ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösmegini doly açyp görkezmekden ybaratdyr.

Yslam dininiň ýüze çykan ýyllarynda sasany imperatorlygynyň resmi dini zarastarizm dinidi. Halk bolsa, dürli ynanç we ygtykatlara eýedi. Kimler göge we ýyldyzlara, kimi agaçlara, bir toparlary bolsa, oda we dürli ösümliklere, kimseler bolsa zaratuştra (gowylyk taňrysy diýilýän) „hurmuza“ çokunýardylar. Ýöne şol döwürlerde umumy oda çokunmaklyk giňden ýaýrapdy. Zaratuştra rahipleri (din adamlary wekil) döwletiň dolandyrylmasynda hökümdarlara iň ýakyn adam bolup durýardylar. Zarostarizmiň bahs edýän Ahura-mazda, milli taňry we söweş taňrysy ýaly görülýärdi. Ýer ýüzünde ony iň gowy görnüşde ot ýüze çykarýardy. Ybadathanalar bu sebäpli jemgyýetdäki täsirini artdyrýardylar. Zarostarizme öz täsirlerini artdyrjak goşmaçalar girizýärdiler. Ybadathanalardan näme kanun çyksa ol hökman ýerine ýetirilýärdi. Diniň kada kanunlaryny olar kesgitleýärdi. Halaly,

haramy, günäni, sogaby olar belleýärdi. Wizantiýadaky serkifleriň borçlaryny Eýranda ataşa (oda) çokunma ýygnanyşygyny geçirýän ybadathanalar öz üstüne alýardylar.

VI-asyrda dörän mazdak özüni zaratuştranyň yzyny dowam etdiriji şägirdi diýip yglan edýär we jemgyýeti zäherleýän pikirlerini orta atýardy. Mazdag görä howa, ot we suw ýaly zatlar nähili ortak hasaplanýan bolsa, mal-mülk we aýal gyzlar hem ortakdyr. Ýagny umumydyr diýip belleýär. Şahsy eýeçilik we mülk diýen düşünje ýokdur. Esasan hem mejusy zaratuştralygynda iň ýakyn garyndaş hatda iki doganyň biri-birine öýlenmeginde hem hiç-hili gadaganlyk ýokdur. Şol döwürlerde Eýranda at-abraýly bir nesli terbiýeläp ýetişdirmek düşünjesi ýokdy.

Araplar Samy diýilýän kowumdandyr. Nuh pygamberiň ogly Samy neslinden dörändikleri sebäpli Samy tireleriniň arasynda hasaplanýar. Bu tireler, birinji irki döwürde Arabystanyň ortasynda ýagny merkezinde oturýardylar. Halkyň sanynyň artmagy, guraklyklar, gytçylyklar we parahat durmuşyň ýoklugy sebäpli Afrika, (Efiýopiýa, Müsür) Mezopatamiýa, Siriýa ýaly ýerlere göçüp gelýärler.

Araplar fiziki keşbi hem-de düşünjeleri tarapdan Samy tiresiniň aýratynlyklary bar. Munuň esasy sebäbi bolsa jezireful Arapda geografiki tarapdan ýerleşişiniň bir sebäbidir. Jezraful arabyň üç tarapy deňiz dördünji tarapy bolsa çöl bilen gurşalandyr. Bu ýagdaý, çölüň kyn şertleri bilen darkaş guran Araplara takdyryň eçilen bir sowgadydy.

Samileriň birinji ýerleşen ýerleriniň nirededigi taryhçylaryň ünsüni özüne çekýär. Arabystanda geçmişiň yzlary köne medeniýetlerden galan galyndylar we şuňa meňzeşleriň üstünde ýeterlik ylmy barlag işler geçirilen hem bolsa heniz doly derejede üsti açylan däldir.

Gazuw agtaryşyň netijesinde tapylan zatlar ylmyň tejribesine daýanan hem bolsa, yslam dininden öňki Arap taryhynyň käbir ýerleri bize entegem garaňky taraplary bardyr.

Samy taýpasynyň birinji ýerleşen ýerleri barada geçirilen ylmy barlaglar häzirki wagta çenli şu netijeleri berýär olaryň birinji göçüp baran ýeri Mezopatamiýa, gündogar Afrika ýagny Arap ýarym adasy diýilýär we soňky barlaglaryň netijesinde hem samyleriň hakyky watanynyň arbystan bolandygy görkezilýär. Ýaňam belläp geçişimiz ýaly sanlary artyp özlerini eklemek kyn bolanlygy sebäpli wagtyň geçmegi bilen Nil düzlügine demirgazyk Afrika we Mezopatamiýa göçüp başlaýarlar.

Arap halyflary diýlende araplaryň kemala gelmek hadylasy orta asyrlar bilen baglanyşykly. Araplaryň gelip çykyşy barada iň gadymy çeşme injil onda duş gelýän rowaýatlarda araplaryň ata – babalary barada aýdylýar. Injilde ýahwa diýen hudaý Wawilon dinini guranda gurýanlary biri – biri bilen gürleşmez ýaly dil aýratynlygyna bölüpdir. Şondan soň hem dürli dilde gürleýän halklar döräpdir. Bu aýdylýan gürrüň XIX asyra çenli öz täsirini halklar ýetirip gelipdir. Ýagny olaryň aýtmaklaryna görä haýsydyr bir näbelli güýç iň gadymy halky döredipdir. Bu ideýa, pelsepe garaýyşlar XVI asyra çenli ýetirlipdir.

XX asyr halklar barada dürli pikirler orta atylýar. Etnos: baradaky meseleler alymlar tarapyndan dürli görnüşlerde öwrenilýär. Adamlaň gelip çykyşy barada entegem jedelli bolýar.

Günbatar Aziýa arap ýurtlarynyň köpüsi şoňa girip ondan başga Demirgazyk Afrikany öz içine alýar.

Arap ýarym adasy, Palestina, Mesopotamiýa, ortaýer deňziniň Gündogar kenarlary, Demirgazyk Afrika ýurtlary girýär. Arap ýurtlary gurak klimat we daglyklardan ybaratdyr. Umuman ýarym çöl. Bu ýerler Neolit döwrüne çenli tokaý, çagylyk bolupdyr. Soň tokaýlyk, suwlar azalypdyr. Oazislerde adamlar köpelipdir. Çöllüklerde adamlar azalypdyr.

Arabystan ýarym adasynda gündogarynda Umman deňzi we Basra bogazy (aýlagy), günbatarynda Gyzyl deňiz

günortasynda Aden bogazy ýerleşýär. Ýagny gündogar, günbatar we günortasy deňizler bilen gurşalandyr. Demirgazyk tarapynyň geografiki ýerleşişi doly belli däldir. Gyzyl deňziniň demirgazyk tarapyndaky akaba bogazynyň ýokarsydan Tigir we Efrat derýalaryna tarap giň giden ýerleri görkezilip bilner. Ýurduň gündogarynda, beýikligi 330 metre ýetýän jebelul-Ahdar (ýaşyl dag) bardyr. Günortasynda bolsa, beýikligi 1000-1600-metre çenli ýetýän daglar bardyr.

Arabystan ýarym adasynda ekerançykyk ýerleri, gündogarda Ýemen günbatarda bolsa Asyr ýerleridir.

Ýarym adada iň uly üç çöl şulardyr:

1.Nufud çöli: Arabystanyň demirgazygynda ýerleşýär.

2.Dahna çöli: 100 km çenli uzalýar.

3.Rub-ul Haly çöli: Ülkäniň gündogarynda ýerleşýär.

1.Araby Baide; Bu döwürdäki milletleriň köpüsü betbagtçylyk sebäpli heläk bolupdyrlar, bularyň nesilleri gutarýar. Ad, Semud, Tasym, Amelika, Eýka kowumlary şulardandyr we bularyň käbirleri barada Gurhanda gürrüňi edilýändir.

2.Araby-Azybe Kahtan bin Abiziň Ýemen taraplaryna ýaýran ogullary we agtyklarydyr. Bular Kahtaniler diýlip tanalýandyr. Käbir döwletleri gurýarlar. Bir gezekgi göçmekligiň netijesinde Medinä ýerleşen Ews we Hazreç tireleri hem bulardandyr.

3.Araby-Mustarebe: Bular, Hz.Ysmaýylyň nesilleridir.

## Arap ýurtlary barada dürli çeşmeler.

Sapagyň wezipesi talyplara araplar barada ýagny Arabystan we araplar barada olaryň gadymy çeşmeleri; yslamdan öňki we soňky çeşmeler barada, yslamyň döreşi, Halyfatyň döreýşi, XIII-IX asyrlarda bagdat halyfaty we halyfatlar döwründe edilen ýörüşler barada talyplara giňden gürrüň bermekden ybarat.

Orta asyryň başlarynda häzirki zaman arap döwletleriniň territoriýalary iki sany kuwwatly deržawalar bolan Wizantiýanyň we Sosanid Eýranyň düzümüne girýärdiler.asy syýasy tarapdan gutarnykly dargandan soň, merkezi şäheri Konstantinopol bolan Wizantiýa ýa-da Gündogar Rim imperiýasy 395-nji ýyldan başlap özbaşdak döwlete öwrülýär. Imperiýanyň 14 sany dioňeezinden 8 sanysy Fransiýanyň sostawyna giripdir. Balrym adasynyň we Kiçi Aziýanyň (anatoli) oblastlary we geljekki Gündogar Arabystanyň ýurtlary şeýle hem zakawkaziýe we häzirki Günorta Ukrainanyň mülkleri. b.e.öň I asyrda Rimliler tarapyndan Siriýa,Liwan we Palestina (izrail we Günbatar Iordaniýa) basylyp alynýar. B.e.öň 30-njy ýylda Müsür Rim imperiýasyna girizilýär. VI-asyrda Wizantiýanyň düzümüne Demirgazyk Afrikanyň Gündogar bölegi(Tunis we Alžiriň bir bölegi) girýär. Ol ýerlerde şoňa çenli Wandallar agalyk sürüpdirler. (V-VI as.başy).

Wizantiýanyň imperatory iri ýer eýesi bolupdy, sebäbi ol döwlet ýerlerine hem eýeçilik edipdir. Imperatoryň töweregini iri ýer eýeleri bolan köşk han begleri gurşap alypdyrlar. Iň gysganç we zalym ýer eýesi ýokary grek prowoslow dindarlary bolupdyr.(aýratyn hem monahlaryň) ýokary gatlagy.

Wizantiýa VI asyra çenli çig ýüpek Hytaýdan we Eýrandan gelipdir. Aziýada çarwa taýpalarynyň göçup-gonmalary ol taýpalaryň kuwwatly soýuz emele getirmegi belli ýüpek ýoly boýunça Uzak gündogar ýurtlary bilen kerwen söwdasyny etmegi kynlaşdyrypdyrlar.Hindistan bilen deňiz söwdasy Wizantiýanyň ýüpege bolan islegini doly kanagatlandyryp bilmändir. Şonuň üçin hem Wizantiýa Eýran bilen uruş ýagdaýynda bolsada ýüpegi olaryň söwdagärlerinden satyn almaga mejbur bolupdyr. Ondan hem başga Eýranyň söwdgärleri we hökümdarlary özleriniň monopol ýagdaýyndan peýdalanyp ýüpegiň bahasyny gymmatladýarlar. Wizantiýalylaryň özleriniň ýüpekdarlygyny ýola goýmak başa

barmaýar. Sebäbi Eýran hökümeti ýüpek gurçugynyň tohumuny bermekden boýun gaçyrýarlar.

V-VI asyrlaryň araplarynyň ykdysady ýagdaýy jemgyýetçilik gurluşy we durmuşy baradaky esasy maglumatlaryň esasy çeşmeleri bolup gadymy arap ýa-da yslama çenli bolan poeziýa hyzmat edýär. Taryhy çeşme hökmünde bu poeziýanyň esasy gymmatlygy onuň arap taýpalaryny daşyny gurşap alýan tebigat bilen bilelikde fotografik takyklyk bilen berilmegidir. Şonuň üçin hem spesialistler arap halkyny we onuň durmuşyny häsiýetlendirmekde wajyp we abraýly çeşme hasaplaýarlar.

V-VI asyrlaryň arabystanyň geografik tebigaty öwrenilende yslama çenli bolan arap şahyrlary çeken suratlarynyň üsti bilen Arabystan tebigatynyň suratynyň üstüni ýetirmek üçin täze döwrüň syýahatçylary tarapyndan ýygnalan köp-köp baý we dürli taraplaýyn zatlaryň ullanylmagy hökmandyr.

XIX-XX asyryň syýahatçylarynyň sosial-ykdysady häsiýetli habarlary diňe gadymyýetiň galyndylaryna ünsi çekip biler.

Geçen 1,5 müň ýylyň dowamynda Arabystan umuman üýtgemän galýar, ýöne ýurdyň ykdysady ýagdaýy we ilatyň jemgyýetçilik gatnaşyklarynda üýtgeşikler bolýar. Ykdysady we jemgyýetçilik ýagdaýlarynda durnukluluk duýlan hem bolsa XIX asyryň ikinji ýarmyndan başlap üýtgeşmeler we ösüşler bolupdyr.

Araplaryň yslama çenli bolan poeziýasy biziň öwrenýän döwrümizde döräpdir. Olaryň bize çenli ýeten eserleri VII-X asyrlaryň ýygnaýjylary we redaktorlary az kem üýtgeşiklik girizen bolmasa esasan üýtgemän galypdyrlar. Taryhy çeşme hökmünde bolan bu poeziýa durmuş baýlygy eserleriň hakykylygy syrygypdyr: hakykatdan hem yslama çenli poeziýanyň eserleri V-VI asyrlarda arap taýpalarynyň şahyrlary tarapyndan döredilipmi (arap taryhy-edebiýat dessurlarynyň takyklaýşy ýaly) ýa-da bu eserleriň awtorlary VIII-IX-asyrlarda Halifatyň medeni merkezlerinde ýaşan giçki

şahyrlar we alym filoloklar bolupdyrlarmy-başga söz bilen aýdanyň bu eserler edebiýat ýasamasy däldirä?

Syýasy, harby dini durmuşyň baý we köp taraply faktlara orta asyrlaryň köp sany arap dilli taryhçylarynyň we geograflarynyň işlerinde yslam poeziýasyna çenli V–VI asyrlarda araplaryň sosial-ykdysady we jemgyýetçilik durmuşyny açyp görkezýän köp sanly materiallara gabat gelýäris. Biziň öwrenýän döwrümiziň esasy çeşmesi hökmünde Şähristanyň işleri (1153ý) eýeleýär. “Kitab al-milal wa-n-nihal” “Книга религиозных секет и философских школ”

Belaruzynyň asly Eýranlydyr. Ol 897-nji ýylda aradan çykýar. Halyfat Mutawekkil Mustain döwründe Bagdat saraýynyň alymlaryndandy. al-Mugtez öz ogly Abdylla üçin al-Belaruzyny mugallym edip alýar. Şondan soň Abbasy hökümdarlarynyň ynamyna girýär. Şol döwürlerde ýagny hijri I-asyrda bolup geçen wakalary hem-de Arap basyp alyşlaryny düşündirýän ady belli „Futhul-buldan“ (täze ýerleriň basylyp alynmagy) atly taryhy eserini ýazýar. Al-Belaruzy bu eserini ýazan wagtynda bellikleriniň dogry bolmagy üçin köp işler edýär. Halkdan eşiden zatlaryny has öňräk ýazylan eserler bilen deňeşdirip görýär. Şeýlelikde ýazan eseriniň gymmatyny artdyrýar. Al-Belaruzynyň taryh babatynda salgylanýan möhüm eseri Abul-Hasan Aly al-Medaýininiň „Kitabul Magazisi“ bilen „Taryhy Hulefa“ atly eserleridir. Belaruzy ýaly bu çeşmeleri Taberi hem taryhy çeşme hökmünde ulanýar. Belaruzynyň taryha degişli „Ensabul-Eşraf“ (abraýly hormatlanýan nesil) atly eseri ýazylan hem bolsa ýazylan bu eseriň günümize çenli diňe iki jilti gelip ýetýär.

„Futuhul-Buldan“ ýewropada we Müsürde çap edilýär.

**Al-Masudy:**

Abul Huseýin Ali bin Huseýin bin Aly al-Masudy. Tanymal yslam taryhçysy we geogryfydyr. Masudy hijri III-asyryň soňunda dogulýar. 956-ýylda-da Kahirede ýogalýar. Bagdatda mekdebi tamamlandan soň 912-nji ýylda ýetginjeklik

ýaşynda ylym öwrenmek üçin syýahat edýär. Ömrüni öwrenmek maksady bilen syýahatda geçirýär: Hindistan, Seýlan, Madagaskar, Müsür ýoly bilen Endülis (Ispaniýa) çenli gidýär. Eseriniň bir ýerinde Malaziýa dag gerişlerinde Hytaý düzlüklerini görendigini bilmek bolýar. Masudy gezip ýören ýerlerinde tankydy göz bilen taryhyny we geografiýasyny ýazypdyr. Masudiniň bu uzyn syýahatlarynyň ýene bir sebäbi hökmünde beýleki yslam döwletlerinde şol döwürlerde ýaňy döräp başlan ylmy merkezleriniň açylmagy görkezilip bilner. Hemmämize mälim  bolşy ýaly VIII-asyrda başlanan terjime işleri bilen bir hatarda ösmäge başlan yslam sungaty we medeniýeti, bu asyryň soňlaryna (X-asyr) öňki görnüşini ýitirip başlaýar. Memunyň açan „Darul-Hikme“ atly ylmy merkezi öňki güjüni ýitiripdi. Esasan hem yslam dünýäsi syýasy ugurdan bölünmäge başlaýar. Täze dörän syýasy akymlaryň saýasynda täze ylmy açyşlar döräp başlaýar.

Masudy meşhur taryhçy we geografçy ýaly şol bir wagtyň özünde belli hukukçy we güýçli lukmanlaryň hatarynda görmek bolýar.

Masudynyň 19-sany eseri bolup olaryň käbirleri şulardan ybarat.

„Kitabu Ahbaru-z-Zaman“ (döwrüň habarlar kitaby)

„Kitabul Ewsat“ (orta ýol)

„Zuhaýrul-Ilim“ (ylmyň orta çykmagy, gül ylmy)

„Nazmul-Alem“ (älemiň nyzamy)

„Sirrul-Haýat“ (durmuşyň syry)

„El makalat Fi Aslyd-Diýanat“ (diniň asly bilen baglanşykly makalalar).

Taryha degişli birinji ýazan eseri „Ahbaruz-Zaman“ eseridir. „Murujuz-zeheb“ atly eseri Ahbaruz-Zaman bilen Kitabul Ewsat“ yň birleşdirilen nusgasydyr.

## Irki orta asyrlarda jemgyýetçilik gatnaşyklary.

Şu biziň öwrenýän döwrümizde Arap ilatynyň aglabasy çarwa-maldarlary düzüpdir.Olar Arabystanyň çöllerinde we ýarym çöllüginde giň ýaýlada mesgen tutupdyrlar.Olar “badw” ýa-da “bedw” ýaly atlar bilen bellidir. Şu ýerden hem bolsa arap çarwadarlarynyň ady gelip çykypdyr, ýagny “badawi” ýa-da “badaun” bu ýewropa diline arap köpçülik sanynda –beduin bolup geçipdir. Bu söz “Arap” we “Araply” manydaş söz bolmandyr. Olar “çölli” ýa-da çölde we ýarym çölde ýaşaýanlar diýlip rus sözüne gabat gelýär.

Beduinler maldarçylyk bilen meşgullanypdyr,köplenç düýe malyny saklapdyrlar. Atçylyk we goýundarçylyk bularda ikinji derejeli hasaplanypdyr. Geçi maly bolsa giň ýaýradylmandyr. Arapystanyň howasy, çöl sährasy, ösümlik dünýäsi maldarlara özboluşly ýaşaýyş beripdir. Beduinler gurşap alan tebigata bagly bolupdyr. Tropiki howa gök otlary basyp ýakypdyr. Şolar ýaly ýagdaýda beduinler mal bakmak üçin täze ýerleri gözläpdirler. Eger-de oty ýetmese düýeler hem süýt bermändir.

Gyşyň gelmegi bilen beduinler ýagşa garaşypdyrlar. Demirgazykda howa ýagdaýlaryny biljek bolupdyrlar. Egerde demirgazyk ýerlerinde howanyň çyglydygyny bilseler şol tarapa mallaryny sürjek bolupdyrlar.Geografiki aralyk beduinleri düýelere garaşly edipdir.

Düýe eti arap çarwalaryny yzygiderli kanagatlandyryp bilmändir: 1.Beduin tirelerinde düýeleriň baş sany çäkli bolupdyr.
2.Bu haýwan seýrek köpelipdir.(ýylda 1 köşek), şol sebäpli düýeleri et hökmünde seýrek ulanypdyrlar.

Düýäniň dersinden ýönekeýje aýakgap dikipdirler.Düýe dersi ondanam başgada harytlary salmak üçin halta hökmünde we ş.m. zatlary ulanypdyrlar.Düýe süýdüni derman hökmünde ulanypdyrlar.(Aşgazany agyranda içipdirler)

Arapystanda diňe bir örküçli düýe gabat gelýär. iki örküçli ýok.

Zoologlar düýäni akylly mal hökmünde hasaplaman, ol gorkak we akmak hökmünde görýärler. Araplar has hem beduinler düýä ýokary baha beripdirler. Ony iň peýdaly we owadan mal diýip baha beripdirler.

Düýeli kerwenler günüň dowamynda 6 sagat ýöreýärler.Ýagny sagatda 5,5 km geçipdirler. Egerde durman gitseler sutgada 130 km geçipdirler. Düýe 270 kg ýük göteripdir, iň güçlileri 450 kg göteripdir.

Arabystanda at az. Araplaryň hemmesi atyň üstünde oturup gitmek ýa-da uruşmany oňarmandyrlar. Atyň ýaýran welaýatlary az sanlydyr. Düýe maly suwy az talap edýär, onuň tersine ata günüň dowamynda üç gezekden az bolmadyk arassa suwy bermeli, arpa bilen bakmaly. Suwuň ýetmezligi zerarly arpa hem ýeterlik mukdarda bolmandyr. Merkezi we gündogar Arabystanda atlara guradylan ýorunja bilen hurmany garyp beripdirler. Nežde atlara çig we bişen eti iýmegi hem öwredipdirler.Araplaryň käbir ýerlerinde atlara çekirtge hem beripdirler,ýagny çekirtgäni iýen at güýçli bolýar diýip düşünipdirler. Hadramutda ata kakadylan balyk hem beripdirler.

Araplarda şeýle nakyl hem bolupdyr, ýagny “Kim öýlense, aty bolsa oňa arkaýynçylyk ýok” diýipdirler.

Arabystanda at hojalyk ähmiýetinde bolmandyr.Ol sportda we harby işlerde ullanylypdyr.

Ekerançylyk: V-VI asyrlarda Arabystanda beduinler,çarwadarlar-maldarlar bilen deňeşdireniňde oturumly ilat az mukdardady.

Şol wagtlar oturumly ilat ekerançylyk, hurma, üzüm ýetişdiripdirler. Medeni ösümlikleri ösdürüp ýetişdirmeklik emeli suwaryş işleri bilen geçirilen bolmagy mümkin.

Ekerançylyk etmek üçin Arabystana ýemen has oňaýly bolup,ol ýerde oturymly durmuş gurmak has ösüpdir. Entäk

b.e.öň I müň ýyllykda hem gul eýeçilik siwilizasiýasy döwründe Alynky Aziýa we Demirgazyk-Gündogar Afrika, Günorta Arabystan gülläp ösýän ýurt boludyr.Bu ýurtlarda ekerançylykdan hem başga şäherlerde hünärmentçilik we söwdä ösüpdir.

Gadymy ýemeniň ilatynyň dili semit dil toparyna giripdir. Ilat öz asyl medeniýetini döredipdir, şeýle hem öz-özünden dörän harp ýazuwy, olaryň ýadygärlikleri daşa, metala ýazylyp biziň günlerimize çenli saklanypdyr.

Ýöne ýemeniň biz öwrenýän döwrümiziň dini we madddy medeniýeti aşak gaçyp başlaýar.

Ýöne V-VI asyrlarda ýemen öňki ykdysady ähmiýetini ýitiren hem bolsa, syýasy garaşsyzlyk ekerançylyk ýurduna öwürdi.Ýemeniň hojalygynda düme ekerançylygy we emeli suwaryş utgaşdyrylypdyr. Döwürleýin ýagyşyň ýeterlik derejede çyglylyk bermegi ekin we bag üçin has oňaýly şert döräpdir.Ýagyş suwlaryny ýygnap alypdyrlar. Suw saklamak üçin ýörüte howuzlar gurupdyrlar. Ýemende iň uly suw saklaýan howuz Maib berkitmesidir. Gadymy döwürlerdden bäri biziň günlerimize çenli ýemende ýapgytly ekerançylyk saklanypdyr. Ýapgyt ekerançylyk daglaryň görşindekilipdir. Ol ekinler ýagyn ýaganda ýapgytdan aşak inen ýagyş suwy ekini oňat suwarypdyr.Ondan aşak gaýdan suwlary bolsa ýörite ätiýaç suw kanal bilen akdyrylypdyr.

2. Hünärmentçiligiň ösmegi we çalyşmak jemgyýetçilik zähmet bölünşigininiň mundan beýläk çuňlaşmagyna getirdi. Entäk gadym döwürlerde döwlet, medeni, söwda we hünärmentçilik merkezi şäherleri döräp başlandy. Şolardan 200 şäheriň ady bellidir. Arap şäherleriniň taryhy ýüz müň ýyllap gülläp ösdi, şäherler gülläp ösen bolsa, şol şäherlerde egirme, dokma giňden gerim aldy. Şol hünärmentçileri çig mal bilen ekerançylar we çarwa-maldarlar üpjün edipdirler.Olar ýüň, nah matalaryny, zygyrdan dokalan matalary taýýarlapdyrlar. Bütün Arabystany ýemen zolak-zolak gülli matasy giňden ýaýrapdyr. Ýemenliler

öz matalary bilen salgytlaryny töläpdirler.Ýemeniň nejran şäherinde esasanam egin-eşik taýarlanypdyr.

Arap ýarym adasynda deri eýlemek ýokary derejede ösen bolupdyr.Has anygy ýokary hili gomşak gaýyş (deri) hem taýýarlanypdyr. Bütin ýarym ada Hara şäherinde ýasalan eýer has belli bolupdyr.

Demirçi ussalar hem öz işleri bilen şöhratlanypdyrlar.Olar metaldan ýasalan gap-çanaklary we ýaraglary: gylyç,sowup,tüpeň we ş.m. ýasapdyrlar. Ýemen gylyjy iň ýokary baha berilipdir. (sah. 109. ok.kit.)

3. Arap ýarym adanyň berk we mydamalyk ykdysady gatnaşykda bolan çarwa we oturymly ilaty özlerini ýeke-täk ykdysadyýetçi bolmagy sebäpli çarwa hojalyga oturumly ilat gerek bolupdyr. Çarwadarlar sebäpli Arabystanda özara gatnaşyklar giň gerim alypdyr. Arap jemgyýetinde şu özara gyzyklanmalar hakykatdan hem agramlyk saklapdyr. Ondan hem başga çarwadarlar hem bu ýerde ýat adamlar däldi, ýagny oturymlylaram we çarwadarlaram ýeketäk etniki we dilleri boýunça umumydylar.

Ilatyň hereklenşi, yzygiderli özara gatnaşyklar ýeketäk hemme tireler üçin düşünikli diliň döremegine getirdi.

Arap ýarym adasynda synpyň döremeginiň we irki synpy gatnaşyklarynyň ösmegini derejesi boýunça birnäçe regionlara bölmek bolar: Günorta Arabystan, Günorta –Günbatar welaýatlar, Merkezi we Demirgazyk Arabystan.

## Gündogar Arabystanda gurulan döwletler.

Mowzugumyzyň başynda häzirki Saud Arabystanda we ýemeniň teretoriýasynda gurlan gadymy döwletler barada durup geçeris. Şeýle hem şol döwletleriň edara edilşi we halkyň hal-ýagdaýy, beýleki döwletler bilen gatnaşyklary barada gürrüň ederis. Şeýle hem şol döwletleriň syýasy-ykdysady we durmuş gurluşly we medeniýeti barada düşünje bermäge

çalyşarys. Mundan başgada häzirki döwürde musulmanlaryň mukaddes hasaplaýan ýerleri bolan Mekke we Medine şäherleriniň yslamdan öňki ýagdaýy barada durup geçeris. Ondan hem başga Araplaryň beduin taýpalarynyň ýaşaýyş durmuşy we jemgyýetçilik gatnaşyklary barada gürrüň bereris.

B.e. öň VII – III asyrda häzirki ýemeniň territoriýasynda gurlan döwletdir. Paýtagty "Karnaw" şäheri bolupdyr. Halky söwda we ekerançylyk bilen bir hatarda maldarçylyk bilen hem meşgullanypdyr.  Halk öndürýän önümlerini ýeke bir döwletiniň içinde sarp etmän goňşy döwleti bolan Sananyň demirgazyk gündogarynda ýerleşýän şäherlerinde harytlaryny alyş-çalyş edipdir, öz ýurtlaryna gerek bolan harytlary getiripdirler. Maini döwletinde şine şekilinde ýazgynyň ulanylandygy alymlar tarapyndan çaklanylýar. Bu döwletde gurlan şäherleriň ýerinde gazuw agtaryş işleri geçirilende şäher ýaşaýjylarynyň din, sungat, medeniýet we durmuş gurluşy bilen baglanşykly taryhy materiallar tapyldy.

Himýeri döwleti takmynan b.e. öň 115-nji ýyldan b.e. öň 525-nji ýyla çenli iki döwürde  ýaşaýar. 1-nji döwürde b.e.öň 300-nji ýylyna çenli dowam edýär. 2-nji döwri bolsa b.e. öň 525-nji ýylyna çenli ýaşaýar. Himýeri döwleti özünde öň gelip geçen döwletler ýaly diňe bir söwda ýa-da ekerançylyk bilen meşgul bolman eýsem eýran we wizantiýa ýaly döwletler bilen hem zerur bolan halatynda söweşler alyp barýardylar. Himýer hökümdarlarynyň kä birleri (Tubba) lakamy bilen atlandyrylýardy. Himýer döwletiniň soňky ýyllarynda döwlet başyna geçen Zunuwas Musa pygamberiň getiren dini ýahudiligi kabul edýär we ol dini döwletiň resmi dini diýip yglan edýär. Şondan soň Biziň eramyzyň 523-nji ýylynda Nejran hristiýanlarynyň köpçülikleýin gyrylmagy hem bu hökümdaryň döwründe bolup geçenligi alymlar tarapyndan çaklanylýar. Şondan soň Arabystanda hristianlygyň ýaýramagy, Eýrana we Ýahudilige garşy daşary syýasat hökmünde dini we ykdysady taýdan ony özüne peýdaly hasaplan Wizantiýanyň

imperatory Žustin I Efiýopiýanyň hökümdaryna haýyş hatyny ýollap bu işiň ýagny hiristiýanlaryň köpçülikleýin gyrylmagynyň öňüni almagyny haýyş edýär. Pursatdan peýdalanan Efiýopiýanyň hökümdary ýetmiş müň goşun bilen Himýeri döwletine zarba urýar. Netijede Efiýopiýalylar ýeňiş gazanýar. Bu uruşdan soň Himýeri döwleti doly dargaýar. Şeýlelikde Günorta Arabystanda Efiýopiýa hökümdarlygyna bagly bolýar.

Mälim bolşy ýaly hijaz welaýatynda uly hökümdarlyk sistemasyna gabat gelmeýäris. Ýagny Mekke, Medine we Hijazda ýerleşen oturymly halk bilen çölde ýaşaýan beduinlerde syýasy birleşik bolmandyr. Serdarlara halk tarapyndan “Şeýhlik” derejesi berilýärdi.

Beduinler döwründe hijaz welaýatynda serdarlyk wezipesi kakadan ogula geçip bilýärdi ýöne bu düzgün araplaryň arasynda kanun däldi. Kä wagtlar tire serdarlygy ogluna däl-de bir başga adama berilip bilinýärdi. Birnäçe şahadan emele gelen tirelerde, her şahanyň öz serdarlary bardy. Bulardan başgada tiräniň umumy serdary bardy muňa araplar “Şeýhul Meşaýih” diýýärdiler. Kanunlar, esgerler we durmuş bilen baglanşykly käbir işlerde, tiräniň serdary mejlis geçirýärdi we şol mejlisde günlük meselelere garalýardy.

Haçanda tire agzalarynyň arasynda düşünüşmezlik ýüze çyksa ony derhal ýaraşdyrýardylar. Emma tirede ogurlyk ýa-da jenaýat işleri bolsa oňa degişli belli kanunlary ýokdy. Şeýle işlerde tire serdarlarynyň kanun çykarma hukugy hem ýokdy. Şeýle ýagdaýlarda hak haklynyňky däl güýçliniňki bolýardy we her kim başyna geleni özi çekmäge özi karar berýärdi. Gan dawasy diýilýän dawa şol ýerden başlanýardy we köp ýyllap dowam edýärdi. Hemişe gana gan alynýardy. Öldüriläniň iň ýakyn mirasçysynyň onuň öjüni almagy zerurdy. Şeýle ýagdaýlar tire-taýpa söweşlerine getirýärdi. Ýöne adam öldürmek “diýet” (öwezini dolmak) bermek şerti bilen ýatyrylyp bilner. Bu işe tire serdary ýolbaşçylyk edýärdi. Eger

bir kişi öz tiresinden birini öldürse öldüren adamy hiç kim goramaýardy. Bu çöl kanuny, Hijaz welaýatynyň iň meşhur ýerleri bolan Mekke we Medine şäherlerinde hem bir meňzeşdi. Mekkede, käbeden gelýän girdeýjilerden adamlar deň paýlanýanlygy sebäpli çölde ýaşaýan bedewin araplaryna garanyňda biraz ýumuşakdylar. Aýratyn hem Mekke halky söwda we jemgyýetçilik işlerine arap tireleriniň içinde uly abraýa eýedi. Arap tireleriniň ýene-de bir aýratynlygy azat we erkin hiç kimiň buýrugyna bagly bolman ýaşamakdy. Tireleriň arasyndaky bu erkin ýaşama söýgüsi, olaryň uly we güýçli döwletleri gurmagy başarmaklaryna sebäp bolupdy. Bedewinler döwründe okamagy-ýazmagy bilýänler şäherlerde ýaşaýan halkdy. Çölde göçüp-gonup ýören araplar ylym-bilim we sowat bilmeýärdiler. Çölde medeniýet; göçüp-gonmaklygyň zerurlugyndan ýüze çykan tejribe adat we däp-dessuryň bilgilerinden ybaratdy. Şonuň bilen birlikde araplar; “ylmy ensab” (ata-babalaryndan galan ylymlar) şygyr, dilewarlyk ýaly ugurlarda ösen derejedediler. Bulardan başgada tebipçilik, meterologiýa, astronomiýa, at seýislemek, mifalogiýa, yz yzarlamak ýaly beýleki halklardan alynan bilimiň ugurlary bardy.

## IV-V asyrlarda Arabystanda ilat.

Gadymy Müsiriň ilaty bir dilde gürleýän bitewi bir halkdan ybarat bolupdyr. Olaryň dili semit-hamit dil maşgalasynyň hamit şahasyna degişlidir. Daş sypaty boýunça müsürliler orta boýly, syrdam, garaýagyzrak adamlar bolupdyr. Aziýaly semitlerden tapawutlylykda müsirli erkek adamlar saç-sakalyny ösdürmändirler.

Esasy etniki topar bolan müsirlilere olaryň günorta goňşylary kuşitler (efiopialylar) we günbatar goňşulary liwiýalylar az owlak garyşypdyr. Kuşitler etniki taýdan müsirliler bilen garyndaş halklar bolsalarda ir döwürde negirler

bilen birneme garyşan ekenler. Liwiýalylar gözleri gök, teniniň akýagyz reňkliligi bilen tapawutlanypdyrlar. Emma olaryň ikisi-de müsirlileriň dilini kabul edipdirler we olara doly gatyşyp gidipdirler.

Gadymy Müsürlileriň egin-eşigi ýönekeý bolupdyr. Erkek adamlaryň adaty günler öňlik, toý baýramda bilinden dyzyna çenli ýetýän geýim (ýubka) we dar ýeňsiz köýnek, aýal gyzlar dar dikilen, topugyna ýetýän uzyn köýnek geýipdirler. Olaryň esasy iýmiti külçe görnüşli çörek, ýarma, balyk gök önümler bolupdyr, eti seýrek iýipdirler.

## Gadymy Müsiriň taryhy boýunça esasy çeşmeler.

Gadymy Müsiriň taryhy boýunça dürli çeşmeler saklanypdyr. Olaryň iň ähmiýetlisi ýazuw ýadygärlikleridir. Olar hem öz içinde taryhy eserler, resmi dokumentler we hukuk tekstleri, nesihatnamalar, çeper eserler we dini eserler ýaly toparlara bölünýär. Gadymy taryhy eserler has gymmatlydyr. Müsirden tapylan taryhy häsiýetli eserleriň iň gadymysy “Palermo daşy” ady bilen bellidir. Ol manysy boýunça ýyl ýazgylaryna meňzeşdir. Onda iň gadymy döwürden başlap V-dinastiýa çenli Müsür  faraonlarynyň atlary, olaryň uly harby ýörişler, Nil derýasynyň suwunyň joşmagy ýaly wakalar bellenilipdir.

Ähmiýetli eserleriň biri-de “Tutmos III-yň annallarydyr. Ol Karnokdaky (gadymy Fiwy), Amon-Ra hudaýynyň buthanasynyň diwarlarynyň ýüzüne ýazylypdyr. Onda XVIII dinastiýanyň faraony Tutmos III-iň döwründäki möhüm wakalar we onuň harby  ýörüşleri beýan edilýär. Eseriň awtory köşk emeldary bolupdyr. Ol taryhy öz Nukdaý-nazary boýunça beýan edýär.Awtor Müsiri tapawutly ýurt, hudaýlar tarapyndan aýratyn penäkärlik edilýän şol döwürdäki dünýäniň merkezi hökmünde häsiýetlendirýär.

Gadymy Müsürde döredilen iň oňat eseriň biri-de b.e.öň III-IV-ji asyrlaryň sepgitlerinde ýaşan, ruhany Manefonyň işidir. Ol grek dilinde we grekleriň beýan ediş usulynda ýazypdyr. Eser iň gadymy döwüden awtoryň öz ýaşan döwrüne çenli Müsiriň taryhyny öz içine alypdyr. Onda wakalar guraksy sanalman Müsiriň içerki hem daşarky syýasaty baglanyşykly beýan edilipdir. Manefon Müsürde hökümdarlyk eden faraonlary garyndaşlyk gatnaşygy ýa-da içerki hem daşarky syýasatynyň meňzeşligi boýunça 30 dinastiýa birleşdiripdir. 30 dinastiýany bolsa 3 sany onluga bölmek bilen ilkinji gezek Müsiriň taryhyny döwürleşdiripdir.

Resmi dokumentler we hukuk tekstleri biziň günlerimize çenli aýry-aýry ýazgylar, topbak arhiw ýygyndysy görnüşünde saklanyp galypdyr. V dinastiýanyň faraony Neferirkaryň buthanasyndan tapylan arhiw iň gadymy ýygyndylaryň biridir. Ondaky dokumentlerde buthana gullukçylarynyň sanawy we buthananyň emläginiň ýazgysy berilýär. Baý arhiwleriň biri-de gadymy Ahetaton (häzirki Tel-Amarna) şäherinden tapyldy. Onda 350-den gowrak dokument bar eken. Olaryň arasynda faraonlar Amenhotep III-iň we Ehnatonyň hem-de olaryň maşgala agzalarynyň goňşy döwletleriň hökümdarlary bilen ýazyşan hatlary saklanypdyr. Dokumentleriň kä biriniň nusgasy bogazkeýdäki Hettleriň arhiwinden hem tapylypdyr. Müsir bilen Hett döwletiniň arasynda b.e.öň 1280-nji ýylda baglaşylan ýaraşyk şertnamasynyň teksti aýratyn ähmiýete eýedir.

Aýratynlykda gabat gelýän tekstlerden Seti I-iň ruhanylara ýeňillik bermek baradaky Nauriden (Niliň 3 bosagasyna golaý ýerde) tapylan, Küşit hökümdary Pianhiniň Müsiri basyp alyşy barada Napateden tapylan we beýleki köpsanly ýazgylary görkezmek bolar. Olaryň hemmesi Müsiriň taryhyny öwrenmek üçin ygtybarly çeşme bolup durýar. Gadymy Müsürden bize gelip ýeten nesihatnamalar we welinamalar çeşmeleriň aýratyn

toparyny düzýär. Olar faraonlaryň nesihatnamalaryndan we hususy nesihatnamalarydan düzülýär.

Faraonlaryň nesihatnamalarynda (Gerakleopol hökümdary Ahtoý, Amenem het I) döwleti dolandyrmagyň ýollary barada tagt mirasdarlaryna edilýän sargytlar bilen bir hatarda, Müsüriň içerki we daşarky syýasaty barada dürli maglumatlar berilýär. Hususy nesihatnamalarda ("Ahtoýyn nesihatnamasy", "Amenomohyň nesihatnamasy") ýaşlara hünär saýlap almak, jemgyýetde özüňi dogry alyp barmak barada maslahatlar berilýär.

Welinamalar nesihatnamalaryň aýratyn görnüşi bolup olarda başa geljek pajygaly wakalar barada welilik satylýar. "Ipuseriň welinamasy" we "Nefertiniň welinamasy" doly saklanypdyr. Olarda dowam edýän durmuşyň adaty kada-kanunlarynyň bozulmagynyň alyp barjak betbagytçylyklary we heläkçilikleri beýän edilýär. Alymlar bu welinamalarda hakykatdan hem durmuşda bolan wakalar gürrüň berilýär diýip hasap edýärler.

Gadymy Müsirden çeper edebiýatyň dürli žanyrlaryna degişli köpsanly eserler saklanyp galypdyr. "Sinuhetiň kyssasy", "Söze çeper daýhan barada hekaýat", "Iki dogan hakynda", "Çyn hem ýalan hakynda", faraon Hufu hakynda hekaýatlar ýaly ertekilerde we rowaýatlarda toslamadyr, hyýaly gürrüňler bilen bir hatarda gadymy müsirlileriň durmuşy, däpleri, kärleri, jemgyýetdäki eden etdilik we ş.m. barada real maglumatlar berilýär. "Gämi heläkçiligine uçranyň hekaýaty" " Unu Amonyň Bible syýahaty" atly pöwestlerden diňe bir daşary ýurtlar bilen gataşyk däl eýsem, Müsiriň goňşy ýurtlara syýasy täsiri hakynda hem maglumatlary almak bolar.

Dini häsiýetdäki eserleriň-de uly topary saklanypdyr. Müsir dini barada iň irki maglumatlar "Piramidalaryň tekstleri" diýilýän ýagny-V-VIII dinastiýalaryň faraonlarynyň (b.e.öň XXIV-XXII as.) piramidalarynyň içki diwarlarynyň ýüzüne ýazylan dini ýazgylarda berilýär. Orta patyşalyk döwründe şeýle mazmunly ýazgylar ýokary emeldarlaryň agaçdan

ýasalan jeset gaplarynyň ýüzünde peýda bolýar. Şeýle tekstleriň esasynda soňra gadymy müsir dininiň esasy kitaby bolan “Merhumlaryň kitaby” düzülipdir. Ol Müsürlileriň düşünjesine görä merhumyň o dünýäde rahat, baky ýaşalýan “ Ial meýdana (behişte) düşmegi üçin ýowuz synaglardan geçende bilmeli däp-dessurlaryň, doga-töwürleriň ýygyndysy bolupdyr. Müsir dini barasynda gyzykly maglumatlar “Memfis dini diwanynda” hem bardyr. Onda Ptah hudaýynyň öz keramatly sözi bilen dünýäni ýaradyşy bardaky rowaýat berilýär.

Papiruslaryň ýüzüne ýazylan medisina, matematika degişli tekstlerde gadymy müsürde ylmy bilimleriň ösüşi barada maglumat berilýär.

Gadymy Müsüriň taryhyny, medeniýetini, durmuşyny öwrenmekde ýazuw çeşmeleriniň maglumatlarynyň üstini köpsanly arheologiýa çeşmeleri – maddy – medeniýetiniň ýadygärlikleri – doldurýar. Dünýäniň köp ýurtlarynyň muzeýlerinde Müsürden tapylan gadymy zatlaryň (gap-gaçlar, zähmet we ýarag gurallary, sungat eserleri we ş.m.) uly topary jemlenipdir. Gadymy guberhanalaryň –piramidalaryň, şäherleriň, buthanalaryň, galalaryň nekropollaryň galyndylary ýaly arheologiýa toplumlary has uly ähmiýete eýedir.

## Arap ýurtlarynda gurulan türkmen beglikleri.

Türkmenistanyň taryhynda beýan edilýän türkmen beglikleriniň sanawynda atlary ilkinjiler bolup agzalýan iki sany döwletiň atlary tutulýar. Olar türkmenler tarapyndan Musürde döredilen tulunylar (868-905) we ihçidiler (935-969) beglikleridir. (M.R. sah 109).Bu iki döwletiň taryhy hem beýleki onlarça türkmen beglikleri ýaly, halkymyza düýbünden nätanyşdy. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy mukaddes Ruhnamany döretmek bilen dünýäniň dürli yklymlarynda türkmenler tarapyndan döredilen döwletleriň hakyky taryhyny dikeltdi.

Arap halyflygynyň bütin taryhynda diýen ýaly türkmenler bu ägirt uly hem-de köpmilletli döwletiň jemgyýetçilik-syýasy we medeni durmuşynda örän uly orun eýeläpdirler. Türkmenleriň söweşjeňligine we batyrlygyna sarpa goýýan halyflar türkmenleri köşk nöker gullugyna göwünjeňlik bilen alýardylar. Olary gulamlar ýa-da memluklar diýip atlandyrypdyrlar. Türkmenlerden düzülen köşk nökerleri halyflaryň häkimiýetini we olaryň şahsy howpsuzlygyny gözsüz batyrlyk bilen goraýardylar.

Bagdatly halyflar türkmen nökerlerini şäher durmuşyna imrindirmezlik maksady bilen, olaryň dogup-döräp kemala gelen dogabitdi hüý-häsiýetleriniň üýtgemezligi üçin, olary öz milletinden bolan gyzlara öýlendirýärdiler. Şeýdip olary halyflygyň düzümine girýän Gündogaryň beýleki halklaryndan üzňelikde saklamaga çalyşýardylar. Şonuň üçin hem halyflar oguz sähralaryndan türkmen gyzlaryny topar-topar edip getirip, öz türkmen nökerlerini öýlendirýärdiler. Şol türkmen nökerlerinden we olaryň nesillerinden soňra meşhur serkerdeler, wezir-wekiller, şahyrlar, alymlar hatda özbaşdak döwlet döredip bilen güýçli hökümdarlar hem ösüp ýetişipdir. Şeýle hökümdarlaryň hatarynda Müsürde özbaşdak tulunylar döwletini döreden Tulun begiň ogly Ahmediň we ihçidiler begligini esaslandyran Tuguç begiň ogly Muhammet Ihçidiň atlaryny görkezmek bolar.

Tulunylar nesilşalygynyň irki döwürleri barada köp zat bilinmeýär. Diňe hanedana at beren Tulun begiň Merkezi Aziýanyň hökümdarlarynyň köşginde gulluk eden oguz esgeridigi bilinýär. Ol IX asyryň 20-nji ýyllarynda köşkde özüni edermen esger hökmünde tanadypdyr.Gullugyna saklygy we gözsüz batyrlygy üçin ony halyf al-Mamuna (813-833 ý.ý.)sowgat beripdirler. Dünýädäki musulman nesilşalyklarynyň gysgaça şejeresini döreden iňlis alymy E.Bosword Tulun begiň ady bilen baglanşykly täsin pikiri öňe sürýär. Onuň tassyklamagyna görä, “tulun” sözi türkmen

diliniň “dolan aý” sözüniň arapça ýoýulmasydyr. Bagdatda gulluk edýän döwründe onuň adynyň bir bölegi bolan “Dolan” arapça “Tulun” görnüşünde ulanylyp, dürli taryhy çeşmelerde we XIX -XX asyrlaryň ylmy edebiýatynda onuň “Tulun” ady ymykly ornaşypdyr. Tulun beg halyflaryň köşgünde uly wezipeleri eýeläpdir. 854-nji ýylda Tulun beg aradan çykandan soň onuň ogly Ahmet Tulun onuň ornuna geçýär.

Bagdatly halyflar döwletiň bütin taryhynda Müsüre ägirt uly ähmiýet beripdirler. Sebabi Müsür ykdysady taýdan ösendi, harby-syýasy taýdan bolsa iňňän möhüm ýerde ýerleşýärdi. IX asyrda ol imperiýanyň iň günbatar mülküne öwrüldi. Çünki halyflaryň Demirgazyk Afrikadaky mülkleri elden gidipdi. Şol sebäpden hem döwletiň günbatar serhetlerini berkitmek üçin Müsüre örän başarjaň adamlary emir edip belleýärdiler.

Halyf Mütewekkiliň (847-861 ý.ý.) döwründe Ahmet Tulun birnäçe jogapkärli wezipelerde işläpdir. 868-nji ýylda bolsa halyf Mutazz (866-869) ony Müsüriň emiri edip belleýär. Ähli häkimiýeti öz eline alyp, Ahmet Tulun şol ýyl Müsüriň özbaşdaklygyny yglan edýär. Bu waka ýurduň taryhynda aýratyn orun eýeleýär. Sebäbi Müsür faraonlaryň zamanyndan bäri geçen 1000 ýylyň dowamynda ilkinji gezek özüniň döwlet garaşsyzlygyna eýe bolupdy.

Öňler Wizantiýanyň düzüminde bolan Müsür ülkesiniň merkezi Aleksandriýa şäheridi. 639-njy ýylda arap serkerdesi Amr al-As Müsüri eýeläp, ýurduň köne paýtagty Aleksandriýada galmak isleýär. Emma ikinji çaryýar, halyf Omar (634-644) oňa Müsür dikmeliginiň täze merkezini gurmagy buýurýar. Şeýlelikde 641-nji ýylda Amr Fustat şäherini esaslandyrypdyr. 750-nji ýylda omeýýa neslinden bolan halyflar Müsürden kowlandan soň, bagdatly dikmesi Salyh Fustadyň golaýynda al-Asakir şäheriniň düýbüni tutýar. Soň al-Asakir Fustat bilen birleşip uly şäher emele gelýär.

Özbaşdaklyk gazanandan soň Müsüriň taryhynda gurujy hökümdar hökmünde şöhratlanan Ahmet Tulun 870-nji ýylda

halyfyň dikmeleriniň oturýan ýeri bolan Fustatyň gapdalynda garaşsyz Müsüriň täze paýtagtyny – Kataý şäheriniň düýüni tutýar. Öň Müsürde Amr tarapyndan gurlan metjit bar eken. Emma juma namazynda Amryň esgerleriniň hemmesi bu metjide ýerleşmeýär ekenler. Şonuň üçin hem Ahmet Tulun täze paýtagtyň düýbüni tutanda, öňi bilen kaşaň metjit bina edipdir. Indi Ahmet Tulunyň esgerleriniň 20 müňüsi bir wagtda bu metjitde namaza durupdyrlar. Müsüriň ymaratçylyk sungatynda "Tulunylaryň ýa-da Tulun ogly Ahmediň metjidi" diýip at alan bu meşhur bina häzir hem bar. Metjidiň daşynda soňra Kataý şäheri emele gelipdir. Hökümdar şäheriň daşyna beýik gala, onuň aňyrsyndan bolsa gorag guşaklygyny gurdurypdyr.

878-nji ýylda Ahmet Tulun Siriýany hem Müsüre birikdirýär. Şeýlelikde Ýakyn Gündogarda kuwwatly türkmen döwleti döreýär. Ahmet Tulun Müsüriň garaşsyzlygyny yglan etse-de Bagdat bilen arasyny üzmändir. Müsürden, Siriýadan we Palestinadan gelýän salgydyň bir bölegini ol Bagdada ugradypdyr we juma namazynda halyfyň adyna hutba okadypdyr.

Ahmet Tulunyň dolandyran ýyllarynda Müsür çalt depginler bilen ösüpdir. Raýatlardan ýygnalýan salgydyň köp bölegi Müsürde galýardy. Hazynanyň serişdeleri oba-hojalygyny, söwdany, senetçiligi we gurluşygy ösdürmäge sarp edilipdir. Bu döwürde medeniýet ösüpdir we ylmyň dürli ugurlary boýunça işler alnyp barylypdyr. Bu işlere hökümdaryň hut özi howandarlyk edýärdi.

Ahmet Tulun aradan çykandan soň Müsür tagty onuň edenli ogly Abul Jaýş Humarawaýha (884-896 ý.ý.) miras galýar. Ol tulunylaryň döwletiniň serhetlerini has-da giňeldipdir we döwletiň düzümine Wizantiýanyň elinden alnan Sisiliýa adasy bilen Mesopotamiýa hem goşulypdyr. Netijede tulunylar döwleti sebitde iň kuwwatly ýurda öwrülýär. Ol Bagdat halyflygy, Karmatlaryň döwleti, Demirgazyk

Afrikadaky Idrisiler, Aglabylar döwletleri we Wizantiýa imperiýasy bilen bäsleşipdir.

895-njy ýylda Humarawaýh aradan çykandan soň, ýurdy onuň ogullary Jeýş Abul Asahir (895-896 ý.ý.) we Harun (896-904 ý.ý.) dolandyrypdyr. Humarawayhyň ogullarynyň dolandyran ýyllarynda tulunylar döwleti gowşapdyr. Harun beg 904-nji ýylda aradan çykýar we häkimiýet onuň kämillik ýaşyna ýetmedik ogly Şeýbana (904-905 ý.ý.) miras galýar. Harunyň dolandyran döwründe 903-nji ýylda tulunylar karmatlardan ýeňlipdirler. Bu ýagdaýdan bagdatly halyflar haýal etmän peýdalanýarlar we 905-nji ýylda halyf Muktafi (902-908 ý.ý.) Müsüre garşy ägirt uly guryýer we harby-deňiz güýçlerini sürýär we Kataý basylyp alynýar.

Tulunylar döwletiniň ýykylmagyna täze hökümdaryň ýaşlygy, arap wezir-wekilleriniň hazyna ogurlygy, Niliň suwunyň peselmegi, ýerlerdäki dikmeleriň özara uruşlary we goşundaky bölünşikler sebäp bolupdyr.

Tulunylaryň dolandyryşy barada öz döwründe ençeme taryhy eserler döredilip, olaryň türkmen we yslam taryhyny öwrenmekde örän uly ylmy ähmiýeti bardyr. Tulunylar barada taryhy eser döreden alymlaryň ilkinjisi Ýusup ibn ad-Daýa (“Enekäniň ogly”) hasap edilýär. Tulunylar hakyndaky maglumatlar onuň “Kitab ahbar al–atibba” (“Tebipler hakynda hekaýatlar kitaby”) eserinde jemlenipdir. Bu kitaby ýazmakda ol Ahmet Tulunyň şahsy tebibi Ywraýym ibn Alynyň gürrüňlerinden peýdalanypdyr. Üstesine-de ad-Daýa döwlet işgäri bolandygy üçin tulunylar barada döwlet diwanynyň maglumatlaryny hem ulanypdyr. Bu taryhçynyň eserindäki maglumatlary ibn Haukal, Ýakut ibn al-Kifti, Ibn Abu Usaýbiýe ýaly arap ýazarlary işlerinde peýdalanypdyrlar.

Tulunylar barada jikme-jik iş ýazan taryhçy ad-Daýanyň ogly Ahmet ibn Ýusup ad-Daýa (868/874-942/952 ý.ý.) hasap edilýär. Onuň doly ady Abujapar Ahmet ibn Ýusup ibn Ywraýym al Mysrydyr. Ad-Daýa lakamyny ol kakasyndan

miras alypdyr. Ahmet ibn Ýusup tulunylar köşgünde ýokary wezipeleri eýeläpdir.Onuň “Katib al-Tulun” {“Tulynylar nesişalygynyň kätibi”) derejesi bar eken. Ýakudyň ýzmagyna görä, Ahmet ibn Ýusup tulynylar barada üç sany kitap ýazypdyr. Ol kitaplar “Sirat Ahmet ibn Tulun” (“Tulun ogly Ahmediň ömürbeýany ”)

## Arabystan we Arap ýurtlary V-VI asyrlarda.

Araplara yslam dini 610-nji ýylda gelýär. Bu taryha çenli biz Araplaryň durmuş gurluşy we syýasy ulgamy barada geçen mowzuklarymyzda gürrüň etdik. Mäim bolşy ýaly yslam gelmezden öz Araplarda syýasy birlik ýokdy şonuň üçin hem araplar Sasany we Wizantiýa imperiýalaryna bagly bolup gelipdirler. Yslam dininiň ilkinji ýüze çykan ýyllarynda hem ýagdaý şeýledi. Hatda Arap ýarym adasynda din ugrundaky dawalar örboýuna galypdy. Öňräkler tireler özaralarynda dawa etseler yslam dini geleninden soňra bolsa, tiräniň öz içinde oňuşyksyzlyklar ýüze çykyp başlaýar. Munuň asasy sebäpleri bolsa, din meseleleridi. Emma bu dawalar uzaga çekmeýär bary-ýogy 13 ýyl soň ýagny 622-nji ýyldan başlap yslam dininiň pygamberi Muhammediň saýasynda ýarym adada we beýleki ýerlerde syýasy birlik ýüze çykyp başlaýar. Muhammet pygamber 23 ýyllyk pygamberlik wezipesiniň dowamynda wagşy hemde bir agyza garamaýan dagynyk Arap jemgiýetini dünýäde nuga alarlyk halka öwürmegi başarýar. Çünki Araplar dagynyk ýaşa makdan halys iripdirler we öz içlerinden biriniň çykyp bu eden-etdilikleriň we adalatsyzlygyň soňuna çykjakdygyna garaşýardylar.Ine şonuň üçin hem iň gysga wagtyň içinde Muhammet pygamber Medinede Hiristianlary, Ýahudileri we Musulmanlary bir agyza garadyp yslama garşy çykýan Arap aristokratlarynyň soňuna çykýar we Medine şäher döwletini döredýär. Döwleti guran ilkinji günlerinden başlap halkyň kynçylyk çekýän meselelerini ilkinji

nobatda çözýär. Meselem: şäherde syýasy birligi ýola goýýar, bazarlar gurdurýar we Medinede ýaşaýan dürli halklaryň wekillerini deň hukukly edýär. Şäher döwletine daşyndan duşman abanan halatynda ony gorap biljek goşun döredýär we likinji gezek yslamda konstitusiýa düzýär. Bulardan başgada Siriýa efiýopiýa ýaly döwletler bilen söwda gatnaşygyny ýola goýýar. Hemde Medinede ekerançylygyň ösmegini ýola goýýar. Muhammet pygamberiň bitiren esasy işleriniň biri hem yslamdan öňki Araplaryň däp-dessurlary yslama garşy gelmeýän bolsa, olary halkyň arasynda wagyz-nesihat ýardam edýär we baran ýerinde ylym, bilim we sowada uly üns berip medreseler gurdurýar, munuň mysalyny ilknji gezek Medine şäher döwletini guranda „Ashabi Suffa“ medresesini gurdurandygyny görýäris. Umuman yslamyň gelmegi Araplaryň jemgyýetçilik durmuşyna uly täsirini ýetirýär. Hemde bir sözli, mer myhman söýer we däbine, dessuryna bagly, özbaşdak we erkin ýaşamagy söýýän araplaryň geljekki asyrlarda berk binýatly halyflaryň we döwletleriň döremegine getirdi.

## Muhammet pygamberiň döwlet gurluşy we onuň alyp barýan syýasy we jemgiýetçilik işleri.

Muhammet pygamber hiç bir wagt eden işlerini abraý gazanmak üçin ýa-da eziji bir häkimiýet gurmak üçin etmändir. Eger-de şeýle bolsa, Mekkede ýaşan döwründe yslam dinini wagyz etmekden dändirmek üçin mekkeli baý adamlar pul, mal, wezipe teklip edýärler ýöne şonda-da Muhammet pygamber bu teklipleriň hiç-birini kabul etmeýär. Diňe şu jogaby ýagny „ýok bolmaz diýen jogaby berýär“. Yslam dinini kabul eden Musulman Araplar öz tireleriniň adamlaryny tarapyndan azar berilýärdi. Şol kynçylykly günlerde Muhammet pygamber egindeşlrini agyr şertlerden (özüniň pähim-paýhasy bilen) çykmaga ýardam edýär.

Medinä göç edileninden soň Muhammet pygamber ilkinji nobatda göçüp baranlar bilen ýerli halkyň arasynda doganlyk doslugy ýola goýýar çünki yslam dininiň buýrugy şeýledi. Ondan soňra Musulmanlary we Musulman däl Araplary we beýlekileri ýagny Ýewreýleri we Hiristianlary öz içine alýan täze bir „sosial-syýasy“ birlik ýüze çykarmalydy we ilkinji kanuny, syýasy hereketini döretmelidi. Muhammet pygamber bary-ýogy 52 maddalyk konstitusiýany ýazdyrýar. Bu konstitusiýada (bir tarapda) Medine şäher döwletiniň musulman halkynyň hukuklaryny kesgitleýän bolsa, başga bir tarapdan, döwletiň musulman däl halkynyň borçlaryny kanun esasynda belli edýär.

Bu konstitusiýanyň kabul edilmegini şeýle düşündirilýär.

Medinä Musulmanlaryň göç etmezinden öň Arap-Ýahudi halklarynyň arasynda syýasy birlik ýokdy we Ýemen-Siriýa kerwen ýoly Medinäniň üstünden geçýärdi. Musulmanlaryň bu ýere göçüp gelmegi Medinäniň şäherler arasy syýasy bir abraýa eýe bolmagyna getirýär. Mekkelileriň we Haýberlileriň geçýän bu Siriýa söwda ýolunyň ugrunda ýerleşmegi Medinäniň söweş strategiýasyny güçlendirmäge ýardam etdi. Umuman Musulmanlaryň Medinä ýerleşmegi şäher döwletiniň syýasy-ykdysady we medeni gatnaşyklaryny ösmäne getirdi. Medinede ýaşaýan dürli halklaryň ýaşaýyş durmuşyna uly täsir ýetirdi. Halkyň hal-ýagdaýy üzül-kesil gowulandy hemde dürli halkyň wekilleri isleýşi ýaly dini ynamlaryny we däp-dessurlaryny ýerine ýetirmäge doly hukuk aldylar. Muhammet pygamberiň döwlet adamlaryny işe bellemek syýasaty.

Muhammet pygamber öz egindeşlerinden imanly bolmagy we gowy işler etmeklerini talap edýärdi. Hem-de ylymly bolmagyny hususan hem Fikih (yslam hukugy) ýaly ugurlaryny gowy bilmeklerini arzuw edýärdi.

Muhammet pygamberiň işe bellän adamlary yslamyň düşünjesine bagly adamlardy. Şonuň üçin hem işe bellenen ýerlerinde hyzmat edýän adamlaryna hemme taraplaýyn gowy

nusga alarlykly işleri edýärdiler. Umuman Muhammet pygamberiň we yslam dininiň adyna gara geljek işlerden gaça durýardylar.

Muhammet pygamber, işgärleriniň halka garşy düşünjeli we güler ýüzli bolmaklaryny arzuw edýärdi we halkyň işlerini gysga wagtda çözmelerini talap edýärdi. Işe bellän adamlarynyň mal-mülk edinmelerine garşy çykýardy. Eden her bir işlerini diňe Allanyň razylygy üçin etmelerini maslahat berýärdi. Muhammet pygamberiň päk niýetli halal adamlary işe bellemegi yslam dininiň dünýä ýüzüne ýaýramagyna belli bir derejede ýardam etdi. Araplaryň beýleki tire-taýpalarynyň wekilleri Muhammet pygamberiň ýanyna gelip özlerine ylym, bilim, sowat öwretmekleri üçin mugallymlar ugratmagyny isleýärdiler. Şeýşe hem özleriniň gündelik meselelerini adalatly ýöretmek üçin syýasy işlerden baş çykaryp bilýän häkimleri ugratmagyny haýyş edýärdiler. Muhammet pygamber teklipleri we haýyşlary göz öňünde tutup welaýatlara asudalygy saklamak we adalatly welaýatlary dolandyrmak üçin hemde sosýo-ekonomik meselelerine gözegçilik etmek maksady bilen ylym-bilimiň ösdürilmegi üçin şeýle hem tölenilýän salgytlara gözegçilik etmek maksady bilen welaýat häkimlerini ugradýardy. Ugradylýan häkimler yslamyň ýaýrap başlan ýyllarynda welaýatyň hemme meselelerine jogap bermeli bolýardylar. şol döwrüň şertleri birnäçe wezipäniň bir adamda jemlenmegini talap edipdir. Şol döwürlerde salgyt ulgamy zekat we feý diýlip iki görnüşe bölünipdir.

Zekat Musulmanlardan altyn, kümüş, pul, mal we ekilýän ekinleriň hasyllarynyň belli bir kesgitlenen mukdary alnypdyr. Feý bolsa, yslamy kabul etmedik adamlardan jizýe, haraç ýaly görnüşlerde alnypdyr. Bu salgyt görnüşlerinden başgada ganymat diýilýän girdeýji görnüşi bolupdyr. Bu girdeýji gönüşi halkdan toplanman söweşlerde duşmandan alynan olja gönüşine diýilipdir. 620-630-njy ýyllarda Musulmanlar öz salgytlaryny Muhammet pygambere getirip beripdirler.

Haçanda salgydyň bu görnüşi gurhan aýaty bilen Musulmanlara parz edileninden soňra salgytlar toplamak üçin ýurtda ýörüte gulluklar döredilipdir. Bu gullugyň ilkinji ýolbaşçysy we musulmanlaryň IV halyfy bolan Alynyň saýlanylandygy bellenip geçilýär. Salgyt alynýan welaýatlaryň asudalygyny saklamak üçin ýörite niýetlenen goşun birikmeleri gerek bolupdyr. Bulardan başga-da goňşy döwletler bilen söwda gatnaşyklary doly ýola goýulypdyr.

## Arap taryhçylarynyň Müsür barada ýazan işleri.

Tulunylar barada eser ýazanlaryň ýene biri al-Balawy hasap edilýär. Onuň işi "Kitab sirat al-Tulun" ("Tulunylar nesilşalygynyň taryhy") diýlip atlandyrylýar. Bu eser ýeke-täk nusgada saklanyp galyp, ol 1935-nji ýylda Damaskyň "az-Zahariýe" kitaphanasynda ýüze çykarylypdyr. Bu nusga 1939-njy ýylda Muhammet Gurt Aly tarapyndan Siriýada neşir edilipdir. Eser tulunylar nesilşalygyna bagyşlanan bolsa-da ondaky gürrüňler esasan Ahmet Tulunyň özi hakyndadyr. Al-Balawy eseriň girişinde bu işi Müsüriň tanymal adamlarynyň biriniň howandarlyk etmeginde ýazandygyny belleýär, ýöne "howandaryň" adyny görkezmändir. Al-Balawynyn ýazmagyna görä, şol adam Ahmet ibn Ýusubyň tulynylar baradaky eserini okandygyny, ýöne ondan göwnüniň suw içmändigini aýdypdyr.

Al-Balawynyň eseriniň X asyryň ikinji ýarymynda ýazylandygyny göz öňünde tutsak, ady näbelli "howandar" tulunylar neslinden ya-da ihçidler döwrüniň belli şahsyýetleriniň biri bolmaly. Sebäbi eser tulunylar begligi ýykylandan 50 ýyl geçenden soň ýazylypdyr. Bu işiň ähmiýetine alym K.A. Boýko uly baha berýär: "Al-Balawy tarapyndan döredilen Tulun oglunyň ömürbeýany bu ajaýyp hökümdaryň dolandyran ýyllarynyň taryhyna we Müsüriň taryhynyň IX asyrynyň ikinji ýarymyna degişli iň irki çeşmeleriň hataryna degişlidir".

Al-Balawynyň eserindäki gürrüňler hökümdaryň kakasy Tulunyň gelip çykyşy bilen baglanşykly hekaýatdan başlanýar. Şundan soň ýazaryň ähli ünsi eseriň baş gahrymany Ahmet Tulunyň şahsyýetinde jemlenýär. Ýazar Ahmet begiň Müsüriň syýasy durmuşynda peýda bolşundan başlap, tä ol aradan çykýança ömür ýoluny jikme-jik yzarlaýar. Al-Balawy nesilşalygy esaslandyran başarjaň we zehinli hökümdaryň çylşyrymly we gapma-garşylykly keşbini görkezip bilipdir. Onuň endiklerini, hüý-häsiýetlerini we dünýägaraýyşyny beýan etmek bilen Ahmet Tulunyň gowy häsiýetlerine uly üns beripdir, onuň ýowuzlyklaryny aklaýar.Eserde Ahmet Tulun edenli hökümdar, inçe diplomat, başarjaň serkerde, zehinli gurujy we tanymal deňizçi hökmünde häsiýetlendirilýär. Ahmet Tulunyň şahsyýetiniň çöwre tarapy hökmünde taryhçy onuň ogullarynyň biri al-Abbasy mysal hökmünde görkezýär. Al-Balawynyň ýazmagyna görä, Al-Abbasyň şahsy keşbi nesiller üçin diýseň öwrenerliklidir. Ol döwlet işlerinden başy çykmaýan, emelsiz nalajedeýin, barypýatan tüpbozan bolupdyr. Ol kakasynyň garşysyna topalaň turuzýar, ýöne derbi-dagyn edilip, ryswa bolýar.

Işiň ähmiýetli taraplarynyň biri-de tulunylaryň ömürbeýany bütin Ýakyn Gündogaryň taryhy bilen baglylykda beýan edilýär. Onda Müsüriň, Halyflygyň we Wizantiýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň dürli ugurlary görkezilýär. Eserdäki wakalar Ahmet Tulunyň syrkawlamagy we aradan çykmagy, onuň nesihatlary, baýlyklary we jaýlanyşy bilen tamamlanýar.

Al-Balawiniň işi tulunylar häkimiýet başyndan gideninden köp wagt geçip, Müsüriň ykdysadyýetinde we syýasatynda çöküşler başlandan we häli-şindi bolýan topalaňlar merkezi häkimiýeti gowşadandan soň ýazylypdyr. Şonuň üçin hem ýazaryň pikiriçe, Müsüre Ahmet Tulun ýaly ýurdy düzgüne salyp, topalaňlary ýatyryp biljek güýçli şahsyýet zerur bolupdyr. Şeýle şahsyýetiň üstünlikli döwlet işi, ýazaryň

pikirine görä, ýerli hökümdarlar üçin nusgalyk tejribe mekdebi bolup biljekdi.

Al-Balawy bu işi ýazmak üçin Ahmet Tulun tarapyndan döredilen hökümet edarasyndan - “diwan al-inşadan” alnan resminamalary we hatlary giňişleýin ulanypdyr. Al-Balawiniň berýän maglumatlaryna görä, Ahmet Tulun şahsy kätibine özüniň dürli adamlar bilen gürrüňdeşligini, gürrüňdeşligiň nirede we kim bilen geçirilýändigine garamazdan, ähli gürrüňleri dolulygyna ýazdyrýar eken. Eger-de kätip şu düzgüni bozaýsa, ona haýal etmän çäre görlüpdir.

Tulynylar barada eser ýazan taryhçylaryň biri-de Abu Omar Muhammet ibn Ýusup ibn Ýakup ibn Hafs at –Tujibi al-Kindi al-Mysrydyr (897-961 ý.ý.). Onuň dürli hili atlandyrylýan “Kitab al-Umara” (“Emirler hakynda kitap”) eseri saklanyp galypdyr. Bu eserde Müsüriň VII-X asyrlardaky emirleri bilen bir hatarda Tuluny we Ihçidi emirleri barada-da gymmatly maglumatlar berilýär. Al-Kindi beýan edýän wakalaryny dürli şahyrlara degişli goşgy setirleri bilen hem bezäpdir. Şol goşgylar Ahmet Tuluna, onuň ogly Humarawaýha bagyşlanyp arap şahyrlary tarapyndan ýazylan öwgüli, şeýle hem tulunylar nesilşalygynyň ýykylmagyna gynanç bildirilip, göz ýaş edilip ýazylan şygyrlardyr. Ýazaryň işindäki maglumatlar VII asyryn ortalaryndan gaýdyp, Muhammet Ihçidiň ölümine çenli (946 ý.) ýetirilip goýulypdyr.

Al-Kindiniň eseriniň nusgalary Akkadaky (Palestina) Ahmet paşanyň (XI asyryň göçürmesi), Gylyç Aly paşanyň (XII a.), Mustapa ependiniň (XVI asyryň başlarynyň göçürmesi), Esat ependiniň (XVI asyryň ahyrlary) kitaphanalarynda, şeýle hem Angliýanyň Britan mirashanasynda saklanýar. Gynançly ýeri, bu eseriň dünýäniň köp ýurtlarynda häzirki bu güne çenli saklanyp gelýändigine garamazdan, ol biz üçin elýeterli däldir.

Tulunylar türkmen begligini ýyksalar-da bagdatly halyfyň dikmelerine Müsürde uzak höküm sürmek miýesser etmändir.

935-nji ýylda Müsür ýene-de keseki agalygyndan çykýar. Bu gezek Müsüre garaşsyzlygy beýleki bir türkmen begi Tuguç Ihçidiň ogly Muhammet beg alyp berýär

Tulunylardan tapawutlylykda ihçidileriň ata-babalary we olaryň gelip çykyşy barada belli bir derejede maglumatlar saklanyp galypdyr. Ihçit unwany Muhammet begiň ata-babalarynyň hökümdarlyk derejesi bolup, olar gadymy döwürlerden tä VIII asyryň ortalaryna çenli Merkezi Aziýanyň hökümdarlary bolupdyrlar. Ihçidileriň asly Amyderýanyň we Syrderýanyň aşak akymlarynda ýasan gadymy oguz taýpalaryndan bolupdyr.

Müsürde höküm süren ihçidileriň ata-babalary hakynda iňňän gymmatly maglumatlar saklanyp, olar bu nesilşalgynyň Türkmenistandaky we Merkezi Aziýadaky hökümdarlygynyň taryhyny yzarlamaga mümkinçilik berýär. Ihçidiler baradaky maglumatlar dürli taryhy çeşmelerde agzalýar. 1932-nji ýylda Täjigistanda Mug dagyndan tapylan sogdak resminamalarynda, Merkezi Aziýanyň ýerli zikgelerinde we hytaý çeşmelerinde ihçidiler barada gymmatly maglumatlar saklanyp galypdyr. 1936-njy ýylda Özbegistandan tapylan teňňelerde-de ihçidiler barada maglumatlar berilýär. Bar bolan taryhy maglumatlar ihçidileri Syryderýanyň we Amyderýanyň boýlarynda ýaşan gasdymy oguz taýpasy bolan kaňlylardan {hytaý çeşmelerinde “kangýuý” – “arabaly”} gelip çykypdyr diýip netije çykarmaga esas berýär. Hytaý çeşmelerinde Mawerennahr ýurdy Kangýuý (Kaňly), meşhur taryhçylar Narşahynyň we at–Tabarynyň işlerinde bolsa Sogdak (Sogdiana) diýlip atlandyrylýar.

Kaňly döwleti b.e.ö.IV asyrdan tä b.e. III asyry aralygynda rowaç bolan döwletdir. Kaňlynyň taryhy belli türkmen arheolog alymy H.Ýusupow tarapyndan belli bir derejede öwrenildi.Bu döwletiň ýerleri günorta-gündogarda Fergana, demirgazyk-gündogarda Balhaş kölüne, günortada Amyderýanyň ýokary akymlaryna, demirgazyk-günbatarda Aral deňzine, günorta-günbatarda Uzboýyň orta akymlaryna

çenli aralyklary öz içine alypdyr. Onuň merkezi Amyderýanyň kenarynda ýerleşen Kät (Köneürgençden öňki paýtagt) şäheri bolupdyr. S.P. Tolstowyň ýazmagyna görä, Kaňly döwletiniň esasy merkezi Horezm bolupdyr. Kaňlylar giçki döwürlerde Sogdagy (Sogdiýana), Baktriýany öz döwletleriniň düzümine goşýarlar. Halkymyzyň gadymy döwletleriniň biri bolan bu döwlet 600 ýyldan gowrak wagt ýaşapdyr. Kaňlylar Uzboýyň, Horezmiň, Baktriýanyň we Sogdiýananyň medeniýetinde, dilinde, sungatynda öçmez yz galdyrypdyrlar.

Kaňlylaryň döwletinde hökümdar "ihçit" diýlip atlandyrylypdyr. Araplar Mawerennahry eýelemänkäler bu ýeriň welaýatlaryny Kanly neslinden bolan ihçitler dolandyrýardylar.Taryhy çeşmelerde we ylmy edebiýatda "Ihçit" sözi "hökümdar" manysynda "Sogdagyň ihçidi" ýa-da hytaýça "Kaňly ihçidi" görnüşinde köp duş gelýär. Alymlar G. Gibb bilen K. Şiratory hytaý çeşmelerine esaslanyp, "Kaňlynyň hökümdarlary ihçit unwanyny göteren dolandyryjy Kaň nesline degişli bolupdyr" diýip belleýärler. Mawerennahryň hökümdarlarynyň hemmesi araplar gelmänkä we araplar gelenden soň hem şu nesle degişli bolupdyrlar.

Kaňlynyň VII-VIII asyrlardaky ihçidleriniň ady bize hytaý ýazgylarynda gelip ýetipdir.Olaryň ilkinjisiniň ady "Fo-hu-man" görnüşinde bellidir. 1903-nji ýylda E. Şawann onuň adynyň "Bähmen" görnüşini anyklady. Bähmen ihçit Kaňly ýurduny 650-696-njy ýyllarda dolandyrypdyr. Bähmenden soň Tukaspadak (Du-sa-bo-ti) ihçitlik edýär. Ondan soň Bähmeniň ogly Ni-ni-şy-şe (698-700) dolandyrýar. Bu at diňe hytaý çeşmelerinde agzalýar, beýleki arap-pars ýazgylarynda onuň hakyky türkmen ady görkezilmeýär. Bu hökümdardan soň 700-710-njy ýyllarda Kaňly ýurdyny onuň ogly Tarhan ihçit (Tu-hun) dolandyrypdyr. Tarhandan soň 710-721-nji ýyllarda Ugrak (U-le-ga) hökümdarlyk edýär.

Ugragyň ihçitlik eden ýyllarynda ýerli halk bilen gelmişek araplaryň arasynda dartgynly ýagdaý emele gelýär.

Araplar ilatdan alynýan salgytlary ýyl-ýyldan artdyrýardylar. Şonuň üçin hem 721-nji ýylda Ugragyň inisi Diwaştiç ihçit (onuň ady budda ýazgylarynda şeýle tutulýar) araplara garşy gozgalaň turuzýar. 721-722-nji ýyllarda ol arap dikmelerini birnäçe gezek ýeňlişe sezewar edýär. Ýeňlen dikmelere Bagdatdan goşun kömegi gelenden soň, Diwaştiç olara boýun egmek islemän Kaňlydan çykyp gidýär. Diwaştiç hem Ugrak ýaly ihçit unwanyny göteripdir. Emma 722-nji ýylda gozgalaň basylyp ýatyrylýar, Diwaştiç bolsa wepat bolýar.

## Araplaryň yslamdan öňki sosial gurluşy we ykdysady aýratynlyklary.

Muhammet pygamber 622-nji ýylda Mekke şäherini taşlap Medinä göçýär. Muhammet pygamber Medinä göçüp baran ilkinji günlerinden başlap işi turugbaşdan Muhajirler bilen Ensar tireleriniň arasynda hakyky gatnaşygy ýola goýmakdan başlady. Olary biri-biri bilen ysnyşykly ýaşatmak üçin doslaşdyrdy. Soňra bolsa, Ýahudileri şertnamalar bilen özüne bagly etdi. Ýöne Medinede ýaşaýan Ews we Hazreç taýpalaryndan bolan butparazlar musulmanlaryň gün geldigiçe güýçlenýändigini görüp, özleriniň kynçylykly ýagdaýlaryny duýdylar. Ýahudiler Muhammediň Medine şäherine göçüp gelmegini başda örän oňat garşyladylar. Munuň sebäpleri bardy çünki olar (ýahudiler) hiristiýançylyga duşmandylar. Hiristiýanlar olary yzarlaýardylar. Musulmanlar birleşenlerinden soňra, bir güýç-kuwwatly bolup özlerini rahat dynç aldyrmaýan Hiristiýanlara garşy durarys diýip düşünýärdiler. Bu sebäbe görä Musulmanlara örän ýakynlyk görkezýärdiler. Şunuň bilen birlikde ýahudileriň aýratyn taraplaryda bardy. Bu dürli meseleleri birleşdirip Medine halkynyň arasynda agzybirlik we deňlik emele getirmek Muhammet pygamberiň başaran uly işleriniň biridir. Her bir müşkil işi ýeňen berk karary üstünlik getirýärdi. Medinede

Muhajirler bilen Ensaryň arasynda dostluk gurup, taryhyň iň möhüm meseleleriniň birini çözüpdi. Netijesi babatda aýdanymyzda bolsa, munuň ýaly ajaýyp iş edip bolmazdy.

Taryhyň hiç bir döwründe şunuň ýaly agzybirlik we ysnyşyk bolmandy. Goja taryh başyndan ençeme wakalary geçiren bolsa-da gelmişek bilen ýerli halkyň arasynda bagry-badaşan ýaly ysnyşyk henize çenli görülmändi. Taryha bu doganlyk dostluk saýasynda täze çygyr açanlar bulardyr.

Bu doganlyk saýasynda watanlaryny taşlap Medine şäherine göçüp gelen Mekkeli Muhajirleriň ýerleşme işi çözülipdi. Şonuň bilen birlikde Medine halky tarapyndan göçüp gelen musulmanlara iş ýerleri we gazanç etmeklige şert döredilipdi.

Muhajirler din we Alla ugrunda mal-mülkden we diýardan geçipdirler, ata watanyndan göçüpdirler. Bular janyny gurban etmekde we pida çekmekde nusga hasaplanylýan ynsanlardy. Medineli Ensar tiresi hem Mekkeden göçüp gelen doganlaryna garşy myhmansöýerligiň, jomartlygyň we adamkärçiligiň iň ýokary derejesini görkezipdiler. Ine Ensar tiresi bilen Muhajir tiresiniň arasynda gurulan dostluk saýasynda uly üpjünçilik ýola goýuldy weMuhajirler gedaýçylyk çekmekden halas bolupdylar.

Yslamyň güýje, zorluga daýanmandygyny zorluk etmekligi özüne maksat edinmändigini bilýäris. Yslam dini gylyç dinidir diýmek, ony bilmezlikden başga zat däldir. Yslam dini döräli bäri başga dinlere garşy hereket eden däldir. Şerigat kitaplarynda: butparaz Araplardan başga islendik kowum, haýsy dine ynanýan bolsa üstlerine çozmak ýa-da hüjüm etmek rugsat berilmeýändigi ýazylýar.

Bu din gylyç, güýç bilen däl-de ynsanperwerligiň, geçirimliligiň, sypaýçylygyň saýasynda örän çalt ýaýrapdy. Yslamdaky geçirimlilik ruhy örän beýikdir. Halyflaryň saraýlarynyň ýokary derejeli işlerinde Hiristiýanlar we Ýahudiler işläpdirler. Musulmanlar başga dindäki adamlara

şeýle geçirimlilik edipdirler. Yslam dini ynsanperwerligi bilen adamlaryň kalbyny eýeledi. Her kim Musulmanlaryň bu adamkärçilikli, asylly ruhunyň öňünde başyny egdi. Yslam dini gylyç dini bolýan bolsa Musulmanlaryň basyp alan ýerlerinde Hiristiýan galmazdy. Emma musulman ülkelerinde asyrlar boýy milionlarça Hiristiýan ýaşady. Hut Araplaryň öz içinde henize-bugüne çenli hiristiýan dinine ynanýanlar bar. Abbasitler döwründe baýleki dine ynanýanlar bilen hiristiýanlar bolsun ýahudiler bolsun tapawudy ýok ylalaşykly ýaşadylar we on sany maşgala bir ýerde ýaşaýan bolsa olara çokunar ýaly ybadathana gurmaklaryna rugsat edilýärdi.

Muhammet pygamber aradan çykanyndan soň Medinede Muhajirler we Ensarlaryň arasynda özara dawa başlaýar. Ahyr soňunda iki tarap hem Abu Bekiriň halyf saýlanmagyny oňlaýarlar.632-634-nji ýyllarda Abu Bekir soň Omar 634-644-nji ýyllarda , soň Osman 644-656- ýyllarda soň Ali 656-661-ýyllarda döwleti dolandyryarlar. Şularyň döwri arap ýörişleriniň döwri bolyar.Araplaryň uly ýörişleri 633-751-nji ýyllarda bolyar.Ilki bilen Eýran Yragyň üstine çozýar.Wizantiya bolsa Palestinanyň üstine çozýar. 634-nji ýylda Araplar urşa başlanda halkara ýagdaý sebäpli araplara oňaýly şert döreýär. Oňa dörän oňaýly şertleriň biri , ýokarky iki döwlet yagny Eýran we Wizantiýa 602-628-nji ýyllarda uruşýarlar. Bu uruş ikisini hem güýçden gaçyrýar. Bu ýagdaýdan peydalanan araplar Wizantiýanyň goşunlaryna Palestinada we Siriyada uly zarba urýarlar. 640-nji ýyllarda araplar Müsiri basyp alýarlar. 643-nji ýylda bolsa Libiýany alýarlar. 647-nji ýylda bolsa Afrikanyň Wizantiýanyň ýerlerine çozýalar. Şol wagtlar araplar bu ýerlere Magrib diýýän ekenler. Häzirki döwürde şol ýerlere Tunis, Alžir, Marokko diýilýär. Araplar ýokarky mesopatamýany 641-nji ýylda azat etdiler. Umuman alamyzda araplar Wizantiýada Aziýadaky, Afrikadaky ýerleriniň üçden bir bölegini alýarlar. Eýranlylar bilen bolan söweş 633-nji ýylda başlanýar. 635-nji ýylda

Buweýbede ikisiniň arasynda uly söweş bolýar. Araplar munda ýeňilýärler ýöne Eýran daglarynda iki tarapyň urşy 648-649-njy ýyllarda dowam etdi. 651-nji ýylda Araplar Horosana çozýarlar. Şeýdip Araplar, güç toplap birnäçe ýerleri basyp alýarlar. Birinji Ikinji halyfyň döwründe hemme musulmanlaryň deňligi baradaky alada dowam edýärdi. Şeýlelikde Omar öz döwründe obalaryň namestnikleri bilen deňlik barada dogumly göreşipdi. Ýöne Osmanyň döwründe Aristokratik topar güçlenip başlady Aristokratik toparyň güçlenmegi halyf Osmanyň gowşaklygyndan emele gelýär. Ol öz töweregine Omaýýatlary toplapdyr, ýurduň gowy ýerlerini olara paýlap beripdir. Omaýýatlar hem öz eýelän ýerlerinden gowy peýdalanypdyrlar. Bu bolsa içerki ýagdaýa erbet täsir etdi. Sosial deňsizlik başlanýar. Aşaky gatlaklaryň närazyçylygy güçlenýär. Omaryň döwründe Arap şahyry Omardan soraýar „biz hem şol bir meňzeş ýörişlere gatnaşýarys, ýöne biz garyplaşýarys“ diýip soraýar. Osmanyň döwründe Alynyň tarapdarlarynyň topary bolupdyr. Bu ýagdaý ýurduň içinde närazyçylygyň güýçlenmegine getirdi. Şeýlelikde 3 sany ýaragly närazy topar Kufadan, Basradan we Müsürden Medinä gaýdýarlar. Olar Osmandan dolandyryjynyň ýerini çalyşmagyny talap edýärler we Osmany öldürýärler. Osman öldürilenden soň onuň ýerine Aly halyf saýlanylýar. Bu gozgalaňlaryň netijesinde Aly halyf bolsada 650-661-nji ýyllarda ýurduň içinde raýatlyk urşy başlanýar. Raýatlyk urşunyň başlanmagy netijesinde VII-asyryň ortalarynda musulmanlaryň bölünşigi başlanýar. Bu bölünişigiň netijesinde Yslamda üç akym emele gelýär. Olar Sünniler, Şaýylar, haryjitlere bölünipdirler. Sünniler Muhammet pygamberiň hadyslaryna eýerip gezenler, Şaýylar Alinyň tarapdarlary we onuň nesilleri bolupdyr, Haryjitler bolsa Alynyň goşunyndan bölünip aýrylan topara berlen atdyr. Raýatlyk urşunyň netijesinde 661-750-nji ýyllarda Omaýýtlara dinastiýa geçýär. Bu bolsa Arap gurply adamlaryň halk köpçiliginden üstin

çykmagydyr. Şu döwürlerde Arap medeniýeti nähili bolupdyr? Yslam dininiň düşündirişine görä hemme musulman siwilwsiýasy Muhammede ynanmak boýunça jemlenýär. Merkezi Aziýadan Atlantik ummanyna çenli territoriýada araplar ýaýrap ýerleşýärler. Buržuaz alymlary VII-VIII-asyrlarda halyfatyň düzümine girýän halklarda arap medeniýeti hemme halklaryň medeniýeti diýip aýdylýar. Arap edebi dili VII-X-asyrlarda musulman ýurtlarynda halkara dil hasaplanypdyr. Yslamdan öň medeniýet has hem poeziýa ýatdan aýdylypdyr. VIII-IX-asyrlarda köp sanly goşgular ýazylypdyr. Geçirilen barlaglaryň netijesinde köp sanly goşgular ýygyndysy tapylypdyr. „Muallakhat“ Munda VI-VII-asyrlarda Arap şahyrlarynyň goşgulary ýerleşipdir. Başga bir goşgular ýygyndysy „Hamasa“ bolupdyr. Muny redaktirlän Abu Tammam we Al-Buhturi. Köne arap goşgulary „kitap-al agani“ de ýerleşdirilipdir. Muny X-asyrda Abu-el-Farajeb-Isfihany düzýär. Goşgularyň essy mazmuny harby ýörüşler, batyrlylyk, gaýratlylyk, wepalylyk, mertlik we şuňa meňzeşler barada bolupdyr. Şu ýokardaky kitaplarda ýazylan zatlary Omaýýat şahyrlary oňat kabul edipdirler. Şol döwrüň şahyrlaryndan al-Farazdak, Jaryr we hirestiýan al-Ahtan köne arap poeziýasynyň esasynda we Kuranda klassiki arap edebi dilini jemleýärler. Arap poeziýasynyň gülläp ösen döwri IX-XI-asyrlara gabat gelýär. Şol döwrüň şahyrlaryndan erkin pikir edýän Abu-Nuas, Abul-Atahiýýa bular dini goşgularyň awtorlary bolupdyrlar. şol wagtlar ylymyň merkezi Kufa, Basra, Harran, Bagdat şäherleri bolupdyrlar. Bu ýerlerde köne döwürlerden galan medeniýet saklanypdyr.

## VI-VII asyrlarda jemgyýetçilik gurluşy.

Arap medeniýeti 2 hilli bolýar.

1. Arap ýarym adasynda ir döwründe dörän, ýagny arap taýpalarynyň döreden medeniýeti.

2. VII – X asyrlarda araplaryň basyp alan ýurtlarynda dörän arap – musulman medeniýeti. Munuň sebäbi VII – X asyrlarda musulman ýurtlaryň hemesinde diýen ýaly ylmyň – bilimiň edebiýatyň hemmesi diýen ýaly arap dilinde, arap elipbiýinde ýazylypdyr. Olar Pireneý ýarym adasyndan (Häzirki Ispaniýa) tä Hindistana çenli dörän ýurtlardyr. Yslam dini döremezden öň arap ýarym adasynda çarwaçylyk we ekerançylyk bilen meşgullanýan arap taýpalary ýaşaýardylar. Olaryň medeniýetine IV – VI asyrlarda ýaşan goňşy Ýemen, Siriýa, Ysraýyl, Eýran halklarynyň medeniýeti täsir edipdir. V – VII asyrlarda Halyfat döwleti döreýär. Arap basyp alyşlar döwründe Halyfat uly imperiýa öwrülýär. Ol basylyp alynan ýurtlary Yslam birleşdirýär we olara arap medeniýeti täsir edipdir. Olaryň medeniýeti hem araplara täsir edipdir. Arap medeniýetine goňşy hrystýan halklarynyň medeniýeti hem täsir edipdir. Liwan, Siriýa, Wizantiýa döwletleri VII asyrda arap medeniýetiniň kämilleşmeginde Ommeýatlaryň täsiri uludyr. Olaryň Halyfatlary Damask şäheri bolýar. Olaryň filosofiýasy bir hudaýlyk; dini, arhitekturasy, medeniýetleri basyp alan ýurtlaryna ýaýrapdyr. 750 – nji ýylda Abbasitleriň Halyfaty döreýär. Olaryň merkezi Bagdat şäherine geçýär. IX – X asyrlarda arap medeniýeti ösüpdir. Olar Ýewropa hem täsir edipdir. Medisina, astronomiýa, taryh, filologiýa, geografiýa ýaly ylymlar ösüpdir we dünýä medeniýetini özgerdipdir. X asyrda araplaryň Abbasitler Halyfatlygynyň döremegi döwletiň bölünmegine getirýär. VIII asyrda ilki bilen Ispaniýada dörän arap – ispan medeniýeti bölünip aýrylýar. IX asyrda Eýranda ýuwaş – ýuwaşdan kitaplary we beýleki ýazuw işleri özgerdip başlapdyrlar. Olar öz dillerinde ýazyp başlaýarlar.

Müsürde 50 mln ilat ýaşaýar. Arap milleti döremeginde berberler araplardan, türklerden, asiriýalarda, libiýalardan durýar. Muňa garamazdan Müsürde köp sanly etniki toparlar bar. Araplaryň çarwa taýpalary özüne arap diýýärler. Olar

Sues kanalynyň kenarynda çarwaçylyk bilen meşgullanýarlar. Olar esasan hem gyzyl deňziniň kenarynda ýaşapdyrlar. Araplar bilen Libiýalar jemi 2 – 3 % tutýar. Müsüriň döwlet dini Yslam dinidir. Ilatyň 90 % Yslama uýýarlar. Olaryň hemmesi musulman sünni akymynyň wekilleridir. Müsürde hrystýançylyk dini Wizantiýanyň düzümine girende ýaýrapdyr. Katoliklar 2 mln adama ýakyn we Müsüriň iň uly bölegini tutýar we Yslamyň ýaýramagy bilen olar Hrystýan dinini saklap galypdyrlar. Katoliklar Yslam dini ýaýranyndan soň olar köp mukdarda salgyt tölemeli bolupdyrlar. Olara ata münüp gezmeklik gadagan edilipdir. Olar gara reňkli eşik geýipdirler. Ýylyň dowamynda bir gezek haja barýarlar. Sünnet etmek däbi saklanyp galypdyr, nika gatnaşyklary diňe hrystýan jemgyýetiň içinde bolup geçýär. Katoliklaryň köpüsi hünärmentçilik bilen meşgullanypdyrlar. Grekler, ýewreýler öz boluşyny saklap galypdyrlar. Türki halklar özini türk diýip hasap edipdirler we türk dilde gepläpdirler.

Ilatyň 96 % Demirgazykda ýerleşýär. Marokkadan feles we Sahara, Ahos dagynyň gerşi bilen araçäkleşýär.

Alžirdäki daglar ýuwaş – ýuwaşdan peselýär we dürli köller bar. Alžirden Sahara çenli daglar uzalýar. Alžiriň Gündogar Käbile daglary bar, şoň bilen Tunis bilen araçäklenýär.

Mälim bolşy ýaly bedewin araplarynyň arsynda şygyr giňden ýaýrandy. Şol sebäpli yslam geleninden soň hem şygyryň Araplaryň arasynda giňden ýaýranlygy tebigy zatdyr. Ýöne Bedewinler döwründäki goşgy ýazma matifleri, pikirleri we mowzuklary üýtgeýär. Muhammet pygamberiň ýaşan döwründe Abdullah bin Rawaha, hasan bin Sabit ýaly tanymal şahyrlar bardy. Emewiler döwründe hem Bedewin Araplarynyň döwründäki ýaly şygyrlara uly üns berildi.

Şahyrlar döwlet ýolbaşçylarynyň howandarlygyndadylar we olara döwlet tarapyndan köp mukdarda sowgatlar berilýärdi.

Hatda soňraky ýyllarda Abbasitler döwründe iň ýokary derejeli edebiýat salonlary guruldy. Bu edebiýat salonlary Raşid halyfler döwründäki ylym, ýygnanyşyk we maslahat mejlisleri ýaly ylymyň ýaýramagynda uly ähmiýeti bolupdyr.

Irki halyflaryuň döwründe hemme zat sadalyk we ruhy prinsiplere görä edilýärdi. Emewiler döwründe bolsa, başka döwletleriň sosial we döwlet edarasyna öz täsirini ýetirýär, netijede bolsa eden-etdilikler ýüze çykyp ugraýar. Şol sebäpli Emewi halyflaryndan başlap indi ýygnak ýerleri, Jomaşa jaýlary we mejlis jaýlary köne sadalygyny ýitiripdir.

Edebiýat salonlaryna her öňýeten girip bilmeýärdi. Girmeli şahyrlar hem bellidi. Mejlis jaýynyň öz düzgüni bardy. Hetr islän wagtyň gürläp ýa-da bir adamynyň sözüni bölüp bolmaýardy. Ýygnagyň gutaranlygyny bildirýän duýduruşlar hem halyfa baglydy.

Emewiler döwründe ýetişen şahyrlar arasynda iň meşhurlary Al-Farazdak (öl 725), Jerir (729) we Ai-Ahtal (710)-dyr. Bularyň içinde Ai-Atal hiristiýan dinine uýýardy. Ferezdak we Jerir patyşanyň howandarlygyndady.

Şol döwürde ýaşan şahyrlar döwrümizdäki gazýet, radio we telewidiniýe ýaly habar beriş serişdeleriniň ýerini tutýardylar.

**Emewiler:** şygyry öz häkimiýetlerini uzak dowam etdirmek üçin has uly üns berýärdiler.

**DIL:** Emewiler öwründe Basra we Kufe düşünje we ylmy açyşlar tarapyndan iň uly şäherler hasaplanýardy. Bu şäherler halyf Omar döwründe demirgazyk we gündogardaky esger ýörüşleri üçin bir merkez hökmündedi. Wagtyň geçmegi bilen bu şäherlerde ilatyň sany artmaga başlaýar mysal üçin 670-nji ýyllarda basra şäheriniň ilat sany 300 müňden geçýärdi. Kufanyň ilat sany bolsa 100 müňden geçýärdi. Bu ýerlerde Araplar bilen bir hatarda yslamy täze kabul eden arap däl halklar hem ýaşaýardy.

Yslamy kabul eden bu halklara Mewaly diýilýärdi. Bularyň ilkinji nobatda arap dilini öwrünmeleri gerekligi üçin araplaryň dil öwretmekdäki işleri has ösüp ugraýar.

Ilkinji dilçileriň arasynda Ebul-Eswed Eddueli (688) ünsümizi çekýär. Mundan başga-da „kitabul aýn“ sözlüginiň awtory Halyl bin Ahmetdir. Ebul-Eswed dört halyf Aly bilen duşuşýar we ondan dil bilen baglanşykly bilimleri ondan öwrenýär. Ebul-Eswed arapçadaky sözleri „Ad-isim, fil-işlik we harp“ diýip birinji gezek üçe bölýär.

**<u>DIN:</u>** kurany kerimi we Muhammet pygamberiň sünnetini düşünmek we ýerine ýetirmek işleri yslamda tefsir, hadys we fykyh ylymlaryna ýol açýar. Bu ylymlar bilen baglanyşykly birinji işleri ýerine ýetirilmesi nukdaýnazaryndan Emewiler döwrüniň aýratyn bir ýeri bardyr. Çünki bu döwür Sahaba, Tabiun, we Tebeut-Tabiunyň bir ýerde ýaşan döwürleridir. Bu döwürlerde esasan dini ylymda Tefsir, Hadys we Fykyh ylmynda köp işler edilýär.

Indi bolsa şol döwürde ýaşan meşhur alymlaryndan käbirleriniň adyny sanap geçeliň.

Ikrime (öl. 725) Ata bin Ebi Rabah (733) Ibnul Museýýeb (712) ibn Sirin (728) Ibrahim bin Wehai (714)

## Afrikanyň jemgyýetçilik gurluşy we ykdysady ýagdaýy.

Afrikanyň jemgiýeçilik ösüşiniň taryhy Yewropalylar gelmänkä bu ýerlerde dürli etaplaryň geçirýä jemgyýetler bardygy,ýagny swilizasiýaniň gadymy görnüşlerinden başlap ilkidurmuş jemgyýetleriniň basgançaklarynyň saklanyp galan ýerleri hem bar.Afrikada 1987ý ýyl ýazgysyna görä 592ml.93müň adam ýaşaýar.Afrikada gadymýetden bäri awçylyk,balykçylyk häsýetli ykdysady ösüşi giňden ýaýrandyr. Soňra kätmen,çiş bilen ekin ekmek görnüşi ýüze çykýar.Häzirki wagtda sürümli ekerançylyk

hem döredi. Afrikalylaryň ýaşaýyş häsýeti bu görnüşiň saklanyp galmagyna ýardam edýär.

Afrika halklary uzak taryhy ýol geçip, häzir hem etniki hadysalar dowam edýär.Migrasion hadysalar tebigi şertler ýerli halkyň tiz-tizden geçmegine sebäp bolýar.Su ýagdaýlar hem etniki kemala gelmek hadysalaryny öz täsirini ýetirip durýar.Sonuň üçin hem bu halklary etniki klasfikasiýa bölmek çylşyrymlydyr.Häzirki Afrikan bäş geografik bölege bölünýär.Olar:demirgazyk gündogar merkezi, günbatar we günorta Afrika görnişinde bölünýär.

2.Demirgazyk Afrikanyň halklary demirgazyk Afrika girýän ýurtlar Alžir23mln,Müsir50mln,günbatar Sahara164müň, Liwýa4mln, Mawritaniýa2mln, Marokge24mln, Sudan23mln,Tunis7mln adam ýaşaýar.Bu ýerler gadymyýetden bäri Mawrit diýilip at berilýär.Ilatyň köp bölegi indoýewrapaýit jynsyna girip diňe Saharada ýaşaýan negr gullar negropoýit jynsy hasaplanylýar.Dili Afro Aziýa dil maşgalasyna girýär.Berweri dil toparyna kabul şulih tuarek şanýa taýpalary girýär.Ilatyň köp bölegi arap dilinde gepleýär.Kop ilaty ýerli gadymy liwi,getul,mawrusi hanlaryň neslirir.Az sanly senagat merkezlerinde ýewreýler,fransuzlar,italýanlar-indoýewropeý dilinde gürleýärler.

Tuarekler-özleriniň gadymy haty bolan tifinak alfawidini saklapdyrlar, ony aýallar saklaýarlar.Galan bölegi arap hatyny ulanýarlar.Edebi dili arap dili Afrikanyň ähli ýerinde bolşy ýaly etniki araçäkler haklara görä çekilmändir şonuň üçin tuarekler Agirde Mawritaniýada maliýa Nigeriýada ýasapdyrlar.

Mowzuk 5: Geogrefik zonalara bölünýär.

Kenarýaka suptropik dag sebitleri jülgelere, çöl we ýarym çöllige bölünýär.Kenarýakasyndaky ilat balykçylyk ekerançylyk,iri şahly mallary saklaýarlar Dag ilaty ekerançylyk we ýarym çarwa jülgelerde ýaşaýan ilat

suwarymly ekerançylyk bilen mşgulanypdyrlar.Darýalarda bent (tafraut,ugud)jar nobur(segi)gurulýar.610 Agribatda ýarym çöl ýerlerde ekerançylyk ilat diňe owazisde ýaşaýar.Guýy gazýarlar. Olar finik,palma, injir, üzüm ak-gök ekinleri ekýärler.

Magribiň köp bölegi çöl we bu ýerlerde düýe bakmak amatly. Bahar, güýz aýlary göçýärler. Günortada ýaşaýan Tuaritlekler bugdaý arpa hem ekýärler. Kel ahagar Kel-ajar tureg tireleriniň ýerleri bar. Emma özleri ekin ekmän kärendesine berýärler. Bu ýarlerde göçüp ýaşamak üçin bir maşgalanyň 7-8- düýesi bolmaly. Turegler üçin Saharada geçýän kerwen ýollaryň ykdysady ähmiýeti bar.

Magripde hünärmentçilik ösen mata dokaýarlar. Küýzegärçilik, deri işläp bejermek haly dokamak zergärçiligiň dürli görnüşleri duş gelýär. Şäherlerde agaç ussaçylygy çekanka grairowka zergärçilik deri işläp bejermeklik ösen imit ilatyň aş çörek bişirmekde meňzeşligi bar. Tagamlaryň düzümi dürli nahardan, balykdan, etden, gök önümlerden miwelerden ýaşalýar.

Içgilerden suw, piwo, palma, winosyny içýärler.

Şäherleri iki bölekden ybarat bolup ýewropeý we arap kwartallaryny bölünýär. Dagly ilatyň obalary gala görnüşinde galanyň her burçynda diň galdyrlan. Wagtlaýyn jaýlary çadyr ekerançy ilat saman keppeleride tamlaryda ýaşapdyrlar. Çarwalar çadyrlarda ýaşaýarlar. Araplar olara semir tuarikler ekan diýýärler. Demirgazyk Afrikanyň egin –eşigi umumy araplaryňky ýaly Erkekler uzyn ak köýnek “jellaba” sele “rezwa” söwdegärler fesha “tarbuş” geýýärler . Aýagyna köwüş “belha” geýýärler. Erkekler örilen gyzyl reňki dorba egnine atýarlar we biline iki gama asýarlar.Gamany kakasy,ogly 7-8 ýaşyna ýetende alyp berýär. Gama olar “Kumiýa” diýýärler.

Aýallar uzyn köýnek we şalbar geýýärler.

Tagelmust kellesine oraýan matasy gylyç bilen bile berýär. Aýallar balak geýmän matany balaga derek dolaýar.

Demirgazyk Afrikanyň ilaty atalyk urugynda öz gelip çykyşyny alyp gaýdýar. Tureglerde aýallaryň jemgyýetçilik roly uly. Olar Tureglerin gadymy keramatly hatyny saklapdyrlar. Hormatly uruşyjylar imhar we olaryň ýaranlary imrad jemgyýetde uly abraýdan peýdalanyp hünärmenler "inad" ekin ekýän bahrahlar haritan öý gullary, iklan jemi düzülýär.

3) Gündogar Afrikada Burundi 5 mln Jabunti 372 müň, Jambabe 8 mln, Keni 23 mln, Komar adalary 422 müň, Tanzaniýa 23 mln, Efýopiýa 47 mln adam ýaşaýar. Sebitiň gündogar bölegindäki ilat neograit jynsyna tropik zonada pigmeý jynsyna degişli ilat hem duş gelýär.

## Araplara yslam dininiň gelmegi we olaryň jemgyýetçilik durmuşyna eden täsiri.

Musulman Pygamberi Yslam dinini esaslandyryjy Allanyň wekili. Ol 570-njy ýylda (anna güni) Mekgede dünýä inýär. Onuň çagalyk we ýetginjeklik ýyllary hakyndaky maglumatlar örän az. Muhammet çagalykdan ýetim galýar: ol heniz eneden dogulmanka kakasy Abdylla, alty ýaşyna ýetende bolsa ejesi Emine aradan çykýar. Muhammedi terbiýelemäge alan babasy Abdulmuttalib hem köp wagt geçmänkä wepat bolýar. Ýetim galan Muhammedi terbiýelemegi agasy Abu Talib öz üstüne alýar. On iki ýaşly Muhammedi Abu Talibiň Siriýa eden saparyna gatnaşýar. 21 ýaşyndaka Abu Talybyň teklibi bilen ol Huwaýlit ibn Asadyň gyzy, baý dul aýal Hatyjanyň iş dolandyryjysy bolup ýerleşýär. Hatyjanyň söwda işleri bilen meşgullanan Muhammet ýene-de Siriýa sapara gidýär. Halap, Damask şäherlerine barýar, Hiristiýanlaryň we Ýahudylaryň durmuşy hem-de idiologiýasy bilen tanyşýar. Iudaizma, Hiristiýançylyga we yslama häsiýetli bolan bir

hudaýlylyk taglymaty Muhammede uly täsir edýär. 595-nji ýylda Muhammet Hatyja öýlenýär. Şol wagtlar Hatyja 40 ýaşlarynda eken, Onuň ozalky iki gezekki nikasyndan iki ogly bilen bir gyzy, Muhammetden iki ogly we dört gyzy bolýar. Täze nikasyndan bolan Kasym atly uly ogly iki ýaşynda ikinji ogly Abdylla hem çagalykda aradan çykýar. Zeýnep, Rukiýýa, Um Gülsüm we Patma atly gyzlary bolupdyr. Muhammediň bir wagtyň özünde dokuz sany nikaly aýaly bolupdyr. Emma Hatyjadan özge aýallaryndan perzent önmeýär.

Üçünji asyryň başynda Yslam Mekgede döreýär, Ol oturumly ýer bolan Hijazda ýerleşendir. Onuň töweregi çöllük we hasylsyz ýer bolupdyr. Ol ýerde ösýän otlar we gyrymsy agaçlar kiçiräk düýe we goýun sürüleri üçin iýmit bolupdyr. Ýer asty suwlary gaty çuňlukda ýerleşipdir. Şonuň üçin hem goýunlar az bolupdyr. Şeýlelik bilen Mekgäniň ýaşaýjylarynyň maldarçylyk we ekerançylyk bilen meşgullanmaga mümkinçilik bolmandyr.

Mekge gadymy kerwen ýolunda zemzem çeşmesiniň başynda duralga hökmünde döräpdir diýen pikir bar, bu çeşmäniň başynda haçdan bäri ömrüniň ýaşaýyş bolandygy anyklamak mümkinüligi ýok. Birnäçe taryhçylar Gredotyň (b.e.öň V asyr) ýatlaýan Makaraby mkegedir diýip hasaplanýar. Arabystanyň ölçegleri (masştab) boýunça uly şäher bolup ösüp ýetişen bu ilatly oba gadymy wagtlardan başlap dini ähmiýete eýe bolup başlapdyr. Zemzemiň suwy keramatly hasaplanypdyr. (onuň içiňi geçiriji täsiri bolupdyr, şol sebäpli hem şeýle diýilendir) Çeşmäniň ýanyndaky Hudaýyň öýi bolan bolan beduin taýpasyndan bolan hijazlaryň zyýarat edýän ýeri bolupdyr. Şonuň üçin hem gadymdan bäri çokunulýan döwürde Mekgeliler bilen beduinleriň arasyn söwda bolupdyr. Musulmanlaryň hasap edişi boýunça (munuň taryhy ähmiýeti ýok) Käbe bibliýanyň wekili (Awwram – Ibraýym) we onuň ogly ysmaýyl (demirgazyk araplaryň başalngyjy) tarapyndan gurulypdyr.

Mekke çukurda (öýde) “arassa jülgede” (Gurhan 14/40) ýerleşip Mekkeliler dag (jibal) diýip atlandyrylýan ýalaňaç baýyrlar bilen gurşalyp, Olaryň arasynda jülge (şiab) geçipdir. Ýagyş ýagan wagty jülgeden sil akypdyr. Birnäçe gezek Mekkeden suw joşguny bolup, ýerli daşdan salynan Käbäniň düýbini we diwarlaryny köwüpdir.

Şäher gadymy keramatlay Käbäniň töwereginde ýerleşipdir. Entäk Yslam döremänkä ony “Allanyň öýi”, Mekkeliler bolsa özlerini “Allanyň goňşulary” atlandyrypdyrlar. Gollan ariantalisti K.H. Snuk Hýurgroneniň “Alla öz goňşularyna Zemzemiň ajy suwundan, daşlardan, gudan we çydap bolmajak yssydan başga zät bermändir” diýip ýazýar.

Mekke diňe bir Hijaz we hijaz taýpalarynyň we günbatar Hidjiň dini merkezi bolman, onuň söwda ähmiýeti hem bolupdyr. Mekgeliler üstlerinden geçýän halkara söwda hem-de beduin Hijazlary bilen söwda edipdirler. Mekke Ýemenden Siriýa, Palestina gidýän kerwen ýollarynyň Gyzyl deňiz boýunça Günbatar Afrika bilen birleşdirýän ýollaryň çatrygynda oňaýly ýerleşipdir. Ýemenden diňe bir özlerinde öndürülýän ýerli harytlar çykarylman, söwda aly-çalyşynyň üsti bilen, deňiz ýoly boýunça Hindistandan, Hytaýdan we Afrikadan gelýän harytlar hem çykarylyp ellinizim döwründe Hindi okýany we Gyzyl deňiz boýunça söwda ýüzüşligi has janlanýar. Tosuna günorta-günbatar boýunça ösýän Müsson ýerlerinde peýdalanyp deňiz ýüzüjiler Hindistana gidipdirler. Şol ýeller gyşyna demirgazy-gündogardan ösüp başlanda yzlaryna gaýdyp gelipdirler. Hindistan bilen Müsürüň göniden-göni deňiz üsti bilen bolan söwda gatnaşyklary, Mekgäniň ýerleşýän ýeri bolan gadymy kerwen ýollaryndaky söwda hereketlerini togtadyp bilmändir.

Ynamly arap çeşmeleri Mekgäni iri möçberdäki kerwen söwdalary barada şu habarlary berýär. Meselem Tabary 2500

düýeli kerwen barada habar berýär. 624-nji ýylda Bedirde bolan söweşiň sebäbi müň düýeden ybarat Mekke kerweni bolýar.

Yslamyň döremeginiň öň ýanynda jahimeý döwründe çeşmelerde atlandyrylyşy ýaly geljekki belli musulman ýolbaşçylary Abu Bekr, Abbas, Omar, Osman Talha, "Söwdagärler" ýa-da "söwda adamlary" bolupdyr. Muhammediň birinji aýaly Hatyja oňa durmuşa çykmanka dul aýal wagty özbaşdak kerwen söwdasyny alyp barypdyr. Hatyja ölenden soň Muhammediň aýaly bolan Abu Bekiriň gyzy bolan Aýşa gul söwdasyna gatnaşypdyr. Abu Jahl alkyş etmek söwdasyna gatnaşypdyr.

Yslama çenli bolan Mekgede pul (monota) ýasan ýer bolmandyr. Dolanşykda wizantiýanyň altyn manatlary, sosanidleriň kümüşi we Ýemenden gelýän altyn gum bilen bolup geçipdir. Guýma kümüşler hem gymmat bahaly bolupdyr. Diňe guýmalar we altyn gum bahalanman, könelşen, deşilen, döwülen momentler hem kabul edilipdir.

Yslam Mekgede şäher ilaty tarapyndan hem, şäheriň töwereginde ýaşaýan beduinler tarapyndan hem sosial goldaw tapmady. Munuň üstesine hem "Merkeziň küreýşitleri" täze diniň garşysyna aýgytly garşylyk görkezdiler. Olara ynanýalary gaçyp gitmäge mejbur etdiler.

Bu dörän ýagdaýdan çykmak üçin ilkinji musulmanlar Ýasrib-Medinä gaçmaga karar edýärler. Göçüş (arapça hijri) 622-nji ýylyň güýzinde amala aşýar.

Ýasrib (hijrä çenli mümkin Medine diýilendir) bu giň giden jülge bolup, onuň medeni meýdany Gündogardan we günbatardan Harramiler bilen demirgazykdan we günorta dag gerişleri bilen çäklenipdir. Jülgäniň giňişliginde ýerli taýpalaryň ilaty we "darylar" (dar bu aýaratyn urugyň ilatynyň ýaşaýan ýerleri bolupdyr) ýerleşipdirler. Ilatly ýerler biri-birlerinden ekin meýdanlar, baglar, ogorodlar we palma agaçlarynyň hatarlary bölünipdirler. Medine jülgesini esasy ilaty 3 sany esasy Ýewreý taýpasyndan keýnuk, küreýza, nadir

we iki sany arap taýpasyndan – aus we hazrej, ondan başgada jülgede başga taýpalar hem ýaşapdyrlar. Medine “ýewreýleri” b.e. öň I asyrda Iudeý urşundan soň öz ýurtlaryny taşlap, Palestinadan göçüp gelenleriň gönüden-göni diýlen köne rowaýaty çynlygyny şübhelendirýändir.

Ýene-de Medine “ýewreýleri” (olaryň köp bölegi) Iuda dinine ynanýan ýerli araplar bolupdyrlar. Olar arap dilinde gepläpdirler. Olar yslama çenli bolan arap poeziýasyny hormatlapdyrlar. Olaryň içinden birnäçe ara ahyrlary çykypdyr. Olaryň urug taýpa guruluşlary araplaryňkydan hiç bir tapawutlanmandyr. Medinäniň “ýewreý” taýpalary Ýasribe iň gadymy göçüp gelenler hasaplanypdyrlär.

## Arabystanda irki orta asyr döwlet birleşmeleri

Arabystan ýarym adasynyň çarwadar,oturymly ilaty bilen ysnyşykly we yzygiderli gatnaşyklarynyň netijesinde bitewi ykdysady gurluş emele gelýär.

Ekin ýerleriniň çäkli bolmagy sebäpli ekerançylaar çarwa ilatyň öndürýän önümlerine mätäçdiler ýa-da tersine çarwadarlar ekerançylaryň önümüne mätäçlik çekipdirler.Arabystanda önümçiligiň alyş-çalşy üçin oturymly ilatyň we çarwadarlaryň arasynda özara gyzyklanma emele gelýär. Uruşlaryň çozuşlaryň talaňçylyklaryň we agyr salgytlaryň netijesinde oturymly ilatyň ýaşaýyş we zähmet şertleri agyrlaşýar.Bu ýagdaý zatlaryny alyş çalyş etmäge mümkinçülügi bolan çarwadarlara hem täsir edýär. Alyş-çalyşa bolan özara gyzyklanma olaryň arasynda deň agramlylyyk ýagdaýyny döredýär. Mundan hem başga çarwadarlar bir ýerden gelen gelmişeklerhem däldi. Oturumly ilat we çarwadarlar jemgyýetiň etnik we dil bitewiligini düzýärdi.Hemişelik özara gatnaşyklar ähli taýpalara duşünikli bolan ýeke-täk diliň emele gelmegine ýardam edipdir.

Synp emele gelmeleriniň we irki synp gatnaşyklarynyň ösüş derejesi boýunça Arabystan ýarym adasyny birnäçe böleklere (regiona) bölmek: Günort-günbatar welaýatlar, merkezi we demirgazyk Arabystan Esasy ilaty çarwadarlar we ýarym çarwadarlar bolan demirgazyk Arabystanda sosial bölünşik haýal hereketler bilen amala aşypdyr.

Yslama çenli Arabystanyň sosial we professional düzümi jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň köp taraplylygy, agalyk etmeginiň derejesiniň dürlülügi jemgyýetde zähmet bölünşüniň derejesi bilen tapawutlanypdyr. Dürli sosial toparlar biri-birlerinden önümçülük serişdelerine gatnaşyklary, jemgyýetçilik önümçülügine tutýan ýerleri paýlary we jemgyýetçilik önümlerini eýelemek usullary bilen tapawutlanypdyrlar.

Şäherlerde diňe bir senetçileriň söwdägärleriň professonal toparlary emele gelmän,eýsem erkin professiýa: aýdymçy erkekler we aýallar, tansçylar, sazandalar, lukmanlar, toparlary hem döräpdirler.

Synp emele gelmeleriň we irki feodal gatnaşyklarynyň has çalt ösüşleri –ilatyň oturymly ekerançylygyň we guleýeçiligiň ýaýran ýerleri bolan Günorta we günbatar Arabystanda has çalt ösüpdir.

Egerde gadymy jemgyýetde, sürümli ýerlere bolan jemgyýetçilik ýer eýeçiligi birinji ýerde olan bolsa irki orta asyrda ol öz ornuny hususy eýeçilik bilen çalyşýar. Aram-aram ýerleriň täzeden ölçelmegi es edilýär. her ir ýer eýesiniň ýeriniň araçäginde ýer eýesiniň ady ýeriň ölçegi we ösdürülýän ösümlikleriň atlary ýazylýan bellikler goýulýär.

Urug han begleriniň hem ýere, gullara we suwa desgalaryna bolan hususy, eýeçiligi bolupdyr. Jemgyýetçilik eýeçiligi suwa, mal bakylýan ýaýlalara, odun taýýarlanýan ýerlere, gazylyp alynýan peýdaly magdanlara duz gazyllyp alynýan ýerlerde, kümüş magdanlara saklanyp galypdyr. Ekerançylyk ilatlary oba hojalyk territorial jemgyýetine şa bu çarwadarlar we ýarym

çarwadarlar taýpa kaba il birleşdiripdirler. Asyrlaryň dowamynda jemgyýetiň ýokary gatlagy bolan köp ýerleri öz ellerinde saklaýan ýer eýeleri emele gelipdirler. Olaryň ýerlerini jemgyýetiň garamaýak agzalary.Ýarpaçylyk şertlerinde kärendeçi bolup işläp bejeripdirler.

Baý-begleriň wekilleri suwaryş ulgamlaryny abadanlaşdyrmak işlerini gurapdyrlar. Galalary gurupdyrlar. Olar Ýemeniň syýasy durmuşunda ähmiýetli rol oýnapdyrlar.

Jemgyýetiň agzalary şahsy azat bolup,ýarag götermäge hukuklary bolupdyr.Olar esasan bir oturymly ýaşalýan ýere birleşip bitewi hojalyk jemgyýetini emele getiripdirler.Olar jemgyýetçilik işlerine suwaryş ulgamlaryny, galalary ýollary, gurmaga we olary saklamaga gatnaşmaga borçly bolupdyrlar. Epigrafiki dokumentler boýunça jemgyýetler jemgyýete tabyn bolan ýerleri suwarmak üçin niýetlen, suwaryş desgalaryny abat saklamak üçin işgärler bermäge mejbur bolupdyrlar.Baý-beglere baglylykda aýry-aýry maşgalalar şeýle hem bitewi jemgyýetler bolupdyrlar.Gönüden göni öndürijileriň arasynda işçileriň we gullaryň derejesine gabat gelipdirler. V–VI asyrlarda gullaryň köpüsi maşgalaly öý gullary bolupdyrlar.Şäher ýer eýeleriniň ýerlerinde işleýän gullar hem bolupdyrlar. Umuman alanyňda gul zähmeti tabynlyk rolyny oýnapdyr. Uruş döwür-lerinde ýesirlerini satyn almak amala aşyrlypdyr.

Hijazda we Merkezi demirgazyk Arabystanda ýer bejermek esasan oazis (çöl içinde bolan agaçly ösümlükli ýer) häsiýetli bolupdyr. Bu raýonlarda hem günorta Arabystandaky ýaly täze eranyň ilkinji asyrlarynda ýere hususy eýeçilik giň gerim alypdyr. Aýry-aýry maşgalaryň garamagynda baglar, hurmaly ýerler, sürülen ýerler bolupdyrlar. Medine jülgesiniň ýaşaýjylary öz baýlyklaryny ýer eýeçiligi bilen baglanyşdyrypdyrlar.Ýeri alypsatmak giňden ýaýrapdyr. Suw çeşmeleri hem esasanam guýulalar hususy eýeçilikde bolupdyrlar. Guýulary edil ýer ýaly satyp we satyn alyp ýa-da

mirasdarlyga beripdirler. Jülgäniň ýaşaýjylarynyň arasynda jemgyýetiň gurpsyz agzalarynyň basyp alýan iri ýer eýeleri tapawutlanypdyrlar. Çeşmeleriň görkezişi ýaly Ýasribde jemgyýetiň agzalaryň az ýerlileri hat-da ýersizleri hem bolupdyrlar. Şeýlelikde önümçilik serişdelerinden mahrum bolan jemgyýetiň erkin agzalary garyplykdan ýeke-täk çykalgany kärendeçilige ýarpasyna ýer almaga görüpdirler. Ekerançylykda esasy öndürüjiler bolup hukuk tarapdan azat-erkin ýöne ykdysady baglylyga düşen jemgyýet agzalary bolupdyrlar. Çeşmelerde diňe gullaryň zähmetine esaslanan hojalyklar ýatlanylmaýar.

Ýarym adanyň çarwadarçylyk ilatynyň arasyndan ilkidurmuş jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň arasynda dargap başlamagy täze eranyň başynda ýokary derejä ýetýär.

Arabystanda gadymdan bäri mal bakylýan we sürülýän ýerler belli taýpalara we uruglara degişli bolupdyrlar. Şeýle hem goýulara , suw çeşmelerine eýelik edýän taýpalar bolupdyr. Beýleki taýpalara ol ýerlerden we goýulardan ullanmak we gadagan etmek köp halatda taýpalaryň harby guýçleri bilen çözülüpdir. Köplenç taýpalar öz halklaryny aldym berdimli garpyşmalarda çözüpdirler.Bu ýagdaýlar köp sanly uruşlaryň sebäbi bolupdyr.Uruş taýpanyň gapma-garşylygyny çözýän serişde bolupdyr.

Ýer dawalaryny  çözmekde täze usullar emele gelip başlaýar. Elinde köp ýeri bolan haýsyda bolsa bir taýpa  ýa-da urug ýeriniň bir bölegini haýsyda bolsa  bir taýpa ýa-da uruga ýarym hasylyny almak şerti bilen berýär.

Maldarçylygyň we ekerançylygyň ösmegi söwda aragatnaşyklarynyň giňelmegi ýokarky urug taýpa han begleriniň elinde baýlygyň ýygnanmagyna şert döredýär. Barlylaryň deňsizligi baý maşgalalaryň emele gelmegine getirýär. Taýpalaryň we uruglaryň umumy hususyýetçiligindäki ýerleriň bir bölegi taýpanynyň we urugyň ýaşulylaryna we baý maşgalalaryň hususyýetçiligine geçýär.

Baý maşgalalar we uruglar iň gowy mal bakylýan we ekin ekilýän ýerleri guýulary we suw çeşmeleri bilen bilelikde basyp alýarlar.

Çarwadarçylyk hojalygynyň sosial-ykdysady esasy mala bolan hususy eýeçilik we bakar ýerlerine bolan köpçülükleýin eýeçilik bolan hem bolsa, köpçülükleýin mal bakylýan ýerler her kimiň öz malynyň sanyna görä paýlanypdyr. Mal bakylýan ýerlere bolan köpçülükleýin hususyýetçilik ondan deň ýagdaýda ullanmaga hukuk bermändir.Taýpaara uruşlarynyň birnäçe aýlardan on ýyllyklara çeken wagtlary hem bolupdyr. Olar mallary kowmak ekinleri ýok etmek ýaşaýyş jaýlaryny ýykmak , adamlary öldürmek häsiýetli bolupdyr. Käbir ýagdaýlarda taýpaara uruşlarynyň öňüni serpaý bermek ýa-da pul bilen satyn alyp düzedipdirler. Meselem VI asyrda Zubýan taýpasynyň serkerdeleri duşmanlardan 3 –müň düýe berip 40 ýyllyk urşyň soňuna çykypdyrlar ýa-da däp-dessur boýunça uruş yglan edýän taýpadan aýallarymyz çaga dogurýança diýip pursat diläpdirler.Köplenç ol haýyşlar ýerine ýetirilipdir.

Käbir ýagdaýlarda iki taýpanyň arasyndaky gatnaşyklar bozulandan olar üçinji taýpa sudýa hökmünde ýüz tutupdyrlar.

Göçe-göçlük wagtlarynda köp taýpalar öz ýaşaýan ýerlerini taşlap başga ýerlere göçüp barypdyrlar. Egerde merkezi we demirgazyk Arabystanyň taýpalary sosial derejesi ýokary bolan merkezi Arabystana göçüp barsalar onda gelmişekler aşaky ýagdaýlary eýelemek şertine razy bolmak bilengelmişekleri kabul eden taýpa olary duşmanlaryň çozuşundan goran wagtlarynda olara özleriniň gan-düşer garyndaşlary hökmünde seretmändirler.

VI asyryň taýpaara gatnaşyklarynyň taryhy, özlerine hossar gözläp soýuz baglaşypdyrlar we olary bozupdyrlar. Bir ýerden başga ýerlere gidipdirler. Hossarlyk baradaky soýuzlar esasan agalyga we boýun bolmaklyga esaslanypdyrlar.

Hossarçylygyň giňden ýaýran görnüşleri soýuz, şertnama, kasam bolupdyr. Kesekileri taýpa kabul etmek taýpanyň

ýygnagynda ýarmarkalarda: meniň ganym seniň ganyň meniň ölümim seniň ölmüň, meniň arym seniň aryň, meniň urşum seniň urşuň meniň parahatçylygym seniň parahatçylygyň, meniň miras düşerim bol, men hem seniň miras düşeriň bolaryn diýen ýaly sözlerden durupdyr.

Bular ýaly soyuzyň esasynda iki taraplaýyn ynam kasamy kasamy we borçlulyk ýetipdir.

Täze eranyň ilkinji asyrlarynda Arabystan halkara ýagdaýy esasan onuň geografiki ýagdaýy we dünýä söwdasynda tutýan orny bilen kesgitlenilýärdi.

Arabystanyň territoriýasynyň üstünden Gündogary Günbatar bilen birikdirýän söwda ýollary geçenden soň ol özüne kuwwatly goşunlary bolan Piliň, Afinanyň , Wizantiýanyň, Eýranyň ünsüni özüne çekipdi.

## Arabystan irki orta asyrlar döwründe.

Arabystan ýarym adasynyň örän amatly halkara ýollarynyň çatrygynda ýerleşmegi şol döwrüň güýçli döwletleriniň ünsüni hemişe – de özüne çekipdir. Rim, Gresiýa, Wizantiýa, Eýran, Efiopiýa.

Grek we Latyn awtorlarynyň göz öňüne getirişlerine görä Arabystanyň territoriýasy üç zona bölünipdir.**1)Bagtly Arabystan (Arabiýa feliks ), 2) Petreý (Nabateý ) Arabystany (Arabiýa Petreýa) , 3) Çöllük Arabystan (Arabiýa deserta).** Çöllük Arabystana – Siriýa – Mesopotamiýa çöllükleri , Petreý Arabys-tana – Sinaý we Nabateý patyşalygy – paýtagty – Petre , 3 – nji zona bolsa (bagtly Arabystan) Arabystanyň galan bölegi giripdir.Bagtly Arabystan 1 – nji asyryň başlarynda garaşsyz bolupdyr. Petre Arabystan Rimiň , Çöllük Arabystan bolsa Parfiýanyň täsirinde bolupdyr.

III – nji asyryň ahyrlarynda IV – nji asyryň başlarynda Demirgazyk we Merkezi Arabystanda ýerleşýän arap taýpalary

güýçli arap döwleti bolan Lahmitleriň täsirine düşüp ugraýarlar. Lahmit patyşalygynyň paýtagty Hiri şäheri bolup ol Wawilonyň harabaçylygyndan birnäçe kilometr günortada ýerleşipdir. VI – njy asyrda Lahmit döwleti Numan 1 (403 – 431) döwründe has hem ösüpdir. Sebäbi ol örän güýçli , akylly hökümdar bolup , söweş hereketlerini dogry alyp barmagy başarypdyr. Numanyň ogly Al – Munzir döwründe Lahmit döwleti has – da güýçlenip Sasanylaryň işine hem işeňňir gatyşypdyrlar. Eýranyň şalar-şasy Bähram Tur (Ýezdžerdiň ogly) tagt ugrundaky göreşlerde lahmitleriň kömeginden peýdalanypdyr . Lahmitler Eýran – Wizantiýa uruşlarynda Eýrany goldapdyrlar . Lahmit patyşasy – Aswat (473 – 493) (Al Munziriň ogly) häli –şindi Wizantiýanyň araçäklerine çozup durupdyr .

Al – Munzir III dolandyran döwründe (VI-nji asyryň 1 ýarymy) Lahmit döwleti has hem ösüpdir.Onuň döwründe Siriýanyň köp bölegi eýelenipdir.Umuman VI – njy asyrda Al – Munzir III Wizantiýany örän agyr ýagdaýda bolmaga mejbur edipdir.Eýrana öz soýuzdaşy bolan Lahmitleriň güýçlenmegi ýaramandyr. Şonuň üçin hem her edip hesip edip Lahmitleri boýun egdirmäge çalşyp ugraýarlar we VII-nji asyryň başlarynda sasanylara Lahmit döwletini dargytmak başardýar.Onuň tagtyna bolsa öz dikmelerini goýýarlar. Lahmitler bilen goňşuçylykda Gassanitler döwleti ýerleşipdir.Olar Lahmitler bilen oňuşmandyrlar. Gassanitler Günorta Arabystandan III-nji asyryň ahyrlarynda göçüp gelipdirler. Gassanitler dinastiýasynyň düýbüni Jafna tutupdyr.Ol döwlet Günorta Gündogar Siriýada ýerleşipdir.Özem Wizantiýanyň serhetlerinde we olaryň soýuzdaşyna öwrülipdir.Gassanitler döwleti VI-njy asyrda has hem ösüpdir.Al – Haris II (529 – 569) we ohuň ogly Al – Munzir (569 – 581) döwründe olar öz otrýadlary bilen Wizantiýanyň tarapynda sasanylara garşy durupdyrlar.570 –nji we 578 – nji ýyllarda olar Lahmitlere garşy ýeňişli söweşlere

gatnaşypdyrlar.Emma Wizantiýa hem edil Eýran ýaly syýasat alypdyr we Gahana arap Gassanitler dinastiýasyny ýok edýärler.Iň soňky gassanit patyşasy Al – Aýham 636 – njy ýylda bolan Ýarmuk söweşinde Wizantiýanyň tarapyndan musulmanlaryň garşysyna uruşýar. Bu söweşde musulmanlar ýeňýär.Al – Aýham yslamy kabul edýär.Ýarmuk söweşiniň netijesinde Gassanitler döwleti ýaşamagyny bes edýär we bütewi arap – musulman döwletiniň hataryna goşulýar.

V – nji asyryň 2-nji ýarymy we VI – njy asyryň başlary Merkezi Arabystanda ýerleşýän Kindit patyşalygynyň güýçli we ösen döwri bolupdyr.Wizantiýa bu döwleti sasanylara we olaryň wassaly bolan lahmitlere garşy peýdalanypdyr.

O taýda derýalar ýok diýen ýaly, diňe ýagyşly döwürler kiçeňräk derýajyklar emele gelip , çölüň içinde ýitip gidýärler.Arabystanyň ilaty (Günortasy) örän gadym zamanlarda ekerançylyga başlap, b.e. öňki IV – VIII-njy asyrlarda synpy jemgyýet ýüze çykýar.Ekerançylyk suwarymlylyga daýanýar. Kä ýerlerde düme ekinleri hem ekipdirler.Adamlar çölde guýy gazypdyrlar.Onuň ähmiýeti. Gurakçylyklar barada.

Ekerançylygyň iň ösen ýeri Ýemendir we onuň territoriýasynyň 80 % -i ekerançylyk üçin amatly. Oba hojalygynda giň ýaýran ekinler bugdaý, arpa, şaly, şeker çiňrigi, kenep we gowaça bolupdyr. Pagta III-nji asyrda peýda bolýar.Bakja ekinlerden : nohut, hyýar, garpyz, gawun, kädi, sogan, burç , käşir we başga-da dürli görnüşdäki kökli ösümlikler ekilipdir. Bagbançylygam ösüpdir.Üzüm, mindal, nar, zeýtun, hurma, hoz, alma, banan, sitrus miwelwri, şetdaly, erik we başgada köp miweli ösümlikler ösdürilipdir. Ekerançylaryň hojalygynda pisse agaçlary aýratyn orunda durupdyr. Sebäbi käbir raýonlarda ol esasy iýmite öwrülipdir. Maldarçylyk bilen esasan çarwalar we ýarym çarwalar meşgullanypdyrlar. Olar düýeleri, atlary, eşek-gatyr, ary we

ownuk şahly mallary ösdürip ýetişdiripdirler. Çölüň şertlerinde düýäniň belli bahasy ýok. Kerwenler, transport, et, süýt, ýüň. Atlar hem uly islege eýe bolupdyr. Ilkiler (III-nji asyrda) atlar şeýle köp bolmandyr.Emma VIII-nji asyrda olaryň has köpelenligi (haç göterijilere garşy) bellenilýär. Sebäbini düşündir. Arap we türkmen atlary çölden baş alyp çykmany başarypdyrlar. Çölüň kyn şertleri. Harasat, klimaty bilmeli mal bakjak bolsaň. Käbir arap taýpalary balykçylyk bilenem meşgullanypdyrlar. Magdan işleri hem ösen bolupdyr. Duz, altyn, kümüş, ýarym gymmat baha daşlary almagy başarypdyrlar.

Özara ysnyşykly ykdysady aragatnaşyklar netijesinde çarwalar we oturumly ilatyň arasynda ýeke – täk ykdysady organizm emele gelýär. Sebäbi çarwa ilaty oturumlynyň, oturumly bolsa çarwa önümlerine mätäç bolupdyr. Sebäbi işlenip – bejerilýän ýeriň azlygy, otluk öri meýdanlaryň azlygy, bu ikisini biri – birine garaşly edip goýupdyr. Ýene–de bir ýagdaýy göz öňüne tutmak gerek, ýagny köp halklardakydan tapawutlylykda çarwalara, çomurlaram bir bütewi etnosa degişli bolupdyr we şonuň üçin hem olaryň biri – birine ýakynlaşmagyna olaryň psihologiýasy täsir edäýmese ykdysady dil päsgelçiligi bolmandyr. Üstesine –de ilatyň göçüp – gonup ýörmegi bir milletiň, bitewi diliň kemala gelmegine oňyn täsir edipdir. Ykdysady ösüşiň we emläk deňsizliginiň ýüze çykmasy Arabystanyň dürli regionlarynda deň däldir. Şonuň üçin hem şu babatda Arabystany şeýle regionlara bölýärler :- Günorta Arabystan, Günorta – Günbatar regionlar, Merkezi we Demirgazyk Arabystan. Demirgazyk Arabystanda ilatyň esasan çarwalardan we ýarymçarwalardan ybarat bolanlygy sebäpli emläk deňsizligi haýal ýüze çykypdyr.

Yslamdan öňki Arabystan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň köpdürliligi, agalygyň we boýun egmekligiň, jemgyýetde zähmet bölünişiniň dürli görnüşleri we derejeleri bilen tapawutlanýar. Dürli sosial toparlar önümçilik

serişdelerine bolan eýeçiligi, jemgyýetçilik önümçiliginde, önümçilik gatnaşyklarynda tutýan orny, erkinligiň we boýun egmekligiň derejeleri boýunça tapawutlanypdyrlar. Şäherlerde senetçileriň professional toparlaryndan, söwdegärlerden başga–da erkin hünärli aýdymçylar, tansçylar, sazandalar, tebipler we başgalar hem bolupdyr. Emläk deňsizliginiň güýçli ösen ýerleri esasan oturumly ilat ýaşan Günorta we Günorta-Günbatar Arabystandyr. Ol ýerde belli bir derejede gulçulygam bolupdyr. Ýöne ol giň gerime eýe bolup bilmändir.

Gadym döwürlerde ýerler obşinanyň elinde bolan bolsa, soňra olar hususy eýeleriň eline geçip başlaýar. Käbir zatlar obşina eýeçiliginde hem saklanyp galypdyr. Mysal üçin : suw, öri meýdany, odun ýygylýan ýerler, gazylyp zat alynýan ýerler, duz we kümüş känleri. Ekerançylaryň oba obşinasy şa ba, çarwa we ýarym çarwalaryňky bolsa kaba il diýlip atlandyrylypdyr. Kindit patyşalygy Wizantiýanyň wassaly gassanitler bilen hem oňuşmandyr. Bu oňşuksyzlykda gassanitler üstün çykýarlar we VI-njy asyryň 40-njy ýyllarynda Kindit patyşalygy gutarnykly dargaýar. Arabystan ýarym adasynyň günortasynda gadymy döwürlerde birnäçe döwletler bolupdyr. Aslynda Arabystanda siwilizasiýanyň dörän ýeri hem Arabystanyň günortasydyr.

Biziň eramyzyň 1-nji asyrynyň başlarynda Kataban döwleti, III-nji asyryň ahyrlarynda Hadramaut bilen Saba döwletleri özbaşdaklygyny ýitirip ugraýarlar. IV-nji asyryň ahyrynda – V-nji asyryň başlarynda ähli günorta arap territoriýalaryny özüne birikdirýän umumy Ýemen döwleti kemala gelýär. Ol döwleti Hilitarit patyşalygy diýip atlandyrýarlar. Bu patyşalyk hem aktiw daşary syýasat ýöredipdir. Bu döwlete Wizantiýa her hili ýollar bilen täsir etmäge çalşypdyr. Wizantiýa bu işi öz soýuzdaşy Efiopiýanyň üsti bilen amala aşyrypdyr. VI-njy asyryň başlarynda Ýemeniň Efiopiýa bilen arasy bulaşýar. 517-nji ýylda Efiop negusy Hilitara goşun iberýär. Soň 525-nji ýylda ýene-de goşun iberýär

we bu söweşde Hilitar goşuny ýeňilýär. Patyşalary Ýusup bolsa söweşde ölýär. Efioplar Ýusubyň ýerine Sumaýfuny goýupdyrlar. Ol öň Ýusuba garşy topalaň turuzanlaryň biri eken.

534-535-nji ýyllar töwerekleri Sumaýfuny kaýlylar (belli baýlar) we Efiop esgerleri agdarýarlar. Patyşa Efiop dikmesi Abraha bolýar. Ol hem Hilitarit patyşa-larynyň titullaryny göteripdir, ýöne ol Efiopiýa garaşly bolupdyr. Umuman VII-nji asyryň başlaryna çenli Hilitaryň syýasy ýagdaýy çylşyrymlylygyna galypdyr. Üstesine-de içki Arabystandan Günorta häli-şindi beduinler çozup durupdyrlar. Şeýlelikde yslamlaşmagyň öňisyrasy Ýemende syýasy dagynyklyk dowam edipdir.

3 mln.kw.m.territoriýany tutup oturan Arabystan ýarym adasy umuman alanyňda gurak sähralyklardan, çöllerden we ýarym çöllerden ybaratdyr. Diňe onuň käbir ýerleri – Ýemen, merkezi Arabystanyň käbir ýerleri, günbatardaky we demirgazykdaky oazisler, günorta oblastlar ekerançylyk üçin amatly bolupdyr. Obşinanyň täsirli adamlary obşina opolçeniýesine komandirlik edipdirler, gazy-haşar işlerine gala gurluşygyna ýolbaşçylyk edipdirler. Obşinanyň çlenleri erkin bolupdyrlar, ýarag götermäge hukuklary bolupdyr. Olar obşinanyň içinde geçirilýän ähli ykdysady we syýasy çärelere gatnaşmaga borçly we hukukly bolupdyrlar. Arabystanda gadymy döwürlerden örüler, guýylar we sürümli ýerler taýpalaryň ýa - da uruglaryň elinde bolupdyr. Şol örülerden we guýylardan kesekileriň peýdalanmagy olaryň güýjüne bagly bolupdyr. Konfliktler bolupdyr. Ýer we örüler üstünde ýüze çykýan konfliktler diňe uruşlar bilen däl - de başgarak görnüşde-de çözülipdir. Mysal üçin ýarpasyna kärendä bermeklik. Maldarçylygyň we ekerançylygyň ösmegi obşinanyň (taýpa, urug) içinden barly adamlaryň (hojalyklaryň) döremegine getiripdir. Çarwa hojalygynyň sosial-ykdysady esasyny mallara şahsy eýeçilik, öri

meýdana kollektiw eýeçilik bolan hem bolsa, öri meýdanlar des - deň däl - de malynyň sany boýunça bölünipdir. Taýpa baştutany adatça baý urugdan ýa-da maşgaladan saýlanypdyr. Sebäbi kyn günde ol garyplaşan taýpadaşlaryna kömek berip biljekdi. Taýpanyň ýönekeý çlenleri hemişe mätäçlikde bolandyklary sebäpli barlylara garaşly ýagdaýa geçip olaryň her hili ýumuşlaryny bitiripdirler.

Göçe – göçlükler döwründe käbir taýpalar öz ýerlerini taşlap başga ýerlere göçüpdirler. Eger-de Demirgazyk we Merkezi Arabystandan taýpalar Günorta göçen bolsalar, onda olar baran ýerleri özleriniň ösen ýagdaýda durandyklary sebäpli olar baran ýerinde pes görülipdir. Kähalatlar öz ýanlaryna gelen taýpalara baran ýeri howandarlyk edipdirler, olary gorapdyrlar, ýöne garyndaş hasap etmändirler. Umuman agalyk ediji ýagdaýda bolupdyrlar. Taýpaara gatnaşyklar kähalatlarda salgyt tölemek – lige esaslanypdyr (ejiz taýpalar salgyt töläpdirler). Bu zatlaryň hemmesi tire - taýpa bitewiliginiň krizise düşýändigini görkezýär. Tire - taýpa gatnaşyklarynyň krizise düşýändigini nika gatnaşyklary hem tassyklaýar. Sebäbi öňki ekzogamiýanyň ornuna endogamiýa gelip başlaýar. Arabystanda miras galdyrmagyň ýeke - täk kemala gelen däbi bolmandyr. Öňler kim at çapyp, gylyç syryp we öz emlägini gorap bilýän bolsa miras şoňa galypdyr. Ýöne ulusy artykmaç hukukdan peýdalanypdyr. Eger – de mirasdüşer bolmadyk halatynda miras doganlara galypdyr. Erkek adamynyň artykmaç hukuklary aýallara miras almaga mümkinçilik bermändir. Ýöne aýallaryň miras alýan ýagdaýlary kähalatlarda bolupdyr.

Gadym döwürlerden araplara köphudaýlylyk miras galypdyr. Olaryň hormatyna kaşaň ymaratlar gurulupdyr. Araplar beýleki bir tarapdan dine ynanmak erkinliginden hem giňden peýdalanypdyrlar. Her taýpa, tire, urug hat-da maşgala hem özüniň hormat – sylag edýän, sygynýan hudaýy

bolupdyr. Olaryň hormatyna ýörüte ýerleri belläpdirler, bellikleri dikipdirler, gurbanlyk beripdirler. Wagtyň geçmegi bilen birnäçe taýpalaryň uýan hudaýlary hem ýüze çykypdyr. Manat (ykbalyň hudaýy) atly hudaýyň şekili Mekge bilen Ýasribiň (Medine) arasynda ýerleşipdir. Öz çagalaryna olaryň adyny dakypdyrlar, onuň öňünde kasam edipdirler. Manadyň şekiline Kureýşitler hem çokunupdyrlar. 2-nji bir hudaýyň şekili al – Lat bolup, ol Taifde ýerleşipdir. Bulardan başga-da Hudaý aýal Uzza hem ýüze çykypdyr. Onuň şekili Mekgeden demirgazykda ýerleşipdir. Gürrüňi edilen hudaýlara giňden sygynypdyrlar, çagalaryna olaryň atlaryny goýupdyrlar.

Demirgazyk we Merkezi Arabystanda hormatlanýan hudaýlaryň biri Rudda (öriň we hasylyň hudaýy) bolupdyr. Hudaýlaryň şekilleri dürli predmetlerden : agaçdan, altyndan, kümüşden, daşdan edilipdir. VII-nji asyryň başlaryna çenli Arabystanda 8-sany dini merkezler ýüze çykypdyr. Birnäçe taýpalar, hat-da birnäçe taýpa soýuzlary bir hudaýa sygynypdyrlar. Şol döwürler nirede ýerleşendiklerine garamazdan Al-Lat, Manat, Uzza umumy arap hudaýlaryna öwrülipdirler. Şeýlelikde-de araplaryň dini garaýyşlarynyň esasynda aýry-aýry ýerleriň we taýpa soýuzlarynyň keramatyna bolan ynamlar düzüpdir. Sebäbi keramatly ýerleriň we şekilleriň ýerleşen ýerleri bolan Käbeler mukaddes ýerler hasaplanylypdyr. Şol ýerler aýratyn mukaddes bolup, şol ýerde köp taýpalaryň däpleri ýöredilmändir, gan dökmek gadagan edilipdir. Ol ýerler jedelleriň çözülýän, söwdanyň zyýaratyň ýerleri bolupdyr.

Arabystanyň günortasynda Ýemende ýagdaý başgaça bolupdyr. Bu ýerlerde IV - V – nji asyrlarda gadymy hudaýlar ýitip, olaryň ornuna ýeke-täk hudaý kemala gelip başlaýar. V-nji asyrda ýeke-täk hudaý Rahman Ilan – ýeriň-asmanyň hudaýy ýüze çykýar. Muňa Ýemen monoteizmi hem diýýärler. Elbetde, monoteizmiň ýüze çykmagynda iudaizmiň

we hristiançylygyň täsiri hem uly bolupdyr. Emma VI-njy asyryň başlaryndan daşky güýjiň täsiri bilen Ýemende ýerli monoteizmi iudaizm bilen hristiançylyk gysyp ugraýar. Günorta Arabystana iudaizmi gelmişek ýewreýler getirýärler ( I - II aa.). Eýýäm III-IV – nji asyrlarda ýemenlileriň ep-esli bölegi iudaizmi kabul edýärler. VI-njy asyrda Ýemeniň patyşasy Ýusup Asar iudaizmi kabul edip, ony Hristian Efiopiýasyna garşy ulanýar. Ýöne Ýusubyň öldürilmegi iudaizmiň syýasy ýeňlişine getirýär.Ýemende hristiançylyk ýaýrap başlaýar. Emma Ýemende ýerli monoteizm ugrunda hereketler hem bolupdyr. Öz içine gadymy kultlary, arap otparazçylygyny, iudaizmi we hristiançylygy alan bir hudaýlylyk ýüze çykýar. Ony «Ýalan pygamber» Abhala al – Aswada döredipdir. Abhala VII-nji asyryň başlaryna çenli ( bir hudaýlylygy wagyz eden) ady dowam eden pygamberleriň biri bolupdyr. Atlary ondan soň tutulýan beýleki pygamberlerem bolupdyr, meselem : Maslama-Ýememde, Talha-Nedžde, Sajah-Yrak çölleriniň töwereklerinde. Yslam hem başda ýokarkylaň «pygamberçilik hereketi» ýaly bir zat bolupdyr.

Arabystanyň dini durmuşynda Mekgäniň we ondaky Käbäniň roluny aýratyn nygtamak gerek. Käbäniň haçan gurlandygy belli däl. Ýöne arap taryhy çeşmelerinde V-nji asyryň ortalarynda Käbäniň eýeleriniň Küreýşit taýpasynyň bolandygy görkezilýär. Käbe dörtburç gara daşdan bolup, onuň daşynda 360 sany dürli hudaýlaryň şekilleri ýerleşdirilipdir. Käbe ähli arap taýpalaryň diýen ýaly sygynýan hem-de zyýarat edýän ýeri bolupdyr. 360 hudaýyň şekili ýylyň her güni bilen hem baglanyşdyrýarlar. Şol hudaýlar Arabystanyň ähli ýerlerinde hormatlanylýan hudaýlaryň şekilleri bolup, dürli ýerlerden gelen araplar, özleriniň hudaýlaryna sygynyp biler ýaly. Käbäniň ýanynda Zemzem guýysy ýerleşip, onuň suwy keramatly hasaplanylypdyr. Mekgäniň bütin töweregi otparazlar üçin gadagan zona bolupdyr. Ol ýerde adam

ganyny dökmek, masgaralamak, azar bermek gadagan bolupdyr. Gadagan edilen ýerler daşlar we sütünler bilen serhet çekilipdir. Kamary ýyl hasaby boýunça her ýylyň belli günleri Arabystanyň çar tarapyndan araplar haja gelipdirler. Bu Mekgede bolýan söwda ýarmarkalary bilen utgaşdyrylypdyr. Mekgä gelenlerinde zyýaratçylar adaty eşiklerini çykarypdyrlar, ýörüte eşik geýipdirler, saçlaryny syrdyrypdyrlar. Soň Käbä baryp daşyndan 7-gezek aýlanypdyrlar, gara daşy öpüpdirler. Aýlanýan wagtlary sygyrypdyrlar, gygyrypdyrlar, el çarpypdyrlar. Ertesi Mekgäniň ýanyndaky iki depäniň arasynda ylgapdyrlar we hudaý şekillerine çokunypdyrlar. 3-nji gün Arafat dagyna çykypdyrlar. Soň mal öldürip gurbanlyk beripdirler. Garyplara paýlapdyrlar. Soň Mekgä dolanyp gelipdirler we Käbäniň daşyndan aýlanypdyrlar. Baýramçylyk 7- gün dowam edipdir. Şu döwürde kureýşitler zyýaratçylary mugt iýmit bilen üpjün edipdirler. Bu bolsa olaryň we olaryň soýuzdaşlarynyň abraýyny artdydypdyr. Sebäbi Käbäň açaram olaryň elinde bolupdyr.

## Şaýlar we Haryjitler akymynyň döremegi.

VII-nji asyrda oba hojalygynyň, senetçiligiň we söwdanyň ösen ýeri bolan Hidžaz etraby Arap ýerleriniň merkezi hökmünde kemala gelýär. Araplary bitewi bir döwlete birikdirmek işine Muhammet (570-632) ýolbaşçylyk edýär. Ol monoteizmi wagyz edipdir. Ýöne 622-nji ýylda garşydaşlary ony (sebäbi onuň abraýy artypdyr) Ýasribe (Medinä – pygamberleriň şäheri) gitmäge mejbur edýärler.Hijri ýyly. Medineliler mekgelileriň üstüne çozup durupdyrlar. Mekgeliler hem Medinä çozup durupdyrlar. Netijede 630-njy ýylda olar ylalaşýarlar. Olar Muhammede boýun bolýarlar we yslamy (özüňi hudaýa bagş etmek) kabul edýärler. Musulman (yslamyň yzyna eýerijiler). Käbe ýurduň dini merkezi bolýar. Muhammet

garyp-pukaralaryň tarapyny tutupdyr. Baýlaryň eden-etdiligini ýazgarypdyr. Ilkinji arap döwletiniň baştutany bolan Muhammet Pygamberiň derejesini göteripdir we hem dini hemem dünýewi häkimiýeti amala aşyrypdyr. Bu bolsa musulman ýurtlarynyň ählisine öz täsirini ýetiripdir. Muhammet zorluk bilen yslama salmandyr, diňe olary (araplary) birikdiripdir. 632-nji ýylda Muhammet aradan çykýar. Soňraky halifler Abu-Bekr (632-634), Omar (634-644), Osman (644-656), Aly (656-661). Muhammet ölenden soň garşylyklar ýitileşýär, gozgalaňlar turýar. «Ýalan pygamberler» olar musulman bolupdyrlar, ýöne halife boýun egmek islemändirler. 633-nji Abu-Bekr Musanna atly serkerdäni ýörişe iberýär. Parslara garşy iberilen goşuna serkerde Halid ibn Welid ýolbaşçylyk edipdir. 634-nji ýylda olar eýýäm Ýefratyň çep kenaryna geçipdirler. 634-nji ýylyň Magtymguly aýynda Welid üç müň goşun bilen Siriýa ugradylýar. Musanna bolsa pars ýörüşine baş edip bellenilýär. Araplar basyp alan ýerlerinde berkitmeleri gurupdyrlar. 637-nji ýylda Kadisi şäheriniň ýanynda araplar parslaryň «Beýik Rüstemiň goşuny» diýip atlandyrylan goşunlaryny çym-pytrak edýärler. Netijede Ktesifon söweşden eýelenýär. Ummasyz olja alypdyrlar. 638-nji ýylda Mosul welaýaty eýelenýär. Köp satraplar araplaryň tarapyna geçýärler. 642-nji ýylda Nehawendiň eteginde parslar bilen araplaryň arasynda uly söweş bolup geçýär. Netijede araplar Reý, Kazwin, Kumis şäherlerini ýeňillik bilen eýeläp Azerbeýjanyň ýerine girýärler. 644-nji ýylda Hamadan, Kum, Kaşan, Isfahan eýelenýär. 651-nji ýyla çenli araplar bütin Eýrany eýeleýärler we Owganystanyň ýerine çozup girýärler. Eýrana garşy ýörişler bilen bir hatarda araplar Siriýaň üstüne hem goşun iberýärler. Heniz Muhammet pygamber dirikäde Siriýa goşun iberilipdir. Emma içki gozgalaňlar sebäpli yzyna çagyrylypdyr. 634-nji ýylda Abu-Bekr 9 müňlik goşuny üç bölege bölüp Siriýa ugradypdyr. Şol döwürler ilki oňşuksyzlyklar we Eýran bilen uruşlar Wizantiýany

gowşadypdyr. Wizantiýa bilen araplaryň arasyndaky birinji uruş Ierusalimiň eteginde bolup geçýär. Araplar ýeňýär we Gaza hem beýleki şäherleri söweşsiz eýeleýärler. Palestinanyň günortasyny we Ierusalimi eýelemek üçin araplar Amr ibn al-Asyň ýolbaşçylygynda uly goşun galdyrýarlar. Galanlary bolsa ýörişi dowam etdirip 635-nji ýylda Tweriadany we Galileýany eýeleýärler. Grekler Iordan derýasynyň jülgesini suwa basdyrýarlar. Ýöne araplara grekleri Iordanyň aňyrsyna kowmak we Damaskyň etegine ýetmek başardýar.

635-nji ýylyň Nowruz-Ruhnama aýlarynda Damask gabawda bolup, soňra araplar tarapyndan eýelenýär. Şäher ilatyna salgyt salynýar. Ýöne olaryň janyna we emlägine, dinlerine we buthanalaryna degmändirler. Damaskdan soň araplar Baalbek şäherini eýeleýärler. Şol wagtlar Wizantiýa imperatory Irakliý 80 müň goşuny bilen araplara tarap süýşüp ugraýar. Araplar Ýarmuk derýasynyň kenaryna tarap yza çekilýärler we greklere garaşýarlar. 636-njy ýylda Ýarmuk derýasynyň boýundaky söweşde grek goşunlary kül-peýekun edilýär. Yza çekilýän grek goşunlaryny yzarlamak bilen araplar Damasky ikinji gezek eýeleýärler we birnäçe buthanalary metjide öwürýärler. Basylyp alnan Siriýa-Palestina etrabynda dikmelik döredilip, onuň başyna Omeýatlar urugyndan bolan Muawiýa goýulýar. 638-nji ýylda araplar Ierusalimi alýarlar. Siriýadan soň arap goşunlary Ermenistana iberilýär we 642-nji ýylda onuň paýtagty Dwini eýeleýärler. Köp olja alyp Siriýa dolanyp gelýärler. 658-nji ýylda araplar Ermenistany, Gruziýanyň bir bölegini eýeläp Hazarlaryň ýurduna çenli süýşýärler. Şol ýyl araplar konstantinopoly almaga şowsuz synanyşyk hem edipdirler. Ierusalimi alandan soň Amr ibn al-As Müsüre ugraýar. 640-njy ýylda ol Nil derýasynyň kenaryna ýetip Faýum ülkesini eýeleýär. Şol ýyl halif Omar Amra kömek üçin Zubeýriň ýolbaşçylygynda 4 müň goşun iberýär. Zubeýr pygamberiň egindeşleriniň biri, halifiň bolsa geňeşçisi bolupdyr. Geliopolisiň etegindäki

söweşde Amr grek serkerdeleriniň oňşuksyzlygyndan peýdalanyp olaryň goşunyny ýeňýär.

641-nji ýylda araplar Wawiliony eýeleýärler. Şondan soň Wizantiýa araplar bilen parahatçylyk barada şertnama baglaşmaga mejbur bolýarlar. Şert boýunça grekler öz goşunlaryny Müsürden çykarýarlar we araplara salgyt töläpdirler. Araplar öz gezeginde hristian buthanalaryna degmezlige we Müsürde öň dowam edip gelýän dolandyryş sistemasyny saklamagy söz beripdirler. 642-nji ýylda araplar Aleksandriýany eýeleýärler. Müsüriň dikmeligine bellenen Amr Niliň sag kenarynda Fustat (köne Kair) şäheriniň (643-nji ýylda) düýbüni tutýar we öz merkezini şol ýere geçirýär. Basybalyşlar Demirgazyk Afrikada-da dowam edipdir we 648-nji ýylda olar Karfagene ýetýärler. Ilat altyn-kümüş berip boýun egýärler.Soňra Litwiýa we Tripoly eýeleýärler.

Yslamda alymlaryň döremegi. 634-nji ýylda Abu-Bekr öljek bolup ýatyrka Muhammediň egindeşlerini ýanyna çagyryp halifligi olara berýändigini aýdýar. Omar (634-644) iň köp ýerler alynýar. 644-nji ýylda ony bir pars guly ölüm howply ýaralaýar. Oň ýerine Osman (644-656) bolýar. Kureýş, Omeýýat urugyndan. Ondan nägile bolýarlar. Sebäbi Aly bolmaly diýýärler. « Şia » (grupba) döreýär. Osman özüniňkileri goýupdyr. Nägile bolýarlar, gozgalaň turuzýarlar we 656-njy ýylda Medinede gozgalaňçylar onuň öýüne girip Osmany öldürýärler. Halif Aly bolýar (656-661). Muawiýa, Zubeýr, Muhammediň aýaly Aýşa Omeýýatlaryň tarapyna geçýärler. Siriýa haliflikden bölünýär. 657-nji ýylda Aly merkezini Kufa geçirýär we Zubeýr bilen ýaraşmak isleýär. Ýöne bolmaýar. Gandöküşikli söweşde Zubeýr we beýlekiler öldürilýär. Aýşa bolsa ýesir alynýar. Aly hemme dikmeleri täzeleýär. Diňe Muawiýany (Siriýa) aýryp bilmeýär. Ol 60 müňlik goşun ýygnaýar, Aly bolsa 70 müňlik. Emma Alynyň tarapdarlarynyň içinden harijitler («çykanlar») akymy

döreýär.Olar «hudaýyň we halkyň isleginden daşarda halif bolmaz»- diýip, ondan bölünip aýrylýarlar. Sebäbi olar Halifiň bir maşgaladan bolmagyna garşy bolupdyrlar. Herbir musulmanyň halif bolmaga hukugy bar diýipdirler. Aly olary yzarlapdyr, gyrypdyr. Emma 661-nji ýylda Aly bir harijit tarapyndan öldürilýär. Halif Muawiýa bolýar. Şeýlelikde 661-750-nji ýyllarda arap döwletini Omeýýatlar dolandyrypdyr.

## Emewi haliflygynyň emele gelmegi we edara ediliş tertibi.

Omeýatlar nesli 660-750-nji ýyllarda dolandyrdylar. Şol döwür aýratyn taryhy döwre girýär. Ol döwür Omeýatlaryň araplaryň basyp alan ýerlerinde giň halifat düzüp, olaryň agalyk sürmegini öwmekden ybarat bolman eýsem şol wagtlarda halyfatlarda bolup geçýän sosial-ykdysady üýtgeşikleri nygtamakdan ybarat bolupdyr. Şol döwrüň içinde basylyp alynan döwletlerde feodal gatnaşyklaryň täsiri astynda araplaryň urug aristokratiýasynyň gul eýeçiliginiň halifatda agalyk sürüji feodal klasa öwrülşi bolup geçýär.Şeýlelik bilen omeýatlaryň harby syýasy agalyk sürýän wagtlaryny orta asyr arap döwletleriniň köp milletli jemgyýetiniň taryhynda geçiş döwri diýip hasaplamaga esas bar. Ilkinji Omeýat halif Osman bolupdyr.Onuň yzyny ýörediji Muawiýa ibn Abu Sufiýan 660-njy ýylda Ierusalimde Siriýa –Arap taýpalarynyň halyfi diýip atlandyrylýar. Şeýlelikde 660-njy ýyl Omeýat laryň dinastiýasynyň başlanýan wagty hasaplanýar. Halifatda bir ýyldan gowrak wagtyň dowamynda ýokary wezipe üçin 2-i halyfyň Ali we Muawiniň arasynda göreş gidýär. 661-nji ýylda 4-nji halif Aly öldürülýär.

Omeýad halifi Muawiýa özüniň syýasy garşydaşlary bilen deňeşdireniňde oňat ykdysady bazasy weynamdar harby güýji bolupdyr. Entek halif Omaryň dolandyrýan döwründe ol baý we siwilizowan Siriýanyň doly erkli we çalyşyp bolmaýan kömekçi bolupdyr. 20 ýyl gowrak şu wezipede oturandan soň,

ol Siriýada arap urug aristokratiýasynyň belli ýolbaşçysy bolup ilat, bilen gowy gatnaşygy gurnapdyr we onuň goldawyndan peýdalanypdyr.

Sufianidleriň wagtynda Siriýanyň ýagdaýy. Omeýad halyflaryny 2-i sany urug şahalaryna bölýärler. Olaryň birini Muawiýa I iň atasy boýunça sufianidler diýip atlandyrypdyrler. Bu Muawiýa (660-680) onuň ogly Ýazit I (680-683) we onuň agtygy Muawiýa II tagta çykandan soň 683 ýylda birnäçe aýan soň gyrgyn (guma) keselinden heläk bolýar. Ikinji sahasy Merwaniuler, ady Merwana Omeýadlar nesliniň dördünji halyfy bolup, Sufanidleri haalyflyk tagtynda çalyşanlardyr.

Muawiýa entek Siriýada kömekçi wagtynda özüne we özüniň garyndaşlaryna, egindeşlerine oňat maddy baza döredipdir. Ýerleri basyp almak ýollary bilen ol iri ýer eýesi bolupdyr. Araplaryň Siriýany basyp alan döwründe ekerançylykly ýerler azalypdyr. Oba hojalyk önümleri aşak düşüpdir.Bu ýagdaýlar Eýran-Wizantiýa urşy we imperator Irakliň döwründe hem bolupdyr. Emeli suwaryş sistemasynyň bozulmagy ýer bejerýänleriň gaçgaklygy we heläk bolmaklary oba ilatynyň azalmagyna getirýär. Bejerilýän ýerlere suwuň barmazlygy olary çöllüge öwürüpdir. Ýerleriň bu eýesiz ýagdaýlary Siriýadaky arap urug aristokratiýasynyň ýerleri eýelemeklerine getirýär. Täze ýer eýeleri basylyp alynan ýerlerde köp sanly ýesirleri we grewine goýunlan gullary işledipdirler.

Siriýa injinerleriniň, malportorlaranyň, gidroloklarynyň we agronom-larynyň kömegi bilen taşlan ýerler ýene-de janlanypdyr.

Wizantiýa imperatorlarynyň we onuň sanawnikleriniň taşlanan ýerleri täze Siriýa agalygynyň ýerlerine öwrülüpdir. Şeýlelik bilen Muawiýa halyfatda iň iri ýer we gul eýesine öwrülýär. Hijazda hem onuň adyna ýerler bolupdyr. Şol mülklerde 4 müňe golaý gul işläpdir.

Arap urug aristokratiýasynyň şol wagtky esasy gul çeşmeleri barada şu mysaly getirip bolar. VII-asyryň 70-nji ýyllarynda (halyf Muawiýa I-yň dolandyrýan wagty) araplar buhara şäherini alýarlar. Olaryň harby ýolbaşçysy Horosanyň emiri Said bin Osman özüne köpm sanlyu ýesir we birnäçe ýer eýelerini grewine alýar. Ol bu dürli oljany Horosana soňra Medinä (ol ýerde onuň mülki bolupdyr) ugradýar. Şondan soň Nerşahyň (Buhara taryhçysy X asyr) habar bermegine görä Said Medinä gelenden soň girewine alynan baýlaryň altynyny, kümüşüni ýaraglaryny we gymmat baha eşiklerini alyp olara iş eşiklerini berip ýer işletmeli diýip buýruk berýär. Buharanyň ýer eýeleri bu yagdaýdan närazy bolupdyrlar.

Omeýatlaryň dinastiýasynyň harby daýanjy bolup,Siriýa-arap taýpalarynyň saýlama goşunlary gulluk edipdir. Bu taýpalar gelip çykyşlary boýünça günorta araplar bolup, IV-V asyrlarda Siriý, Palestina, Iordaniýanyň aňyrsyna we Iraga göçüp gelenlerdir. Bu ýurtlarda Islam döremezinden 200-300 ýyl öň olar Wizantiýa we Eýran hökümedi we harby ýolbaşçylary bilen aragatnaşyk saklap Eýranyň we Wizantiýanyň kömekçi harby güýçleriniň düzümine giripdirler. Olar ýerli harby ilatyň täsiri astyndahristianlaryň medeniýeti kabul edipdirler we olara öwrülipdirler.

Siriýa-arap taýpalary araplaryň 2-i esasy taýpasy bolan kelbbitlere (adatça benu-kelb) ýa-da ýemenidlere degişli bolupdyrlar. Beýlekisini kaýsidler (arapça benu-kaýs) ýa-da nazaridler düzüpdirler.Şu iki toparyň arasynda baryp jahiliýleriň döwründen bäri syýasy artyklygy almak üçin göreş edipdirler.

Halyfatyň ähli prowinsiýalarynda dürli syýasy programmalar bolupdyr. Kaýsitler beduinleriň köne däp-dessurlaryny ýöredip, boýun egdirlen ilatdan olja hem paç almak bilen çaklenipdirler. Olar önümçüligi medeniýeti tozdurmandyrlar. Ýöne olar bu zatlara doly parhsyz garapdyrlar. Keýbitler bolsa oljadanam, paçdanam ýüz

döndermändirler.Olar boýun egdirilen siwilizowan halk bilen hyzmatdaşlyk etmegiň we olaryň medeniýetini öwrenmegiň tarapdarlary bolupdyrlar.

## Emewileriň daşary syýasaty.

Omeýadlar arap urug aristokratiýasynyň wekilleri hökmünde olar boýun egdirilen ilatyň önümçülügüne goşulmandyrlar. Olar öz hazynasyna düşýän gümrük salgytlary we ýerlerden gelýän girdejiler bilen kanagatlanypdyrlar. Umuman olar jemgyýetçilik önümçülügi barada alada etmändirler. Ol işleri jemgyýetçilik ýerli ilata ynanypdyrlar. Olar ýerli agalyk sürüji synpyň elinde Siriýanyň zähmet hem köpçülügini boýun egdirýän ýarag hökmünde sudlary we polisiýany galdyrypdyrlar. Arap agalygy wagtynda Siriýa hristian dindarçylyk jemgyýetçilik ähmiýeti ösýär. Siriýada Wizantiýa agalygynyň ýykylmagy bilen hristianlary yzarlamak bes edilýär. Bu ýagdaý dürli ýerli metjitleriň Monafizatlaryň, nestorýanlaryň maronidleriň ýagdaýlaryny gowlaşdyrýär. Bulardan hem başga hristian dindarçylygy sud funksiýalaryny saklap, öz hristianlaryndan salgyt ýygnaýar. Mekdepleriň üstünden garaýar. Monastyrlara arap musulman häkimiýetleri uly ýeňillikler berýär. Şonuň üçin Siriýadaky hristian dindarçylygy Omeýadlaryň agalygynyň diregi bolup hyzmat edýärler. Şol wagtlarda hristianlaryň köpüsi islamy esasy din dälde hristianlaryň bir sektasy diýip hasap edipdirler.

Siriýanyň ýerli halkynyň arasynda Omeýadlar uly abyraýdan peýdalanypdyrlar. Bu ýagdaý olaryň häkimiýet başyna gelenden soň, Siriýäda önümçülügiň we alyş-çalyşyň ösmegi bilen düşündirilýär. Muwawiýanyň dolandyran döwründe ol Damasky özüniň rezindensiýasy we halyfatyň merkezi edip saýlaýar. Şeýlelikde Siriýa tagt prowinsiýasy bolýar. Damask gümrükhanalar bbilen gurşalyp alynyp, olar Siriýa senetçiligiň halyfatyň beýleki ýurtlaryndan gelýän

senetçilik önümleriniň konkurensiýasyndan gorapdyrlar. Siriýa senetçiliginiň harytlary Eýrana we Yraga iberilipdir.

Şeýlede bolsa Omeýadlaryň döwründe Siriýanyň ykdysady ösüşi çäkli bolupdyr.XVI-XIX asyrlardaky türk agalygy döwründäki garanyňda ekilýän ýerleriň möçberi giň hem bolan bolsa, Siriýa ähli taraplaýyn gülläp ösüpdir diýmäge esas ýok. Sufanidleriň döwründe Siriýa ilaty wagtal-wagtal açlyk çekipdirler.

Ýokanç kesellerden gyrylypdyrlar. Açlyk çekmeklerini sebäbi häzire çenli belli däl. Ýöne önümçülügiň derejesi halkyň ykdysady ýagdaýy göz öňüne tutman salgytlaryň yzygiderli alynany belli.

Basyp alyjylykly ýörüş döwürlerinde hem şol Sufinidleriň wagtyndaky ýaly Siriýa ekerançylykly ilatyny ezilmekligi dowam etdirdiler.

Muriýa 680-nji ýylda ölenden soň Mekkede täze halyfyň garşysyna dil düwşük başlanýär. Kufede şaýler dildüwşügi gurnapdyrlar. Dildüwşük Huseýniň garşysyna gurnapdyr. Huseýin boýun egmekden el çekýär. Onuň daşyny Omeýad goşunlary gorapdyr. Ýöne onuň otrýady ýok edilipdir. Huseýniň kellesini kesip Damaska halyfa iberipdirler.

Huseýniň öldürülmegi uly närazylyk döretdi. Has hem şaýylar närazy boldular. Olar "Huseýin üçin ar almaly" diýip çykyş edip, närazy Omeýäd lary töweregine toplap başladylar.

682-nji ýylda Medinede närazy bolanlaryň çykyşy başlandy. Oňa şäheriň hemme ilaty gatnaşdy we Omeýadlaryň tiresinden bolan ýolbaşçylary şäherden kowdular.

685-njji ýylda Abd al-Mälik (685-705) Halyf bolýar. Bu wagtlar Irak Abdylla ibn Zübeýranyň gol astyndady, Ermeni, Azerbbaýjan bolsa Wizantiýa öz gol astyna alypdy. Amyderýadan aňyrda arap häkimligi ýykyllypdy, Basrada harijitler berkleşdi. Kufede şaýylar berkleşdi.

Halif Abu al-Mälik sektantlaryň garşysyna ilkinji zarbany urýar we 684-ýylda harujidleri derbi-dagyn edýär. Şertnama

Wizantiýa bilen baglaşylypdyr. 689-nji ýylda Siriýä goşuny Ýewfratyň aşaky akymyna ýörüş geçiripdir, soň Medinä, Mekkäni gabapdyrlar we 692-nji ýylda şäheri eýeläpdir.

## Emewileriň döwründe halk gozgalaňlary.

Araplar ummasyz köp ýerleri eýeläpdirler. Ähli basylyp alnan ekerançylyk ýerleri döwletiňki hasap edilip, olar öňki eýeleriniň elinde galdyrylypdyr. Üç görnüşli salgyt : **jizýe** – jan başyna salgyt her ýerde dürli bolupdyr ; **Haraj** – 1/3 bölegi hasylyň ; **üjr** – hasylyň 1/10 bölegi. Yslamy kabul edenler jizýeden boşadylýar. Ýer eýeçiliginiň **a) ikta, b) mülk, ç) obşina, d) döwlet** ýerleri bolupdyr. 661-nji ýylda Aly öldürilenden soň, goşun onuň ogly Hasana kasam edýär. Ol Muawiýa bilen haliflikden el çekmek barada gepleşikler geçirýär. Muawiýa etmeýär. Ol öz garyndaşlaryny ýok edýär, pygamberiň egindeşleriniň birnäçesini öz tarapyna çekýär. Ol paýtagty Damaska geçirýär. Şonda-da ol Medinä baý-baý sowgat-serpaý iberýär eken. Ol ogly Ýezidi mirasdüşer diýip yglan etdirýär. 680-nji ýylda Muawiýa ölenden soň Mekgede täze halife garşy dildüwşik guralýar. Kufada bolsa şaýylar dildüwşik guraýarlar we Alyň beýleki ogly Hüseýni halif diýip yglan edýärler. Omeýýad goşuny tarapyndan gabalan Hüseýn boýun egmekden ýüz öwürýär we söweş wagtynda onuň goşuny çym-pytrak edilýär. Kellesi kesilip Damaska iberilýär. Hüseýiniň öldürilmegi şaýylaryň arasynda uly nägilelik döredýär. 682-nji ýylda Medinedäki şykyşda olar Omeýýatlary şäherden kowýarlar. 685-nji ýylda halif Abdyl Mälik (685-705) bolýar. Ol hem ähli garşydaşlaryny boýun egdirýär. 689-njy ýylda ol Siriýadan gelip Medinäni, 692-nji ýylda bolsa Mekgäni eýeleýär. Häkimiýet gutarnykly olaryň eline geçýär. Häkimiýet gutarnykly olaryň eline geçýär. Omeýýatlar öňki halifleriň basybalyşlaryny dowam etdirýärler. Olar häli-şindi Kiçi Aziýa çozup durupdyrlar. Hat-da 688-nji ýylda onuň

Ýewropa kenary tarapyna-da geçipdirler. Ýöne elde saklap bilmändirler. Araplar VII-nji asyryň 80-nji ýyllaryndan Demirgazyk Afrika gaýtadan çozup girýärler. Sebäbi Araplar ýokka olar öňki-öňkiligine galypdyrlar. Netijede 710-njy ýylda araplar Ispaniýa bilen Demirgazyk Afrikany bölýän bogaza ýetýärler. Olar 500 sany esgere erkinlige göýberilen Tarigi baştutan edip jansyz (razwedka) iberýärler. Esli wagtdan ol uly olja bilen dolanyp gelýär. 711-nji ýylda başga bir erkinlige göýberilen Tarigiň ýolbaşçylygynda 7000 esger iberilýär. Tarigiň ady bilen Gibraltar bagly Jebel-Tarik (Tarik dagy). Ol az wagtyň içinde günorta Ispan şäherleri Esihany, Arçidonany, Elwirany, Kordowany we Weotgot döwletiniň paýtagty Toledony eýeleýärler. Soňra Omeýýatlar 18 müňlik goşuny goşmaça iberýärler we ol goşun 713-nji ýylda Sewilýany we 714-nji ýylda bütin Ispaniýany eýeleýärler. 718-nji ýylda Narbonnany, Karkosonnuny Nimi eýeläp, 732-nji ýyla çenli Tura çenli ýetýärler. Ýöne Puateniň eteginde grank patyşasy Karl Martelden ýeňilýärler we togtaýarlar. Basybalyşlar günortada-da dowam edýär. 670-676-njy ýyllarda Orta Aziýada Maryny, Balhy, Geraty, Buharany, Samarkandy we beýlekileri eýeleýärler. 717-nji ýylda araplar Konstantinopoly gury ýerden we suwdan gabaýarlar, ýöne alyp bilmeýärler. Gündogarda halifatyň daýanç merkezi Mary bolupdyr. Orta Aziýany eýeläp araplar751-nji ýylda Talasyň eteginde Hytaý goşunlaryny ýeňipdirler. 711-nji ýylda araplar Hindistana girýärler we induizmiň merkezleriniň biri Multan şäherini eýeleýärler.

Omeýýatlar döwründe döwletiň başynda halifler. Basylyp alnan ýerler 5 dikmelige bölünýär. **1)** Eýran, Yrak, Gündogar Arabystan, Horasan we Orta Aziýa; **2)** Hidžaz, Ýemen, Merkezi Arap; **3)** Ermeni, Azerbeýjan, Kiçi Aziýanyň gündogary; **4)** Müsir, Liwiýa, Tripoly; **5)** Günbatar Afrika we Ispaniýa. Dikmeler emir diýlip atlandyrylypdyr. Ol hem glawkom hemem baş adminstrator. Halif olary belläpdir, aýrypdyr. Ýöne ýerlerde olar hakyky hökümdar bolupdyrlar.

Ähli ýeriň eýesi döwlet bolupdyr. Salgyt ýygnapdyr. Ýer eýeçiliginiň esasy formasy mülk bolupdyr. Satmagam, satyn almagam, miras galdyrmagada hukugy bolupdyr. Obşina ýerlerem bolupdyr. Ikta-da (gulluk üçin ýerler) bolupdyr. Onuň eýeleri satybam, satyn alybam bilipdir. Salgyt musulmanlar hüşr (1/10), muslim däller haraj (1/3) töläpdirler. Bulardan başgada muslim däller jizýe (jan başyna) salgyt töläpdirler. Başda bu salgytlar Wizantiýa we Sasanilaryňkydan örän az bolupdyr. Ýöne soň Omeýýatlar salgyt sistemasyny üýtgedýärler we salgydy töleýiş mümkinçiliklerine görä salypdyrlar.

Gozgalaňlar halkyňky.(daýhanlar, beduinler).685-nji ýylda şaýylar Kufada öz şygarlary bilen halk gozgalaňyny turuzýarlar. Oňa ýerli ownuk feodal Muhtar ýolbaşçylyk edipdip. Ol bütin Yraga diýen ýaly hökümdarlyk edýär. Ýöne 687-nji ýylda ýeňilýär we öldürilýär. 739-njy ýylda Demirgazyk Afrikada berberiler gozgalaň turuzýarlar. 742-nji ýylda gozgalaň ýeňilýär. VIII-nji asyryň 40-njy ýyllarynda Orta Aziýada Abu Muslimiň gozgalaňy bolýar. Bu gozgalaňdan pygamberiň kakasynyň dogany Abbasyň nesilleri peýdalanypdyrlar. Gozgalaň 747-nji ýylda Maryda turýar. Halifiň goşuny ýeňilýär. Soňra gozgalaňçylar gaçgaklaryň yzy bilen Nişapura gelýärler we kömege gelen halif goşunlaryny derbi-dagyn edýärler. Halif Merwan II-nji 750-nji ýylda gozgalaňçylardan ýeňilýär we Siriýa gaçýar. Damaski alýarlar. Halif Müsüre gaçýar. Ony tutýarlar, öldürýärler. Abbasitler gelýär.

## Abbasy Bagdat halyfatynyň hökümet başyna geçmegi.

750-nji ýylda Omeýadlar neslini häkimýet başyndan agdardylar. Olaryň ýerine Abbasidler urugyndan bolan halyflar geldiler. Olar 1258-nji ýyla çenli döwlet başynda oturdylar. Abbasidler uly territoriýaly döwleti eline aldylar. Onuň

düzüminde Demirgazyk Afrika, Arabystan, Alynky Aziýa, Irak, Eýran we zakowkaziýanyň, Orta Aziýanyň azyrak bölegi girýärdi. Emma eýýäm olar Ispaniýany elden gidiripdiler,omeýadlar 756-njy ýylda ol ýerde özbaşdak emirat döredipdiler.

Abbasidler halifatynyň paýtagty 762-nji ýyldan Bagdad diýip atlandyrylýar. (Edebiýatda Omeýadlar halyfaty Damask diýip atlandyrylýar, Abbaşuler halyfata-Bagdat, Ispaniýadaky haliffat-Kordowskiý).

Şu Abbasudleriň paýtagty Bagdad şäheri ýörüte “Madinat as-salam” (manysy “parahatçylyk, abadançylyk şäheri”). Ol şäher 762-nji ýylda döräpdir.Ony abbasidleriň ikinji halyfaty Mansur düýbüni tutupdyr. Onuň dörän ýeri ilatly ýer eken. Ol ýer Bagdad ilatynyň arasynda “Suk Bagdad” ýagny “agdad bazary” diýip atlandyrylypdyr.

Arap basypalyşlarynyň ilkinji günleri hiri ýaşaýjylaryndan bir adam arap harby ýolbaşçysy bolan Musanna Bagdad diýilen ýerde her günde söwda bilen köp adamly bolýar. Ol ýere Ktesifondan baý söwdagärler gymmat bahaly zatlar, pul getirýärler diýip aýdypdyr. Şeýle habar alynandan soň Musannyň goşuny Bagdada tarap gidýär. Baý söwdagärleri urýarlar kä birlerine ol ýerden gaçmaklyga çenli gorkuzupdyrlar we baý oljalary ele salypdyrlar. Musanna öz goşununa “sary we ak” ýagny (altyn, kümüş) we has gymmat bahaly zatlary  almaklygyy buýrupdyr.

Halyflar öz gelip çykyşlaryny Abbasdan alyp gaýdypdyrlar. Ol Muhammet pygamberiň daýysy eken.Abu-l-Abbas Abbasidler neslini döredijidir. 749-njjy ýyla çenli Kufede gizlinlikde gezipdir. Ol  halif  Merwan II  gorkup gizlenipdir. Haçanda halif Merwan II-niň ýeňilendigini eşidip, Kufanyň baş metjitdinde döwletiniň başynda durjakdygy barada çykyş edip başlaýar. Kufanyň ýaşaýjylaryna wepaly bolsalar sylag etjegini, garşydaşyndan bolsa öç aljakdygyny açyk aýdypdyr. Ol özüne

patyşa lakamyny ýagny as-Saffah diýip kabul edýär. Onuň mazmuny “eli, sahy” diýmekdir.

Zalym kasamdan soň Kufanyň ýaşaýjylaryndan Abu-l-Abbas Anbar şäherine gidýär. Ol ýerde ol halif rezidensiýasynyň düýbüni tutýar.Ol ony urugyň ady boýunça benu-haşim ýagny al-Haşimiýa diýip atlandyrýar.

Şu rezidensiýa (hökümet başlygynyň ýaşaýan ýeri) onuň garyndaşlary gelip başlaýarlar.

Öňki omeýatlar neslinden öç alynypdyr.Haliff Abu-l-Abbas 749-754-nji ýyllarda halyflyk edip, 30 ýaşynda ölüpdir. (mama keselinden ölen bolmaly). Ol ölenden soň onuň ýerine onuň dogany Abu Jafar bellenýär. Ol tagta geçende patyşa ady bolan al-Mansur adyny kabul edýär.(754-774 ý).(al Mansur-ýany ýeňiji diýmekdir). Halyf Mansur Abbas halyflygynda guramaçy we Bagdad şäheriniň düýbini tutujýylaryň biri hasaplanýar.

Şu halyfyň döwründe halk gozgalaňlary bolupdyr.Mansuryň ogly Mahdiniň (775-785ý) döwründe hem närazylyklar bolupdyr.Köşgüň içindäki toplanşyk bolsa Mahdiniň ýerine geçen Hadiniň (785-780) öldürülmeegi bilen gutarýar. (Hadi-Mahdiniň ogly).

Onuň ýagny Mahdiniň beýleki ogly halif Harun ar-Raşid (780-809 ý) tagta geçýär. Halyf Harunar-raşid Gündogarda we Günbatarda ölçegsiz we ýerliksiz şöhrat gazanan bu halyhyň sah, hakykatçy we parasatly hökümdar hökmünde şöhratlanmagynyň sebäbi “Müň bir gije” ýygyndysynda ýerleşen ertekiler bolupdyr.XVIII asyrda fransuz terjimesi boýunça Ýewropa okyjylaryna belli bolan bu ertekilerde Harun-ar-raşid taryhy hakykata düýbünden bagt gelmeýän özüne çekiji görnüşde berilipdir. Hakykatda bolsa ol zalym bolup ony onuň gol astynda kylar ýigrenipdiler. Ol Bagdatda ýaşamaga gorkupdyr. Çünki ilat onuň düzgünlerine garşy närazylyk bildirip çalt-çalt çykyş edipdirler. Şonuň üçin hem özüniň köp wagtyny Anbaryň eteginde ýerleşen köşgünde geçiripdir. Ol Bagdatda ýygnanyp ýetişmedik salgytlary almaga

gelipdir. Ol gelen wagtynda merkeziň ýaşaýjylaryny urupdyrlar, tussag edipdirler. Şonuň üçin hem Harun ar-raşit Hiride bolan wagtynda Kufiniň ýaşaýjylary onuň üstüne çözupdyrlar. Ol öz golastyndakylaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin, Ol özüniň köp wagtyny ondan oňa gezip geçirmeli bolupdyr.

Ol öz ýerini berkitmek üçin Barmakidiň täsirliligine we baýlygyna görülip edip ony haýynlyk bilen häkimiýet başyndan aýyrýar we jezalandyrmaga buýruk berýär. Bu esaslandyrmaklyk jezalandyrma Barmakidiň tarapdarlary bolan Eýran feodal aristokrtiýasynyň wekilleri we beýleki feodallar ynjalykdan gaçyrýar (närazy bolýarlar). Bu närazyçylyk Harunyň ýagdaýyny gowşatjakdy. Ony bu ýagdaýdan, ejesi eýranly gyrnak bolan öz uly ogly Mamuny mundan bir ýyl öň Gündogar prowinsiýalaryna çalşyrylmasyz hökümdar edip bellänligi alyp galýar.Eýranyň bular ýaly awtonomlygy ýerli feodallaryň we şäheriň ýokary gatlaklarynyň zähmetkeş köpçülügini ezmäge bolan mümkinçülügini ýokarladyrýar.

Harun ar-Raşidiň ogly we ynyna ýöredi Halif Aminiň (809-813 ý) hökümdarlyk eden döwründe özara uruşlar giňden ýaýraýar.Eýranda ýygnanan Mamunyň goşuny Bagdady basyp alýar.Amin Bagdatdan gaçyp barýarka öldürülýar. Onuň ýerine dogany bolýär.

Halif Mamun (813-833 ý) iri medeniyet işgäri hökmünde giňden belli bolup, arap dili ylmynyň we edebiýatynyň ösmegüne ýardam edýär. Onuň goldawy esasynda (Mansuruň döwründe başlanan) terbiýeçilik işi ýaýbaňlanyp, belli gadymy grek we ellinistik ylmynyň we filosofiýasynyň arap dilini bilýän alymlara el ýeterli bolýar. Bir wagtyň özünde Eýran we Hindi medeniyetiniň käbir ýeten derejelerini özleşdirmek dowam etdirilýär.Mamunyň döwründe Bagdatda golýazmalara baý bolan “akylyň öýi” we şäheriň gyrasynda obserwatoriýa döredilýär.Medeniýetiň ýokary galmagy yslam ylmyny öwrenmäge hem oňaýly täsir edýär. Bu bilimli halyfyň

gatnaşmagynda musulmançylyň başlangyjy bolan kalama we kanuny ideologiýa diýip yglan edilen mutazilit dini ylmy işlenilip düzülýär.

VIII asyryň ortalarynda Abbasidler häkimýeti berkleşenden soň halyfatda köp wagtyň dowamynda içerki we daşarky arkaýynlygy dikeldildi.

Oba hojalyk, senetçilik söwda ösüp başlady. Täze kanallar gazylyp başlanýar. Şü döwürde öňki oba hojalyk böleklerinden hem başga täze görnüşleri hem emele gelip başlaýar.Halifatda sitrus agaçlary ilkinji gezek ösdürilip başlanýar. Ol sitrus agaçlary Hindistandan getirilipdir. Galla önümçüligi hem giň gerim alyp başlaýar.Käbir welaýatlar ýörüte oba hojalyk medeni ösümlikleri üçin ýörüteleşdirilipdir.Müsür galla, tüwi, zygyr, (len) we pagta önümlerini beripdir, demirgazyk Afrika prowinsiýasy zeýtun ýagyny beripdir. Siriýa we Palestina üzüm, gant gamyşyny, miweli önümleri beripdir.

Orta asyr geografiki al-Mukaddasiniň ýazmagyna görä Palestinada görnüşli oba hojalyk önümleri ösdürilipdir, Arabystan hurma ýetişdiripdir, Yrak bugdaý arpa ýetişdiripdir. Eýran we Azerbeýjan pagta ýetişdiripdir. Her ýerde has hem Azerbeýjanda Eýranda gök ekin hem bakja medeni ösümlikleri giňeldilýär. Arabystanda demirgazyk Afrikada, Eýranyň gündogar welaýatlarynda maldarçylyk ösdürilýär. Arabystanyň aty dünýäde şöhratlanyp başlaýar.

Şäher durmuşynyň hem önümçülik ýokary göterşi tapawutlanyp başlaýar. Şäher hünärmentçiligiň söwdanyň medeni merkezine öwrülýär.

## Abbasy Bagdat halyfatynyň içerki syýasaty.

Abbasitler döwlet dolandyrmakda merkezi diwany döredipdirler. Olaryň iň wajyp diwanynyň biri hem Haraç hasaplanýar. Ol esasanam döwletiň girdejisine uly badalga berýär.Ol salgyt hökmünde eýranlardan alandygy belli boldy.

Ol ýer salgydy hasaplanýar. Ikinji salgyt jyzýa salgydy. Ol hem eýranlardan alynan adam başyna salynýan salgyt. Ol salgyt diňe musulmanlardan alynmandyr. Musulmançylyga girdirenem şol salgyt bolupdyr. ýene bir salgyt, ol hem uşur salgydy. Ondan bir bölegi döwlete geçirilmelidi. Netijede halifatyň hazynasy Abbasylaryň döwründe iň baý hasaplanýar. Halif Mansuryň döwründe halifatyň hazynasynda 600 mln. dirhem (kümüş pul) we 14 mln. dinar (altyn pul) hasaplanýar. Harun ar Raşitde 900 mln. dinar, Muktafide 908 mln. dinar hazynada ýygnanypdyr. Halifatda poçta ulgamy hem giňden ýola goýlapdyr. Meselem Bagdat bilen Horasanyň arasynda poçta ýoly hereket edipdir. Poçta gatnawy Hemmedandan Reýe, Nişapura, merwe, Buhara, Samarkant tä Hytaýa çenli uzalyp gidýär Olar ylgaw hökmünde we atyň üstünde hereket edipdir. Poçta ulgamyň başlygy Sahib-Berid diýip atlandyrylypdyr. Halifatda tertibi saklamagy hem polisiýa ulgamy hem hereket edipdir. Halifleriň öz penekärleri bolupdyr. olar Halifi, olaryň maşgalasyny we şäherde düzgünlere seredipdirler. Olaryň ýolbaşçysyna Mutasipler diýip at beripdirler. Halifatda harby gullugy hem ýola goýlapdyr. Olar dürli welaýatlardan ýaş ýigitleri hem harby gulluga çagyrypdyrlar. Harby gullugy saklamak üçin Ikta ulgamy hem ýöredilipdir. Abbasi halifaty welaýatlardan düzülen iň uly welaýatlaryň atlarey şulardan ybarat: Günbatar Afrika, Müsür, Siriýa, Polistina, Hinjas, Iemama (Merkezi Arabystan), Ýemen, Bahreýn, Oman, Yrak, Azarbeýjan, Huzistan, Fars, Kerman, Mekran, Ermenistan, Tabarystan, Horosan, Horezm, Sogdy, Fergana we başgalary getirmek bolar. Netijede halifatda feodal gurluşyk emele gelýär. Halifatda diňe fellahlary (daýhanalary) gullary hem ulanypdyrlar. Olar esasanam agyr işlerde: kanal çekmek, gala galdyrmak, magdanlarda işlemek ýaly zähmet çekipdirler. Halifatda ykdysady derejesini ýokarlandyrmakda ekerançylygyň hrm paýy bolupdyr. Olar dürli welaýatlarda dürli ekinler ekipdirler. Yrakda Tigir-Ýefratyň derýalaryň

sähralarynda bugdaý, arpa, igde, şaly, künje, pagta ekipdirler. Sogd ülkesinde alma, erik, limon, armyt, nar, opelsin ýaly ekinler ekipdirler. Ol ýere ýer jenneti diýip at beripdirler. Parsda gül ekerdiler we ş.m. Umumy aýdanyňda halifatyň içerki syýasaty hem daşarky syýasaty ýaly giňden gerim alypdyr.

## Bagdat halyflygynda Zenjileriň ýagdaýy.

Abbasidler tagta geçenlerinde, omeýadlar halyflaryny tagtdan agdaran halk gozgalaňyny peýdalanypdylar. Halk gozgalaňlary dowam etdi. Gozgalaňyň köpçülügi täze ýolbaşçy, täze serdar saýladylar.

Şu uly gozgalaňa daýhanlar we şäherleriň plebeýler ilaty, kä halatlarda gullar hem gatnaşdylar. Agalyk ediji feodallar synpynyň käbir toparlary hem gatnaşypdyrlar.Ol Abbasidleriň dolandyrşyndan närazy bolup, häkimiýet ugrunda göreşipdirler.

Halk gozgalaňlarynyň esasy sebäbi deodallaryň döwlet dolandyrşyndan närza bolupdyrlar.

Halk köpçülügüniň agyr ýagdaýy, nädogry ýygnalýan salgytlar närazylygy ösdürüpdir.

571-nji ýylda Buharada uly gozgalaň bolupdyr. Onuň başynda Şarik durupdyr. Onuň gelip çykyşy arap, şaýy. Käbir maglumatlara görä şu gozgalaňa 30 müň adam gatnaşypdyr. Şu gozgalaňa diňe araplar däl, sogdiler hem gatnaşypdyr.

Şarygyň ýolbaşçylygyndaky şu gozgalaň feodallara, Halifata garşy bolupdyr. Abbasidleriň tarapynda, öňki gozgalaňlaryň serdary Abu-Muslim hem gatnaşypdyr. Abu-Muslim omeýadlary tagtdan agdaranlaryň biridir.Bu Abbasidlere golaý durmak bilen Şarygyň goşununa garşy çykypdyr. Gozgalaňçylar 37 günläp häkimýet goşunyna garşy söweşipdirler.Ýöne bularyň güýji Buharada syndyrylypdyr.

Gozgolaňa gatnaşanlardan öç alynypdyr. Şarygyň gozgalaňy bilen bir wagtda Harişitler ady bilen Yrakda, Arabbystanda, iri

gozgalaňlar başlanýar. Halyf goşunlary bu gozgalaňy 2-ýylda ýatyryypdyr.

Au-Muslimi nähili hem bolsa halk serdary hökmünde görülüpdir. Şol sebäpli 755-nji ýylda ony öldürdiler. Sebäbi halyflykda onuň abyraýy artyp başlaýar.Onuň öldürülmegi täze gozgalaňlaryň başlanmagyna getirdi.Gozgalaňlaryň merkezi 755-nji ýylda Nişapur we Reý boldy.Gozgalaňa Sumbat ýolbaşçylyk edýär. Ol gelip çykyşy boýunça hünärmentçilerden . Onuň tarapyna daýhanlar, hünärmentçiler, ownuk söwdegärler-araplar, sogdyýanlar, başgada dürli etniki toparlar, dürli dine ynanýanlar, isaýylar zorastrizmçiler, hurramitler gatnaşdylar.Gozgalaň 70gün dowam etdi . Gozgalaňçylar halyfyň goşunlaryny edip, birnäçe harby ýolbaşçylary öldürdiler.Ýöne gozgalaňçylar arakesmesiz söweşendikleri sebäpli güýji gowşaýar.Bularyň garşysyna birleşdirilen Huzistan farsa we Isfahan goşunlary çykdylar. Gozgalaňçylar Rede 3-gün saklandylar 4-nji güni ýeňildiler. Sumbat öldürüldi. Ýeňijiler gazaply öç alyp 3-müň adam öldürüldi.

Indiki uly gozgalaň 776-783 ýylda bolup geçdi.Oňa Haşim-ibn-Hakim ýolbaşçylyk etdi.Onuň lakamy Mukanna- "Mukanna"- "pokriwal bilen örtülen adam". Mukannanyň käri barada doly maglumat ýok. Ýöne örta asyr taryhçysy Narşahiniň ýazmagy boýunça, Mukanna kir ýuwyjy bolupdyr, başgada her hili maglumatlar bar.

Haçanda Mukanna Abbasileriň garşysyna çykyp bolanda onuň 60 ýaşy bar eken. Ony türmä basýarlar. Köp wagt Bagdat türmesinde bolýar. soňra gaçyp orta Aziýa gelýär.

Mukanna Merwe gelip närazy adamlary töweregine toplap başlaýar. Mukannanyň özi Amyderýadan geçýär. Buhara barýar. Onuň esasy merkezi Buharanyň golaýynda Narşah obasy bolýar. 776-nji ýylda gozgalaňçylar bilen halif goşunynyň arasynda ilkinji söweş bolýär. Söweşde gozgalaňçylar 700 adam ýitiripdirler.Şundan soň halif goşun ýolbaşçysy gozgalaňçylaryň serdary bilen söweşi gutarmak

barada gepleşjek bolupdyr. Ýöne şol ýylda ýene-de Narşahda täzeden gozgalaň başlanýar. Bu ýeriniň gabawy 4 aýa çekdi. Gozgalaňçylaram islegleri bilen ýaraglaryny taşlajakdäl. Şeýle ýagdaýda halyf goşunlary berkitmäniň aşagyny gazypdyrlar. Gozgalaňçylar güýçli garşylyga çykyp bilmediler.Halyf goşuny bu ýerdäki halk göreşiniň ojagyny ýok etdiler. Gozgalaň serdary we şol ýeriň häkimi öldürilipdir.Oba derbi-dagyn edilipdi.Galanlary Mukanna goşulypdyrlar we Kaşgadarýa jülgesinde berkleşip, gozgalaňyň esasy merkezleriniň biri bolan Sogdada ýerleşipdirler (Sogda-Sogdiana orta Aziýada taryhy oblast Zerewşan, Haşgadariýa derýalary)

Ýerli feodallar bir bada gozgalaňçylary goldan bolsalar soň Narşahdaky ýeňilşden soň hem döwlet goşunynyň taryhyna geçipdirler. emir uly goşun toplady. Goşunyň ýarysy ýygyndy goşun we bolanlary daýhanlardy. Goşuny 3-müň sany hünärmentçi ýarag bilen üpjün etdi. Goşunyň hemmesi bir bada Sogdy welaýata tarap sürüldi. Gowy taýýarlyk netijesinde 778-nji ýylda Samarkant alynýar. Şondan soň gozgalaňyň merkezi Sanama geçýär. Şu berkidilen şäheri halyf goşunlary gabapdyrlar. Gabaw netijesinde şäheriň içindäkiler daşyndan hiç hili kömek bolmanlygy sebäpli 783-nji ýylda berkitme eýelendi. Bu ýerde Mukanna hem ölýär. Gozgalaň gutardy ýöne köp wagtlap Abbasidlere göreş dowam etdi.

Mukannanyň gozgalaňlary bilen bir hatarda halifatyň başga welaýatlarynda ýagny Gürgende (kaspi deňziniň günorta-gündogar bölegi). Daýhan gozgalaňy başlanýar. Daýhan gozgalaňy “Krasnoznamennyh” (gyzyl baýdak, Surh alam) ady bilen başlanýar. Bu gozgalaň ilkinji bolup göreşiň alamatyny (simwolyny) gyzyl baýdak diýipdirler.

VIII-asyrda IX-başlarynda halifatda indiki gozgalaňlar üýçlenip başlady. Gozgalaň Müsürde, Irakda, Demirgazyk Afrikada başlandy. Azerbaýjanda hem gozgalaň giň gerim aldy. Feodallara garşy başlanan gozgalaň köp territoriýany eýeledi.

Harun ar Raşidiň dolandyran soňky döwürlerinde Isfikanda, Hamadanda, Reýda gozgalaň başlady. Halyf 20 müň goşun göýberip gozgalaňy ýatyrdy.

Tagt ugrundaky özara uruşlar Harun ar-Raşidiň ogullarynyň arasynda başlanyp , ol täze gozgalaňlaryň başlanmagyna getirdi. Indi gozgalaň 815-nji ýylda başlanyp, onuň başynda ýaş senetçi Babek durdy. Gozgalaň Azerbaýjandan goňşy welaýatlara geçdi.

Hemme ýerlerde hurramit sektanyň tarapdarlary Babekiň töweregine üýşüp başladylar. Bir Azerbaýjanda gozgalaňa ýygnananlar 300-müňe etdi.

Täze halyf Mamun (813-833 ý) ilkinji günden başlap gozgalaňçylara garşy göreşmeli boldy. Halyfatyň goşunlary yzly-yzyna ýeňildiler. Halif gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin ýerlere harby naçalnikleri orunbasarlaryny iberdi.Bu hakda Nizam al –Mülk şeýle ýazypdyr. Ýagny “Mamun Muhammede Kazwini we Azerbaýjany berdi”. Bularyň arasynda 6 gezek uly söweş bolýar. Ahyr soňy Hamidiň ogly Muhammet ölýär. Babek öz işini dowam etdirýär. Hurramçylar Isfihana dolanýarlar. Mamun Muhammediň ölümine gynanyp, onuň ýerine Abdallagy goýberýär. Bu tamryň ogly muňada Kürdüstany Azerbaýjany berýär. Babek Abdallahyň garşysyna durup bilmedi. Gizlendi goşuny dargady. 833-nji ýylda Isfihanda, Parsda, Azerbaýjanda, Kürdüstanyň hemme ýerinde gozgalaň başlandy.

Indiki halif Müstasim (833-842) harby reforma geçirdi. Hakyna tutma hemişelik goşun döretdi. Roformadan soň Babegiň garşysyna hemme halyflaryň goşununyň baş komandýuşisi Afşin-Haýdar ibn Kaus bellendi. Ol oňa taýýarlyk gördi. Gozgalaňçylar yza çekilmeli boldular. Babegiň goşuny Hurramitleriň berkleşdirilen merkezi –Baza tarap çekildi. Babek 837-nji ýylda ýeňilýär, Afişniňeline düşýär. ony halifat paýtagtyna getirip 4 bölege bölýärler.

Abbasidler döwletinde gulçylyk kop saklanypdyr.Gul zähmeti hemme ýerde gerek. Gullary Afrikadana getiripdirler. Olar getirilende Zanzibar adanyň üsti bilen getirilipdir. Bu adanyň arapça ady (az-zinjibar). Hemme gara reňklilere (gara deri) zinji diýipdirler.

Hemme gullary Günorta Irakkda jemläpdirler,has hem Derýaaralygynda. Ol ýerde elmydama suwarymly işler bolupdyr. Huzistanda gullar pagta we şeker gamşynda işläpdirler.

869 ýylda zinji gozgalaňy başlanyp, 14 ýyllap Derýaaralygynda we Huzistan welaýatynda gozgalaň dowam edipdir. bulara daýhanlar we birnäçe beduin tireleri hem goşulupdyrlar. Bulara Gündogar Arabystanda ownuk arap feodaly Ali ibn-muhammet ýolbaşçylyk edipdir. (sah.17, uçebn. 2)

## Zenjileriň gozgalaňy.

Mukannanyň gozgalaňlary bilen bir hatarda halifatyň başga welaýatlarynda ýagny Gürgende (kaspi deňziniň günorta-gündogar bölegi). Daýhan gozgalaňy başlanýar. Daýhan gozgalaňy “Krasnoznamennyh” (gyzyl baýdak, Surh alam) ady bilen başlanýar. Bu gozgalaň ilkinji bolup göreşiň alamatyny (simwolyny) gyzyl baýdak diyipdirler.

VIII-asyrda IX-başlarynda halifatda indiki gozgalaňlar üýçlenip başlady. Gozgalaň Müsürde, Irakda, Demirgazyk Afrikada başlandy. Azerbaýjanda hem gozgalaň giň gerim aldy. Feodallara garşy başlanan gozgalaň köp territoriýany eýeledi.

Harun ar Raşidiň dolandyran soňky döwürlerinde Isfikanda, Hamadanda, Reýda gozgalaň başlady. Halyf 20 müň goşun göýberip gozgalaňy ýatyrdy.

Tagt ugrundaky özara uruşlar Harun ar-Raşidiň ogullarynyň arasynda başlanyp , ol täze gozgalaňlaryň başlanmagyna getirdi. Indi gozgalaň 815-nji ýylda başlanyp, onuň başynda

ýaş senetçi Babek durdy. Gozgalaň Azerbaýjandan goňşy welaýatlara geçdi.

Hemme ýerlerde hurramit sektanyň tarapdarlary Babekiň töweregine üýşüp başladylar. Bir Azerbaýjanda gozgalaňa ýygnananlar 300-müňe etdi.

Täze halyf Mamun (813-833 ý) ilkinji günden başlap gozgalaňçylara garşy göreşmeli boldy. Halyfatyň goşunlary yzly-yzyna ýeňildiler. Halif gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin ýerlere harby naçalnikleri orunbasarlaryny iberdi.Bu hakda Nizam al –Mülk şeýle ýazypdyr. Ýagny “Mamun Muhammede Kazwini we Azerbaýjany berdi”. Bularyň arasynda 6 gezek uly söweş bolýar. Ahyr soňy Hamidiň ogly Muhammet ölýär. Babek öz işini dowam etdirýär. Hurramçylar Isfihana dolanýarlar. Mamun Muhammediň ölümine gynanyp, onuň ýerine Abdallagy goýberýär. Bu tamryň ogly muňada Kürdüstany Azerbaýjjany berýär. Babek Abdallahyň garşysyna durup bilmedi. Gizlendi goşuny dargady. 833-nji ýylda Isfihanda, Parsda, Azerbaýjanda, Kürdüstanyň hemme ýerinde gozgalaň başlandy.

Indiki halif Müstasim (833-842) harbby refforma geçirdi. Hakyna tutma hemişelik goşun döretdi. Roformadan soň Babegiň garşysyna hemme halyflaryň goşununyň baş komandýuşisi Afşin-Haýdar ibn Kaus bellendi. Ol oňa taýýarlyk gördi. Gozgalaňçylar yza çekilmeli boldular. Babegiň goşuny Hurramitleriň berkleşdirilen merkezi –Baza tarap çekildi. Babek 837-nji ýylda ýeňilýär, Afişniňeline düşýär. ony halifat paýtagtyna getirip 4 bölege bölýärler.

Abbasidler döwletinde gulçylyk kop saklanypdyr.Gul zähmeti hemme ýerde gerek. Gullary Afrikadana getiripdirler. Olar getirilende Zanzibar adanyň üsti bilen getirilipdir. Bu adanyň arapça ady (az-zinjibar). Hemme gara reňklilere (gara deri) zinji diýipdirler.

Hemme gullary Günorta Irakkda jemläpdirler,has hem Derýaaralygynda. Ol ýerde elmydama suwarymly işler

bolupdyr. Huzistanda gullar pagta we şeker gamşynda işläpdirler.

869-njy ýylda zinji gozgalaňy başlanyp, 14 ýyllap Derýaaralygynda we Huzistan welaýatynda gozgalaň dowam edipdir. bulara daýhanlar we birnäçe beduin tireleri hem goşulupdyrlar. Bulara Gündogar Arabystanda ownuk arap feodaly Ali ibn-muhammet ýolbaşçylyk edipdir. (sah.17, uçebn. 2)

## Zenji gozgalaňlarynyň giň gerim almagy.

Omeýýatlar agdarylandan soň, 750-nji ýylda häkimiýete Abbasylar gelýärler we olar tä 1258-nji ýyla çenli höküm sürýärler. Olar Ispaniýadan beýleki ýerleriň ählisini diýen ýaly birikdirýärler. Omeýýatlar diňe Ispaniýada saklanyp, 756-njy ýylda Kordowa halifligini döredýärler. Abbasylaryň iň güýçli döwri olaryň häkimlik eden 1-nji ýüz ýyllygydyr, ýagny VIII-nji asyryň II-nji, IX-njy asyryňam I-nji ýarymy. Soňra haliflikde bolup geçen dürli hili sarsgynlar bu halifligiň kuwwatyny peseltdi. Halifiň häkimiýetiniň peselmeginde hakyna tutma goşunyň hem uly paýy bar. Sebäbi olar soňra döwlet üçin howply elemente öwrülýärler. Hat-da halifi aýryp başgasyny hem goýup bilipdirler. 945-nji ýylda abbasy halifleriniň dünýewi häkimiýeti eýranly buidler tarapyndan alnyp, olara diňe dini häkimiýet galýar. Ýöne halifiň pata bermegi dünýewi häkimiýet üçin zerur bolupdyr. Meselem 1055-nji ýylda Togrul beg Bagdady alandan soň, halif tarapyndan başyna täç geýdirilenden soň, resmi taýdan soltan diýlip ykrar edilýär. VIII-nji asyryň ortalaryndan haliflikde ep-esli wagtlap içki we daşky progres duýlup ugraýar. Bu bolsa oba hojalygynyň, senetçiligiň we söwdanyň ösmegine gowy täsir edýär. Täze ýerleri açmakda, olary suwlandyrmak arrigasion setleri dikeltmekde uly işler edilýär. Halifligiň dürli ýerleri önüm öndürmek boýunça ýöriteleşdirilipdir. Müsürde

däne, şaly, pagta, Demirgazyk Afrikada zeýtun agajy, Siriýada we Palestinada üzüm, kenep, bagbançylyk ösüpdir. Geograf al-Makdisi Palestinada 36 sany dürli görnüşdäki oba hojalyk ekinleriniň ekilendigini bilmändir. Maldarçylyk ösüpdir.Atlar dünýä belli bolupdyr. Türkmen atlary. Şäherlerem ösüpdir. Olar medeniýetiň, senetçiligiň we söwdanyň merkezlerine öwrülipdirler. Iň uly şäher Bagdat bolupdyr. Bir sistema boýunça dolandyrylýan, salgyt salynýan we gümrük ýygnalýan merkezleşdirilen döwletiň döremegi söwdany ösdüripdir. Ähli Gündogary we Günbatary birikdirýän deňiz ýollary bir döwletiň elinde jemlenmegi, söwda ýollarynyň howpsyz bolmagy halifligiň dürli etraplaryndan merkeze gelýän söwdagärleriň sanyny artdyrypdyr. Bagdada bütin ýer ýüzinden dürli görnüşli harytlar getirilipdir. Halifligiň esasy söwda merkezleri Damask, Kair, Mary, Buhara, Samarkand şäherleri bolupdyr. Haliflikde flot ösüpdir. Gämili köp ýerlere gidipdirler. Şäherleri häkimler dolandyryp, olar merkezden bellenipdir. Olam ýerli feodallardan musulman ruhanylaryndan reýisleri (şäheriň başlygy) belläpdir. Ol şäherde 2-nji adam bolupdyr.

## 2

Abbasylar basybalyşlary dowam etdirmändirler. Olaryň esasy maksady merkezi häkimiýeti berkitmek bolup, olaryň esasy reformalary ýurdy merkezleşdirmäge, dinastiýanyň syýasy we sosial sütünini giňeltmäge gönükdirilipdir. Eger-de öň Omeýýatlar arap feodallaryna daýanan bolsalar Abbasylar arap dällere-de daýanypdyrlar, olara wezipe we emläk paýlapdyrlar. Edil öňküler ýaly ýurduň dini we dünýewi hökümdary halif bolupdyr. Ýöne 755-nji ýyldan soň weziriň wezipesi hem girizilipdir, we ol halifden soň ikinji adam bolup, halifiň graždan işleri boýunça orunbasary bolupdyr. Ýöne soňra meseleleri halif däl-de wezir çözüp ugrapdyr. Indi wezirleriň

ygtyýaryna halifiň konselýariýasynyň, dürli döwletler bilen diplomatik işleri, döwlet girdejileriniň we çykdajylarynyň edarasy, halifiň şahçy gwardiýasy, harby edara, köşk we beýlekiler geçipdir. Munuň özi weziriň wezipesiniň nähili ähmiýetli bolandygyny görkezýär. Şu wezipäni köp ýyllaryň dowamynda Barmanylaryň pars klany eýeläpdirler. Diňe Harun ar-Reşit (786-809) döwründe 802-nji ýylda ol Barmanylary häkimiýetden çetleşdirýär we olaryň bütin tohumyny ýok edýär. Dini işlerde halifiň kömekçisi kazy bolupdyr. Ol sud we magaryf işlerine ýolbaşçylyk edipdir. Yslamyň berkemegi we Abbasylaryň ýöreden dini syýasaty bilen baglylykda wagtyň geçmegi bilen kazynyň erki ýokarlanypdyr we ähmiýeti boýunça weziriňkä golaýlapdyr. Oňa şäherleriň, welaýatlaryň we belli ýerleriň kazylary boýun egipdirler. Welaýatlaryň başynda öňküler ýaly emirler durupdyr. Bu wezipe peýdaly-girdejili bolansoň wezipe üçin ummasyz köp çykdajy etmeli bolupdyr. Bagdat halifliginiň taryhynyň bütin dowamynda merkezi häkimiýet separatizme garşy berk göreşen-de bolsa, emirler özlerini patyşalar ýaly alyp barypdyrlar. Soňra olaryň esasynda garaşsyz Tulinitler (Müsür), Tahiritler, Saffaritler, Samanitler (Eýran, Orta Aziýa) emirlikleri ýüze çykypdyrlar.

Abbasylaryň geçiren döwlet reformasynda iň ähmiýetlisiniň biri maliýe wedomstwasynyň işiniň kämilleşdirilmesidir. Maliýe işlerine gözegçilik etmek üçin Ýokary hasap palatasy döredilip, ol ýurduň girdejisini we çykdajysyny hasaplapdyr. Poçta gullugy giňeldilýär we ösdürilýär. Wezirler poçta wedomstwasynyň üsti bilen döwlet dolandyryşyna gözegçilik edipdirler, aktiw-razwedka işlerini amala aşyrypdyrlar, çinowniklere gözegçilik edipdirler we halkyň ýagdaýyny gözegçilige alypdyrlar. Harun ar-Reşit döwründe poçta onuň eline geçipdir. Haliflikde goşun hem uly rol oýnapdyr. Onuň sany 160000-ňe ýetip,ol esasan horasanlylardan, berberilerden we türkilerden ybarat bolupdyr. Şeýle goşun uly çykdajylary talap edipdir. Bu goşun uly halk

hereketiniň öňüni alyp bilmändir we halifiň özüni gozgalaňçy feodallardan gorap bilmändir. Şonuň üçin hem halif Mutasim (833-842) köşk gwardiýasyny (gulamlardan ybarat) döredýär. Gulamlar-ýesir gullardan bolup, aýratyn şertlerde çagalykdan terbiýelenip, olar halifiň elindäki gözsüz ýarag bolupdyrlar. Bu-da soň olaryň güýçlenmegine we halife diýenlerini etdirip bilmeklerine getiripdir. Abbaslar döwründe  döwlet dini yslamyň sünni mezhebi bolupdyr. Halif allanyň «ýerdäki kölegesi» hasaplanypdyr. Onuň abraýy artypdyr.

Öňküler ýaly haliflikde ýer eýeçiligi döwletiň elinde bolupdyr. Eýeçiligiň esasy görnüşleri mülk, ikta, obşina ýerleri, taýpa ýerleri we başgalar. IX-njy asyrdan başlap ikta harby eýeçilik formasyna geçip ugraýar. Şol sebäpden hem ýerler harby we graždan gullugy üçin berilip başlaýar. XI-nji asyrda bolsa ol harby eýeçilik formasyna geçýär. Ýer alan feodallar öz ýerlerini miras düşýän etüäge çalşypdyrlar, gullukdan boýun gaçyrypdyrlar. Iktanyň çeşmesi hökmünde döwlet ýerleri hyzmat edipdir.Ýöne feodallar öz ýerlerine we daýhan obşina ýerlerine golaý ýerleri almaga dyrjaşypdyrlar. IX-njy asyrda feodal ýer eýeçiliginiň täze görnüşi wakf ýüze çykýar, ol öňem bolupdyr. Ýöne bu döwürde has güýçlenýär. Bu ýerler hökümdarlaryň dini edaralara we adamlara beren ýerleriniň esasynda ýüze çykypdyr. Olardan salgyt alynmandyr. Wakf diňe ýer däl beýleki eýeçilikdäki zatlaram bolup bilipdir. Ýagny lawkalar, kerwen saraýlar, hammam we başgalar. Beýleki bir tarapdan islendik musulman öz emlägini wakf edip bilipdir. Ýagny belli bir şertler bilen dini edaralara beripdir. Bu ýagdaý musulman ruhanylarynyň täsirini güýçlendiripdir. Köp dünýewi feodallar hem öz emläklerini ýasama ýagdaýda wakfa geçiripdirler. Bu bolsa feodallara-da, ruhanylara-da peýdaly bolupdyr. Netijede feodallar döwlet gullugyndan, salgyt tölemekden dynypdyrlar, ruhanylar bolsa özlerine degişli bolmadyk ýerlerden girdeji alypdyrlar. Döwlet häkimiýetini we hazynany gowşadypdyrlar. Uly ýer eýeleriniň özleri haliflerden

we olaryň garyndaşlaryndan bolupdyr. Uly emläge eýe bolmak bilen olar boş ýerleri özleşdiripdirler. Mysal üçin halif al-Mansur (754-775) döwründe şu maksatlar üçin 300000 dirhem göýberilipdir. Bulardan soň arap we arap däl feodallary uly ýer eýeleri bolupdyrlar. Käbir wezirleriň ýerleri ummasyz möçberlere ýetipdir. Soňra ýerlerdäki dikmeler haliflerden birugsat ýerleri eýeläpdirler. Obşina hem dargap başlaýar. Baý obşinnikler ýerleri bilen obşinadan çykyp ugrapdyrlar, ýerleri eýeläpdirler. Halifligiň käbir ýerlerinde ownuk daýhanlar agyr salgytlary tölemejek bolup öz ýerlerini wakfa geçiripdirler (şert bilen). Ýöne wagty geçenden soň eýesi ýa-da onuň nesilleri öz ýerlerinden dynypdyrlar we ýönekeý kärendeçilere öwrülipdirler. Bu döwürde-de öň bar bolan salgytlaryň ählisi tölenipdir , ýygnalypdyr.

**3**

Abbasylaryň halk gozgalaňynyň esasynda häkimiýete gelendiklerini belläpdik. Emma şol gozgalaň barybir dowam edipdir. 751-nji ýylda Buharada feodal ezilişine we halifata garşy Şarigiň baştutanlygynda uly gozgalaň başlaýar. Ol şaýy mezhebiniň wekili bolup, özem araplardan gelip çykandyr. At-Tabarynyň ýazmagyna görä onuň goşuny 30000-e ýetipdir. Öňki halk gozgalaňynyň baştutany Abu-Muslim halifi goldapdyr. Ol öz goşuny bilen Buharany gabap, 37 günden soň gozgalaňçylary ýeňipdir. Şarigiň gozgalaňy bilen bir döwürde gozgalaňlar harijit şygarlary astynda Yrakda we Arabystanda bolup geçipdir. Täsirli adam bolup ýetişensoň 755-nji ýylda Abu Muslimiň özi hem öldürilýär. Onuň öldürilmegi Sumbatyň baştutanlygynda täze gozgalaňyň (Nişapurda, Reýde) turmasyna sebäp bolupdyr. Soňra uly gozgalaň 776-783-nji ýyllarda Maweranahrda Mukannanyň baştutanlygynda bolup geçýär. Çen bilen şol döwürlerde «Gyzyl baýdaklylaryň» (Surh alam) gozgalaňy bolup geçýär. 869-883-nji ýyllarda Derýa

aralykda Zinjileriň (negrleriň) gozgalaňy bolup geçýär. Olaram birnäçe şäherleri (Obola, Ahwaz, Abadan, Basru we başgalar) uzak wagtlap elde saklamagy başarypdyrlar.

## Fatimi döwletiniň döremegi we syýasy gurluşy.

IX-asyryň 60-njy ýyllarynda Müsüriň emiri Ahmed ibn-Tulun öz häkimiýetini berkleşdirip garaşsyz döwlet döredýär. X-asyryň başyndan başlap Müsür Magrybda agalyk edýän şaýylar nesliniň özüne çekýän obýekti bolupdyr. Ol özüniň gözbaşyny Muhammediň gyzy Ffatimadan alyp gaýd-ýar. Birnäçe ýyllaryň söweşinden soň 969 ýylda Fatimanyň goşunlary Müsüriň paýtagty Füstatomy eýeläp, ýurdyň hemme ýerini eýeleýär.Fatima goşununuň baş konmanduýuşisi Jauhar munuň bilen kanagatlanman Siriýany hem basyp alýar. Şol wagtlar Siriýada Ihşididler nesli dolandyrýardy. Fatimidler goşuna ilki bilen Siriýanyň Damaska çenli eýelediler.

1037-nji ýylda Fatimidler Wizantiýalylar bilen ýaraşyk baglaşdylar. Ýaraşygyň esasynda fatimidler Halebbi (Aleppo) basyp alýar, şondan soň Siriýanyň hemme ýerini özüne birikdirýär. Karmatlara bolsa Siriýadan el çekendikleri üçin, her ýylda 20 müň dinar berjekdiklerine söz berdiler.[i] XI asyryň başlaryna çenli fatimidler döwletiniň sosatawyna Müsür şol wagtky Siriýa, Liwiýa,Palestina, Demirgazyk Arabystan, malta,sisiliýa,korsika adalary girdiler.Fatimidler dolandyryjýýylary X asyryň başynda haliflar titulyny kabul etdiler.

Şeýlelikde Gündogarda iki halif bardy.Diňe öz talaplary boýunça hakyky diýýärdiler.Iki halif öz arasynda biri-birini ýoldan çykan diýip borçly etdiler.

Fatimidleriň halify Muyzz (953-975) ýyllarda “hudaý ýok, diňe Alla bar, Muhammet onuň pygamberi” ýene-de “Ali Allanyň dosty”, diýip kesgitlemelerden soň öz adyny Alynyň nesli hökmünde aýat töwürden soň ýatlamaly diýip buýrupdyr.

Fatimidleriň buýrugy müsürman dünýäsiniň köp ýerinde, köp welaýatlaryndan, Medinede hem kabul edilipdir.
fatimidler –ismailit nesli. Ýakyn Gündogarda 909-1171 ýý dolandyrdylar.Öz gelip çykyşlaryny fati-madan alyp gaýtdylar.(Muhammetiň gyzy). Fatimanyň döwleti Tunisde döredildi. 10 asr. ortal-da F.dem.Afr. we 11 asyryň başynda Siriýany basyp aldy.
Aleppo şäheri Siriýada (heleb)
Ýemeniň dolandyryjysyna anna günündäki aýat-töwürde fatimiň halifini ýatlamak baradaky buýruguny ýetirmek üçin öz wekilini hem goýberdi. Şu buýruk Horosana çenli baryp ýetdi.Türk-oguzlardan bolan Togrul-beg Alinyň syýasatyny özüne zyýanly diýip kabul edýär we fatimidleriň tarapdarlaryny öz welaýatyndan kowýar.

1053-nji ýylda Abbasid halyfanyň goşun komandiýuşisi Aslan al-Basassir Bagdatda fatimitleriň ak baýdagyny galdyrýar. Onuň yzy bilen halyflykda başga uly şäherler hem baýdak galdyrýar. Pitneçi emir halyfa dokumende gol çekmekligi mejbur edýär. Beýlekisi we hemme abbasidler döwleti öz-özüne döwleti zor bilen alyp hasaplanýar. Fatimidler bolsa hakyky halyfmyş.

Fatimidler halyfy Emirden kömek sorap 500 müň dinar, iýmit, ýarag, eşik, at bermegini haýyş edýär.

Bagdad halyfaty goşuny Togrul-bekden almaly.Fatimidler irak işine goşulmaklygy çözüp bilmediler. Sebäbi şolo wagtlar Siriýada fatimid orunbasarlarynyň arasynda dawa başlanypdy. Halebde 3-güniň içinde üç sany dolandyryşyny çalyşdylar. Fatimidler uly kynçylyk bilen Siriýada ýagdaýy kadalaşdyrdylar. Abbasyň halyfy täze dokument çykardy. Dokumentde ýokary sud we beýleki wekiller gol çekdi. Ol dokumentde fatimidler haliflarynyň Aly gaýdýanlygy aýdylyp hemme esaslaryny ýatyrmaly diýip aýdylýar. Ýöne fatimidler öz basyp alan territoriýalarynda öz häkimýetini sakladylar.

Müsür täze halyfatyň merkezi bolupdyr. Fatimidleriň dolandyran döwründe ýurtda öndürüji güýçleriň ösýän wagtyna gabat gelipdir. Oba hojalygy, hünärmentçilik, sowda giň ýokary derejä ýetipdir. Müsüriň gallasy özüni hem-de goňşy prowinsiýalaryny we döwletleri ekläpdir. Müsür zygyry gorduň daşyda-da belli bolupdyr.

Hünärmentçilik önümleri hem ösüpdir. Matalar, aýna we küýze önümleri, kagyz, içerki we daşarky bazarlarda giň gerim alypdyr. Hünärmentçilik önümlerinde halyf monopoliýasy ýöräpdir. Halyfa iri hünärmentçilik ussahanalary degişli bolup, ony gerekli bolan çig mal bilen üpjün edipdir. Belli Täjik şahyry we syýahatçysy Nasir-i Husrau XI asyrda Müsürde bolup, hünärmentçilere oňat şertleriň döredilendigini belläpdir. Gämi gurluşygy hem uly orun tutupdyr. Sebäbi Müsür söwdagärleri Gündogar, Günbatar b-n ýakyndan aragatnaşyk bolupdyr. Afrikanyň içki welaýatlary b-n gatnaşyk edipdir.

Fatimidleriň basypalyjylykly syýasady tamamlanandan soň, häkimýeti berkleşddirýärdi. Önümçiligiň hemme görnüşlerinden salgyt almak girizilýär.

Fatimid haliflary özlerini ýeriň we imperiýanyň hususy eýeleri hasaplapdyr. Mundanam başgada döwlet fondundan ýer paýlamak giň gerim alypdyr. Paýlanýan ýer ikta (arapça feodallara agyşlanan paý ýeri. Orta asr. ýak. we ort. Gündogar) iri çinowniklere we harby nagalniklere erilipdir. Iktany alanlar soldat bermeli bolupdyr. Paý ýerleri dürli möçberde bolupdyr.Kärise, gulluk möhletide seredilişdir.

Arap taryhçysy Makrizi şeýle habar berýär. Ikta ilki-ilkiler uly möçberde däldi. Ýöne XII –asyryň ikinji ýarymynda haçanda döwlet işlerini çözmeklikde harby işleri ähmiýetli ýagdaýy eýelände Iotanyň möçberini has ulaldypdyrlar. XII asyryň başlarynda paý ýerleri 30 ýyllyk berilipdir. Bu ýagdaý döwlet öňünde öz orjuny ýerine ýetirmek üçin uly mümkinçülikdi.

Hususy ýer-mülk-iri çinownik-feodala degişli bolupdyr. Şu ýerleriň hususy eýeleri ýerlerini arkaýyn ullanyp bilipdir. Ýagny satyp,satyn alyp bilipdirler.Fatimidler dolandyran döwründe daýhanlar ýere berkidilen bolupdyr.Häkimiýet daýhanlar gaçmaz ýaly göreş alyp barypdyrlar. Döwlete girdeýji ýer salgytdan gelipdir.- haraž, bu ýeriň möçberine görä bolupdyr.Haraž pul we hakyky (natural) görnüşünde ýer salgydy-däne, hurma, wina,gök-önümler, mal, guş we ş.m. töläpdirler.

Salgydyň salynşy Aşaky Müsürde başga, Ýokarky Müsürde başga bolupdyr. Salgydyň möçberi görnüşi welaýatlara görä üýtgäpdir. Hasylly toprakdan ýylyň gelşine görä oba-hojalyk medeni ösümlügüň görnüşi boýunça kesgitlenipdir. Şeýle hem Nilde suwuň ýetýän ýerleri hem bagly bolupdyr. Orta asyr taryhçylarynyň habar bermegine görä Ýokarky Müsürde salgyt däne, tölenipdir, çen bilen 3 ardeba bugdaý her bir ferdana ýerden alnypdyr. Aşaky Müsürde salgydyň möçberi feddandan 3,5-dan 7-dinara çenli.

Ýer eýeçiliginiň salgydyndan soň, döwlet girdeýjisinde beýleki salgytlar, dürli harytlardan gümrük salgytlary uly orun tutupdyr.

Gurhan bilen keramatlandyrylan we kanuny diýip hasaplanan salgytlar we paçlar bilen bir hatarda din tarapdan keramatlandyrylmadyk ýa-da kanuny däl (arapça-maks-luks) salgytlar we paçlar alynypdyr.

“Kanuny” salgytlardan haraždan başga onluk ýagny ondan bir bölegi diýmek (üşür) “we bäşden bir bölegi” (hules) alynypdyr. Üşür salgytlaryny portlardaky musulman söwdägärleriniň harytlaryndan alypdyrlar, “bäşden ir bölek salgydy” (humsy) daşary ýurt harytlaryndan alynypdyrlar.Kä wagtlarda Humsy salgydyny pul bilen dälde haryt bilen alypdyrlar.Grek söwdägärleriniň Kair hökümedi bilen gepleşip bäşden bir böleginiň deregine Ondan bir bölegini töleýän

wagtlary hem bolupdyr. Deňiz portlarynda deňizýaka salgytlaryny hem alypdyrlar.

Döwlet girdeýjisi baradaky esasy çeşmeleriň biri müsürman dällere jan başyna salynýan salgyt bolupdyr. Şu salgyt her ýylda döwlet hazynasyna çen bilen 130 müň dinar getiripdir.Mal bakylýan ýerler, balyk tutulýan suw, harytlar,üstünden geçip gidýän ýa-da birnäçe wagt saklanýan harytlar , gul söwdäsi, senetçilik, Mekke zyýarata gelenler we ş.m. hemmesi halyf hazynasynyň girdeýjisiniň çeşmesi bolupdyr.

Döwlet çykdaýjysy şeýleräk bolupdyr: 300 müň dinar harby gullukçylara we çinownikleriň aýlygyna 300 müň köşgüleriň harytlaryna we başgada köşkleriň çykdaýjylaryna, 100 müň – jemgyýetçilik gurluşyklaryna,köpri ýol dürli jaýlar, abadançylyk maksatlara, 100 müň dinar hazynada ätiýaç üçin saklanypdyr.

## Fatimi döwletinde senetçilik we söwda.

IX-njy asyryň 60-njy ýyllarynda Müsüriň emiri Ahmet ibn Tulun garaşsyz döwletiň düýbüni tutýar. X-njy asyryň başlarynda şaýy dinastiýasy bolan fatimitler Müsüre göz gyzdyryp ugraýar. Fatimitler gelip çykyşy boýunça Muhammet pygamberiň gyzy Patmanyň neslinden bolupdyr. Abbasylaryň ýegenleri.

969-njy ýylda köp ýyllara çeken göreşden soň Müsüriň paýtagty Fustaty (köne Kair) soňra bütin Müsüri eýeleýärler. Fatimit serkerdesi Jöwher soňra goşunyny Siriýany basyp almaga iberýär. Fatimitleriň goşuny Siriýanyň Damaska çenli bolan ýerlerini eýeleýärler. 1037-nji ýylda Fatimitler häli-şindi musulman ýerlerine çozuş edip duran Wizantiýa bilen parahatçylykly şertnama baglaşýarlar. Şonuň netijesinde-de Fatimitler bütin Siriýany eýeleýärler. Fatimit halifi Muyz (953-975) « Alladan başga hudaý ýokdur, Muhammet onuň

resulydyr» diýen sözlerden soň «Aly Allanyň dostydyr» diýen sözi goşupdyr.

1053-nji ýylda fatimit serkerdesi Aslan Bagdatda Fatimitleriň ak baýdagyny galdyrypdyr. Ýöne Togrul beg olary çym-pytrak edip Bagdady eýeläpdir. Fatimitler yza çekilmäge mejbur bolýar. Abbasylar Togrul bege halasgär hökmünde onuň başyna soltanlyk täjini geýdirip, dünýewi häkimiýetden el çekýärler. Fatimitleriň merkezi Müsür bolýar. XI-nji asyryň ikinji ýarymynda Fatimit döwleti gowşap ugraýar. Halifiň häkimiýeti paýtagtda we onuň töwereklerinde ykrar edilipdir. Günbatara okgunly hüjüm edýän türkmenler hem Fatimitleriň elinden Damasky we Ierusalimi alýarlar.

## Eýýubiler döwletiniň döremegi we haç göterijilere garşy göreş.

1.Aýubitler döwletiniň haçlylara garşy. 2. Döwletiň içeriki syýasady. XI-asyryň ahyrynda Fatimidler Siriýa we Palestinanyň üstünden häkimligini ýitirdi. Bu welaýatlarda köp sanly ownuk knýazlyklar döredi. Bularyň başynda ýerli arap feodallary ýa-da türk-seljuk dolandyryjylary duran bolmaly. Feodallaryň häkimýet ugrundaky özara uruşlary gyzyl haçlylara bu ýerlerde birnäçe welaýatlary basyp almaga mümkinçilik döretdi.Göreşiň netijesinde iri gyzylhaçlylaryň döwleti döräp merkezi şäherleri Ierusalim, Tripoli, Edessi, Antiohi boldular. Gyzylhaçlylaryň baş döwleti Ierüsalim karollygy bolup Palestinany hem özüne birikdirdi. Şeýlede hem Siriýanyň Günorta bölegini hem aldylar. Ierüsalim karollygyna Edessi, Tripoli, Antiohi formal ýagdaýda garaşly boldular. Ýewropa rysarlary tarapyndan Gündogar ýurtlarynyň basylyp alynmagy gorkuly talaňçylykdy, musulman ilaty üçin ýyrtyjylykdy.

Gyzylhaçlylar öz döwletlerini guranlarynda daýhanlar, hünärmentçiler närazy boldular. Arap daýhanlary, hünärmentçileri täze hojaýynlaryň döwletini ýykmak üçin

birnäçe gezek synanyşdylar. Şeýlelikde 1125-nji ýylda Beýrut welaýatynda iri daýhan gozgalaňy başlandy. Ýöne gozgalaňlar basyp ýatyryldy. Musulmanlar dünýasinde gyzylhaçlylara garşy göreş diňe bir dini idelda bolman, musulman döwletleriň söwdasyny, ykdysady ýagdaýyny gorkuly ýagdaýa saldy. Gyzylhaç döwletleriniň döremegi bilen söwdada esasy ýeňilligi Italýan şäherleri bolan Genuýa, Wedesiýa aldylar. Şu şäherleriň söwdagärleri Gündogar we Günbatar aralygynda giň söwda etmeklige mümkinçilik gazandy. Italýan söwdagärleri diňe bir söwda etmek bilen meşgullanman, ýer eýeleri hem boldular.
Daýhanlar olar üçin pagta, gant gamşyny, apelsin ýetişdiripdirler. Şäher hünärmentçileri öz öndüren zatlaryndan obrok ( pul ýa-da haryt görnüşinde ) töläpdirler.

Gyzylhaçlylaryň garşysyna güýçli döwlet gerekdi. Şol döwletdede iri goşun, goşun hem ýeke bir baş kamanduýuşa berkidilen bolmalydy. Şeýle birleşdirilen herekede Siriýada Imad ad-Din Zengi ýolbaşçylyk etdi.Ol 1127-nji ýylda Iraga emir edip bellenipdi. Şondan soň ol 20-ýylyň dowamynda ýuwaş-ýuwaşdan ownuk knýazjylary birleşdirdi. Eýýäm1128-nji ýylda Zengi Siriýada esasy şäherleriň biri bolan Halebi eýeledi . Indi onuň döwleti bir tarapyndan Abbasid halyfaty bilen beýleki tarapdan ýer eýelän gyzylhaçlylar bilen serhetdeş boldular.

Eddesiň elden gidenine Ýewropany gorkuzdy we ikinji gyzylhaç ýörüşüni taýýarlamaga getirdi.

Şu ýörişe Fransuz Ýagadowik VII we german imperatory Konrada III –iň ýolbaşçylygynda Damaski gabadylar.Seýle hem bolsa Damask duşmanlaryň öňündedurmagy başardy, Ýewropaly karollar yza öwrülmäge mejbur boldular.

1146 ýylda Zengi ölenden soň döwlet onuň ogullarynyň arasynda paýlaşyldy. Ogullarynyň arasynda Nur ad-Din has tanymaldy. Ol gyzylhaçlylara garşy güýçli goşun döretdi. 1154-nji ýylda Damask eýeledi. ol antioh we tripol hristian ýer eýelerine garşy hüjüm etdi.

Gyzylhaçlylar Ortaýer deňziniň esasy ähmiýetli ýerinde ýerleşip, oz döwletini döreden hem bolsalar olaryň döwleti däldi. Olaryň mülkleri demirgazykdan günorta tarap uzalyp gidýän hem bolsa güýçli goşun gerekdi. Basypalyjylar öz arasynda duşmançylykly hereket edipdirler, musulman knýazlary bilen soýuz baglaşypdyrlar. Meselem Ierusalim dolandyryjysy Damask galanda ikinji gyzylhaç ýörüşine etmändir.

Gyzylhaçlylaryň ýagdaýy Nur ad-Diniň uly üstünlügünden soň, has agyrlaşypdyr, elmydama öz aralarynda garşydaşlyk edýän ownuk emirler we güýçli döwletler Nur ad-Diniň daşyna üýşüpdirler. Nur ad-Diniň emirleriniň arasynda gelip çykyşy boýunça kurt Şirkuh we Aýýub bolupdyr.

Ol Aýýuby Damask emir saýlaýar. Şirkuhy bolsa goşunuň baş komanduýuşisi edip belläpdir.

Bular Müsüri basyp almak üçin bellenipdir.Müsüre ýörüş etmek üçin oňaýly şert gerek.

Tiz wagtda Müsüriň işini bulaşdyrmak üçin oňat ýagdaý döräpdir. Kairde agdarylan wezirleriň biri Siriýa gaçyp Nur ad-Dinde kömek üçin ýüz tutýar, egerde üstünlük ganaýsa ýurdyň girdeýjisiniň 1/3-ni oňa berjekdigini söz berýär. Nur ad-Din maksadynyň uzaga gidişini yzarlaýar. Ýokarda aýdylşy ýaly Şirkuh kyn söweşden soň, 1168 ýylda Müsüre üçünji gezek girýär. Paýtagty eýeläpdir we baş wezirlige we baş komanduýuşilige saýlanýar. Hakykatda Müsürde Siriýanyň dolandyryjysy Nur ad-Diniň häkimiýeti döredilýär. Şirkuh ölenden soň fatima haliflygy Salah ad-Dine ýagny Şirkuhyň ýegenine ýerini berýär. Täze weziriň täsiri gyzylhaçlylardan Gazuwy basyp alandan soň has artýar.

1174 ýylda Nur ad-Din ölýär. Häkimiýet onuň ýaş ogluna geçýär. Ol bellenende Nur ad-Diniň maşgalasynyň beýleki agzalary we dürli emirler hem tamakin bolupdyr. Şeýle ýagdaýda Nur ad-Diniň bir ýegeni Damaskda ýerleşýär, beýlekisi Mmosulumda. Salah ad-Din hem Damaska goşun

bbilen girýär ýagny şäheri özüniň ýaş soýuzdaşyna gaýtaryp berilmegini talap edýär.Şäher söweşsiz boýun egýär. Salah ad-Din ýuwaş-ýuwaşdan Homsom Baalbek, Edesso, Hamo şäherlerini ele salýar. Ýöne şu şäherlerden birini hem Nur ad-Diniň ogluny tabyn etmedi. Maslahatçylar ýaşajyk Haleb dolandyryjysy dogan oglanyna kömek bermek üçin. Birleşdirilen guýç Hama şaherine girýärler we Salah ad-Diniň goşuny olary derbi-dagyn edýär. Soň Salah ad-din Halebi hem eýeläp özüni soltan diýip yglan edýär.

Salah ad-Diniň merkezi mülki Müsür hasaplan hem bolsa, ol ähli Siriýany basyp almak we Ierusalimden hiç göterijileri kowup çykarmak pikirinden eýe çekmeýärdi. Ol Siriýada özüniň erkitmeleri bolan we wagtal-wagtal haç göterijileriň hem-de musulman häkimiýetleriniň çozuş edip duran assasinamlar bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşýar. Sebabi assisinamlar emele gelen ýagdaýa aglylykda ýa-da haç göterijiler bilen ýa-da musulman häkimiýetleri bilen soýuz gatnaşyklara girýärdiler. (Salah ad-Diniň Siriýa bolan ýörüşünde assasinler 2-i gezek onuň janyna kast edýärder. Ýöne iki gezek hem ugruna bolmaýar.

Şonuň üçin hem Zengitlerden boýun egmezek emirler hem-de haç göterijiler göreş alyp barmak üçin, wagtlaýyn hem bolsaa, bu gorkuly garşydaşlary zyýansyzlandyrmalydy. Assasinler bilen bolan ýaraşyk şertnamasy köp wagtyň dowamynda bozulmandyr.

XII-asyryň 80-nji ýyllarynyň başlarynda Salah ad-Din ölenden soň, Salah ad-din ownuk knýazjaklary birleşdirdi şeýle hem Siriýany irleşdirdi. 1186-njy ýylda ol dölwet döretdi. Onuň döwletiniň düzümüne Müsürüň hemmesi, Siriýa (gyzylhaçly-laryň alan welaýatlaryndan başga) we Mesopatam ownuk knýazlary girdiler. Mosul dolandyryjysy Salah ad-Dina özüni wassal garaşly edildi. Şeýle hem gyzyl haçlylara garşy göreş üçin goşun we azyk bermekligini talap etdiler.

Salah ad-Diniň öz döwletini birikdirip gutarandan soň, indiki esasy meselesi gyzyl haçlylara garşy göreşmekden ybaratdy.
1 ýylyň dowamynda onuň goşunlary birnäçe gezek ýeňiş gazandy.Gyzyl haçlylardan Tabariýa, Sezareýa, Haýfa, Ýaffa, Saýda, Beýrut we ş.m. şäherleri aldylar.1187-nji ýylda Salah ad-Din Hatdinde gyzyl haçlylara garşy uly zarba urdy. Şu söweşde oňa Mosula dolandyrjysynyň goşuny uly kömek berdi.Bu söweşde Ierusalim koroly ele düşdi, onuň ýany bilen köp sanly ýolbaşçylary hem ele düşdiler.Şu ýylda musulmanlaryň eline Akka, Askalon, we Ierusalim düşdi "Keramatly şäheriň". Elden gitmegi hristian dünýäsine uly zarba urdy.

Ierusalimyň musulmandällerine töleg saldylar.Erkekler 10 dinar, aýallar 5 dinar, çagalar 2 dinar. Egerde töläp bilmeseler, ýagdaýy bolmasa gula öwrülipdir.Ierusalim korollygy öz ýaşamagyny es etdi.

Salah ad-Diniň goşunlary tarapyndan Ierusalimiň basylyp alynan wagtyndan başlap, haçly ýörüşleriň taryhynda öwrülüşik başlanýar.

## Eýýubiler döwleti we haç göterijilere garşy göreş.

XI-asyryň ahyrynda Fatimidler Siriýa we Palestinanyň üstün-den häkimligini ýitirdi. Bu welaýatlarda köp sanly ownuk knýazlyklar döredi. Bularyň başynda ýerli arap feodallary ýa-da türk-seljuk dolandyryjylary duran bolmaly. Feodallaryň hähimýet ugrundaky özara uruşlary gyzyl haçlylara bu ýerlerde birnäçe welaýatlary basyp almaga mümkinçilik döretdi.Göreşiň netijesinde iri gyzylhaçlylaryň döwleti döräp merkezi şäherleri Ierüsalim, Tripoli, Edessi, Antiohi boldular. Gyzylhaçlylaryň baş döwleti Ierüsalim karollygy bolup Palestinany hem özüne birikdirdi. Şeýlede hem Siriýanyň Günorta bölegini hem aldylar. Ierüsalim karollygyna Edessi,

Tripoli, Antiohi formal ýagdaýda garaşly boldular. Ýewropa rysarlary tarapyndan Gündogar ýurtlarynyň basylyp alynmagy gorkuly talaňçylykdy, musulman ilaty üçin ýyrtyjylykdy.

Gyzylhaçlylar öz döwletlerini guranlarynda daýhanlar, hünärmentçiler närazy boldular. Arap daýhanlary, hünärmentçileri täze hojaýynlaryň döwletini ýykmak üçin birnäçe gezek synanyşdylar. Şeýlelikde 1125-nji ýylda Beýrut welaýatynda iri daýhan gozgalaňy başlandy. Ýöne gozgalaňlar basyp ýatyryldy.Musulmanlar dünýasinde gyzylhaçlylara garşy göreş diňe bir dini idelda bolman, musulman döwletleriň söwdasini, ykdysady ýagdaýyny gorkuly ýagdaýa saldy. Gyzylhaç döwletleriniň döremegi bilen söwdäde esasy ýeňilligi Italýan şäherleri bolan Genuýa, Wedesiýa aldylar. Şu şäherleriň söwdagärleri Gündogar we Günbatar aralygynda giň söwda etmeklige mümkinçilik gazandy. Italýan söwdagärleri diňe bir söwda etmek bilen meşgullanman, ýer eýeleri hem boldular.
Daýhanlar olar üçin pagta, gant gamşyny, apelsin ýetişdiripdirler. Şäher hünärmentçileri öz öndüren zatlaryndan obrok ( pul ýa-da haryt görnüşinde ) töläpdirler.

Gyzylhaçlylaryň garşysyna güýçli döwlet gerekdi. Şol döwletdede iri goşun, goşun hem ýeke bir baş kamanduýuşa berkidilen bolmalydy. Şeýle birleşdirilen herekede Siriýada Imad ad-Din Zengi ýolbaşçylyk etdi.Ol 1127-nji ýylda Iraga emir edip bellenipdi. Şondan soň ol 20-ýylyň dowamynda ýuwaş-ýuwaşdanownuk knýazjylary birleşdirdi . Eýýäm1128-nji ýylda Zengi Siriýada esasy şäherleriň biri bolan Halebi eýeledi . Indi onuň döwleti bir tarapyndan Abbasid halyfaty bilen beýleki tarapdan ýer eýelän gyzylhaçlylar bilen serhetdeş boldular.

Eddesiň elden gidenine Ýewropany gorkuzdy we ikinji gyzylhaç ýörüşüni taýýarlamaga getirdi.

Şu ýörişe Fransuz Ýagadowik VII we german imperatory Konrada III –iň ýolbaşçylygynda Damaski gabadylar. Şeýle

hem bolsa Damask duşmanlaryň öňündedurmagy başardy, Ýewropaly karollar yza öwrülmäge mejbur boldular.

1146 ýylda Zengi ölenden soň döwlet onuň ogullarynyň arasynda paýlaşyldy.Ogullarynyň arasynda Nur ad-Din has tanymaldy. Ol gyzylhaçlylara garşy güýçli goşun döretdi. 1154-nji ýylda Damask eýeledi. ol antioh we tripol  hristian ýer eýelerine garşy hüjüm etdi.

Gyzylhaçlylar Ortaýer deňziniň esasy ähmiýetli ýerinde ýerleşip, oz döwletini döreden hem bolsalar olaryň döwleti däldi.olaryň mülkleri demirgazykdan günorta tarap uzalyp gidýän hem bolsa güýçli goşun gerekdi.Basypalyjylar öz arasynda duşmançylykly hereket edipdirler, musulman knýazlary bilen soýuz baglaşypdyrlar. Meselem Ierusalim dolandyryjysy Damask galanda ikinji gyzylhaç ýörüşine etmändir.

Gyzylhaçlylaryň ýagdaýy Nur ad-Diniň uly üstünlügünden soň, has agyrlaşypdyr, elmydama öz aralarynda garşydaşlyk edýän ownuk emirler we güýçli döwletler Nur ad-Diniň daşyna üýşüpdirler. Nur ad-Diniň emirleriniň arasynda gelip çykyşy boýunça kurt Şirkuh we Aýýub bolupdyr.

Ol Aýýuby Damask emir saýlaýar. Şirkuhy bolsa goşunuň baş komanduýuşisi edip belläpdir.

Bular Müsüri basyp almak üçin bellenipdir.Müsüre ýörüş etmek üçin oňaýly şert gerek.

Tiz wagtda Müsüriň işini bulaşdyrmak üçin oňat ýagdaý döräpdir. Kairde agdarylan wezirleriň biri Siriýa gaçyp Nur ad-Dinde kömek üçin ýüz tutýar, egerde üstünlük ganaýsa ýurdyň girdeýjisiniň 1/3-ni oňa berjekdigini söz berýär. Nur ad-Din maksadynyň uzaga gidişini yzarlaýar. Ýokarda aýdylşy ýaly Şirkuh kyn söweşden soň, 1168 ýylda Müsüre üçünji gezek girýär. Paýtagty eýeläpdir we baş wezirlige we baş komanduýuşilige saýlanýar.Hakykatda Müsürde Siriýanyň dolandyryjysy Nur ad-Diniň häkimiýeti  döredilýär.Şirkuh ölenden soň fatima haliflygy Salah ad-Dine ýagny Şirkuhyň

ýegenine ýerini berýär. Täze weziriň täsiri gyzylhaçlylardan Gazuwy basyp alandan soň has artýar.

1174 ýylda Nur ad-Din ölýär. Häkimiýet onuň ýaş ogluna geçýär. Ol bellenende Nur ad-Diniň maşgalasynyň beýleki agzalary we dürli emirler hem tamakin bolupdyr. Şeýle ýagdaýda Nur ad-Diniň bir ýegeni Damaskda ýerleşýär, beýlekisi Mosulumda. Salah ad-Din hem Damaska goşun bbilen girýär ýagny şäheri özüniň ýaş soýuzdaşyna gaýtaryp berilmegini talap edýär.Şäher söweşsiz boýun egýär. Salah ad-Din ýuwaş-ýüwaşdan Homsom Baalbek, Edesso, Hamo şäherlerini ele salýar. Ýöne şu şäherlerden birini hem Nur ad-Diniň ogluny tabyn etmedi. Maslahatçylar ýaşajyk Haleb dolandyryjysy dogan oglanyna kömek bermek üçin. Birleşdirilen guýç Hama şaherine girýärler we Salah ad-Diniň goşuny olary derbi-dagyn edýär. Soň Salah ad-din Halebi hem eýeläp özüni soltan diýip yglan edýär.

Salah ad-Diniň merkezi mülki Müsür hasaplan hem bolsa, ol ähli Siriýany basyp almak we Ierusalimden hiç göterijileri kowup çykarmak pikirinden eýe çekmeýärdi. Ol Siriýada özüniň erkitmeleri bolan we wagtal-wagtal haç göterijileriň hem-de musulman häkimiýetleriniň çozuş edip duran assasinamlar bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşýar. Sebabi assisinamlar emele gelen ýagdaýa aglylykda ýa-da haç göterijiler bilen ýa-da musulman häkimiýetleri bilen soýuz gatnaşyklara girýärdiler. (Salah ad-Diniň Siriýa bolan ýörüşünde assasinler 2-i gezek onuň janyna kast edýärder. Ýöne iki gezek hem ugruna bolmaýar.

Şonuň üçin hem Zengitlerden boýun egmezek emirler hem-de haç göterijiler göreş alyp barmak üçin, wagtlaýyn hem bolsa, bu gorkuly garşydaşlary zyýansyzlandyrmalydy. Assasinler bilen bolan ýaraşyk şertnamasy köp wagtyň dowamynda bozulmandyr.

XII-asyryň 80-nji ýyllarynyň başlarynda Salah ad-Din ölenden soň, Salah ad-din öwnuk knýazjaklary birleşdirdi şeýle

hem Siriýany irleşdirdi. 1186-njy ýylda ol döwlet döretdi. Onuň döwletiniň düzümüne Müsürüň hemmesi, Siriýa (gyzylhaçlylaryň alan welaýatlaryndan başga) we Mesopatam ownuk knýazlary girdiler. Mosul dolandyryjysy Salah ad-Dina özüni wassal garaşly edildi.Şeýle hem gyzyl haçlylara garşy göreş üçin goşun we azyk bermekligini talap etdiler.

Salah ad-Diniň öz döwletini birikdirip gutarandan soň, indiki esasy meselesi gyzyl haçlylara garşy göreşmekden ybaratdy.

1 ýylyň dowamynda onuň goşunlary birnäçe gezek ýeňiş gazandy.Gyzyl haçlylardan Tabariýa, Sezareýa, Haýfa, Ýaffa, Saýda, Beýrut we ş.m. şäherleri aldylar. 1187-nji ýylda Salah ad-Din Hatdinde gyzyl haçlylara garşy uly zarba urdy. Şu söweşde oňa Mosula dolandyrjysynyň goşuny uly kömek berdi.Bu söweşde Ierusalim koroly ele düşdi, onuň ýany bilen köp sanly ýolbaşçylary hem ele düşdiler.Şu ýylda musulmanlaryň eline Akka, Askalon, we Ierusalim düşdi “Keramatly şäheriň”. Elden gitmegi hristian dünýäsine uly zarba urdy.

Ierusalimyň musulmandällerine töleg saldylar.Erkekler 10 dinar, aýallar 5 dinar, çagalar 2 dinar. Egerde töläp bilmeseler, ýagdaýy bolmasa gula öwrülipdir.Ierusalim korollygy öz ýaşamagyny es etdi.

Salah ad-Diniň goşunlary tarapyndan Ierusalimiň basylyp alynan wagtyndan başlap, haçly ýörüşleriň taryhynda öwrülüşik başlanýar.

## Haç göterijileriň ýörişleri.

XI-XIII asyrlar musulman dünýāsi üçin uly synaglaryň döwri boldy. Sebābi içki garşylyklar zerarly tapdan düşen Apbasy halypalygy yslam dünýāsini dolandyrmakdan, musulmançylygy berkitmekden we onuň abraýyny dikeltmekden ejiz gelýārdi. Türkmenleriň

Gündogara ýaýramagy we halkara gatnaşyklaryna girişmegi bilen olar yslam dinine hossar çykdylar, ony içki agzalalyklardan, haçparazlaryň zor salmagyndan, ahyr netijede bolsa inçelip, üzülere gelen yslamy ýoly giňeldip, oňa bagtyýarlyk badalgasyny berdiler. Bu işlerde türkmeniň beýik-beýik gerçekleri āgirt uly iş bitirip, yslam taryhynda öçmejek yz galdyrdylar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň mukaddes Ruhnamasynda mynasyp orun alan şeýle gerçekleriň biri-de soltan Salaheddin Türkmendir.

Salaheddin öz döwründe Ýakyn Gündogaryň iň ýiti paýhasly we başarjaň hökümdary bolupdy.Ol XI asyryň ahyrlarynda başlan haçparazlaryň haçly ýörüşlerine degerli gaýtawul berip bilen, olary keramatly toprakdan kowup çykaran türkmen hökümdarydy. Şonuň üçin hem oňa yslam dünýāsi özüne we eden işine mynasyp at berdi: «Salah-ed-Din» - «diniň goragçysy» . Elbetde, Salaheddine bu derejā ýetmek aňsat düşmedi. Haçparazlar bilen bolan uruşlarda ol hemişe goşunyň we serişdeleriň ýetmezçiliginden ejir çekýārdi.

Haçly haçly ýörüşler barada ýewropalylar tarapyndan ýazylan kitaplarda Salaheddin (ony Saladin diýip atlandyrýardylar) hakyky esger, ynsanperwer we paýhasly hökümdar hökmünde hāsiýetlendirýārdiler. Elbetde, ol öz döwrüniň oglydy: kāhalatlar ynsanperwer, kāhalatlarda bolsa rehimsiz hem ýowuzdy. Şeýtmeseň ýaşap bolanokdy. Eger-de haçparazlaryň baronlarydyr graflary öz bāhbitlerini aran bolsalar, Salaheddin döwletiň we diniň bāhbitlerinden ugur alýardy.

Salaheddin 1138-nji ýylda Yrakda dogulýar. Onuň ata-babalary Ermenistanyň Dwin welaýatynda ýaşapdyrlar. Salahaddin atasy Şady beg özüniň ogullary Nejimeddin Eýýub we Asadeddin Şirkuh bilen Bagdada göçüpdir we Yrakdaky türkmen seljuk döwletiniň soltany Kyýaseddin Masuda (1133-1152 ýý) gulluga durupdyr. Masud ony Tigr

derýasynyň boýundaky Tikrit galasyna hākim edip belāpdir. Şady beg ölenden soň, onuň wezipesi ogly Eýýuba geçipdir. Ýöne 1138-nji ýylda Eýýub çaknyşyklaryň birinde belli seljuk begini öldüripdir. Şonuň üçin hem doganlar Eýýub bilen Şirkuh Tikritden gaçmaga mejbur bolupdyrlar. Çeşmeleriň şaýatlyk etmegine görā, doganlaryň Tikritden gaçyp giden gijesi Salaheddin dünýā inipdir. Tāze doglan oglanjyga Ýusup Nasyr diýip at dakypdyrlar.

Yrakdan gaçan doganlar Mosulyň we Halabyň seljuk atabegi Imadeddin Zeňňiniň (1127-1146 ýý) gullugyna durýarlar. Döwründe Eýub Imadeddini ölümden halas eden eken. Atabeg öz halasgārini gujak açyp garşylapdyr we ol Eýuby Baalbek şāheriniň hākimi edip bellāpdir. 1154-nji ýylda Eýub Ilameddiniň ogly Nureddine (1146-1174 ýý) Damask şaherini almaga-da ýardam edipdir.

Nureddin Zeňňi haçparazlardan Siriýanyň Edessa şāherini alypdyr. Şonda Eýubyň inisi Şirkuh hem özüni meşhur serkerde hökmünde tanadypdyr. Nureddin Siriýadan soň Müsüri eýelemegi ýüregine düwýār. Sebābi Müsüriň hökümdarlary bolan Fatimi halypalary (olar özlerini Muhammet pugamberiň gyzy Patmanyň – Alynyň nesilleri hasap edipdirler) ýurtdaky dolandyryşy bulaşdyrypdyrlar. Müsürde weziriň wezipesiniň üstünde iki sany dalaşgār dawa edipdirler. Olaryň biri Şawer ýeňlip Nureddiniň köşgüne gelipdir we ondan kömek sorapdyr. Ýagdaýdan Nureddin peýdalanypdyr we ol Müsüre Şirkuh bilen Salaheddini iberipdir.

Şirkuh Şawere wezirligi alyp beripdir. Emma Müsüre gelen türkmen goşunlary nāme üçindir yzyna gitmeýārdiler. Şonuň üçin hem Şawer Iýerusalimiň haçparaz patyşasy Amori I-den türkmenleri Müsürden kowmak üçin kömek sorapdyr. Haçparazlaryň kömegi bilen Şawer Şirkuhy Müsürden gitmāge mejbur edipdir. Ýöne birnāçe wagtdan soň Şirkuh dolanyp gelipdir we 1167-nji ýylda

Aleksandriýany eýeläpdir. Ýene-de uruşlar başlapdyr. Haçparazlar müsürlilere kömek berýändikleri üçin her ýylda on müň altyn dinar alýan ekenler. Ýöne Müsüriň gowşaklygyna göz ýetirip, haçparazlar ýurdy basyp almagy we onuň hazynasyna eýe bolmagy ýüreklerine düwýärler. 1168-nji ýylda haçparazlar müsür goşunlarynyň ýeňsesinden zarba urupdyrlar we ýurdy talamaga girişipdirler. Gorkusyndan zähresi ýarylan Fatimi halypasy Nureddine çapar gönderipdir we ondan ýurdy haçparazlardan goramaga kömek bermegini sorapdyr. Atabege iberilen hatyň içine halypa öz aýallarynyň saç böleklerini salypdyr. Hatyň soňunda:“ Saçlaryny iberýän aýallarym seni pereňler (Gündogarda ýewropalylary şeýle atlandyrypdyrlar.) tarapyndan geljek betbagytçylyklardan goramaga çagyrýarlar,, diýlip ýazylypdyr.

1169-njy ýylda atabegiň serkerdesi Şirkuh haçparazlary Müsürden kowupdyr. Şundan soň Şirkuh satlyk we gorkak weziri ýok edipdir we ol Fatimi halypasynyň baş wezirine öwrülipdir. Emma şol ýyl Şirkuh aradan çykypdyr we Salaheddin onuň ornuna geçipdir. Ýaş wezir haýal etmän döwletiň içinde tertip-düzgüni ýola goýmaga girişipdir. Ol Bagdatda oturan sünni halypasyny ykrar edipdir we şaýylaryň hökümdary bolan Fatimi halypasyny agdaryp, ähli häkimýeti öz eline alypdyr. Öňler Müsüriň goşunlary berberilerden, sudanlylardan we ermenilerden durýan bolsa indi Salaheddin olary türkmen atlylary bilen çalşyrypdyr. Özbaşdak dolandyryşyň ilkinji ýyllarynda Salaheddin öz döwletine täze-täze ýerleri birikdiripdir. 1172-1173 nji ýyllarda Salaheddiniň serkerdesi Garaguş Demirgazyk Afrikanyň kenarýaka ýerlerini, 1174-nji ýylda bolsa onuň inisi Turanşah Ýemeni eýeleýär. Şeýlelikde XII asyryň 80-nji ýyllaryna çenli Salaheddin Türkmen musulman dünýäsinde iň kuwwatly hökümdara öwrülýär. 1174-nji ýylda Nureddin ölenden soň Salaheddin Damasky eýeläpdir

we Müsür bilen Siriýany öz içine alýan uly döwleti – Eýýubiler döwletini esaslandyrypdyr. 1175-nji ýylda Bagdat halypasy ony soltan hökmünde ykrar edipdir.

Salaheddin Türkmeniň hökümdarlyga gelen wagtlary Ýakyn Gündogaryň uly synaglary başdan geçirýān döwürleridi. Sebābi indi ýüz ýyla golaý wagt bāri ýewropaly haçparazlar bu ýerlere yzygiderli hüjüm edýārdiler we onuň iň gowy ýerlerini eýeleýārdiler. Rim Papasy bolsa olary hasda öjükdirýārdi musulmanlaryň elinden „Isanyň tabydyny" gaýtaryp almaga çagyrýardy Munuň üçin yzly-yzyna haçly ýörişler geçirilýārdi. 1096-1099 , 1147-1149-nji ýyllarda geçirilen 1-2-nji ýörişleriň netijesinde haçparazlar Kiçi Aziýadan tā Müsüre çenli aralykdaky baý kenarýaka şāherleri eýelemegi başardylar. Basybalyşlaryň netijesinde bu ýerlerde haçparazlaryň dört sany döwleti – Edessa we Tripoli graflyklary, Antiohiýa begligi we Iýerusalim karollygy döredildi. Bularyň iň güýçlisi Iýerusalim karollygy bolup, bu döwlet beýleki üç haçparaz döwletinede diýenini etdirip bilýārdi.

XII asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyrlarynda Salaheddin musulmanlaryň gideren ýerlerini gaýtaryp almak üçin haçparaz döwletleri bilen uzaga çeken uruşlara başlady. Bu döwürler haçparaz döwletleri üçin hem ýeňil ýyllar bolmandy. Sebābi türkmen Soltany olary ýuwaş-ýuwaşdan gysyp, ellerinden şāherleridir galalaryny alýardy. Iýerusalimiň karoly Balduine ýurduny goramak iş bolýardy. Balduin Salaheddiniň iru-giç haçparazlary derbi-dagyn etmese ynjalmajagyny bilýārdi. Şonuň üçin hem karollykda adatdan daşary salgyt girizildi, Ýewropa bolsa tāze haçly ýörişi wagyz etmek we kömek soramak maksady bilen döwletiň baş ruhanysy Irakliniň baştutanlygynda uly topar ugradyldy.

Karol Balduiniň ýagdaýy gözgynydy. 80-nji ýyllaryň başlarynda ýyl-ýyldan beterleýān heýwere keseli ony aldym-

berdime salýardy. Ol öz köşgünde gün-günden çüýräp barýardy. Şonuň üçin hem ol öz tagtyny aýal doganynyň ogly ýaşajyk Balduine bermegi we Balduinjik kämillik ýaşyna ýetýänçe kakasy Gwido Luzinýany onuň atabegligine bellemegi karar etdi. Emma Gwidonyň haçparazlaryň arasynda abraýy pesdi. Ýöne, tötänleýin, Gwidonyň abraýyny galdyryp biljek ýagdaý ýüze çykdy. Salaheddiniň uly bolmadyk goşuny karollygyň iň baý etraplarynyň biri bolan Galileýa çozup girdi. Balduin haýal etmän rysarlardan we haçparaz ordenlerinden (guramalar) uly goşun ýygnady. Ol goşun 1300 sany rysardan we 20 müňden gowrak pyýada goşundan ybarat boldy. Bu goşunyň serkerdeligine Patyşa Gwidony belledi. Balduin şeýtmek bilen Salaheddini ýurtdan kowmak., şeýle hem Gwidonyň abraýyny galdyrmak isledi. Gwido Luzinýan haýal-ýagallyk edip ýeňişi elden giderdi. Işini bitiren Salaheddin bolsa arkaýyn ýurduna dolandy. Gazaba münen karol Gwidony haçparazlaryň suduna berdi. Emma Gwido gaçmak we Askalon şäherinde gizlenmek başartdy.

1185-nji ýylda Salaheddin Iýerusalimiň karoly bilen uruşlary bes etmek barada şertnama baglaşdy. Emma parahatçylyk haçparazlaryň günäsi bilen uzaga çekmedi. Haçparaz rysarlar häli-şindi Müsüriň we Siriýanyň ýerlerine çozuşlary gurap, galtamançylyk edýärdiler, söwda kerwenlerini talaýardylar. Bu işde aýratyn hem Karak galasynyň haçparaz häkimi Reno (Redžinald) Şatilýonly talaňçylykda ýakasyny tanadanlaryň biridi. Reno kähalatlarda öz dindeşlerini talamakdanam gaýtmaýardy. 1186-njy ýylda Iýerusalimde tagta çykan Gwidonyňam bu näkes galtamana edip bilen çäresi bolmady. Gwido Salaheddin bilen gatnaşyklaryň ýitileşmeginden öler ýaly gorkýardy. Oňa parahatçylyk diýseň zerurdy. Emma Reno Salaheddin bilen haçparaz döwletlerini çaknyşdyryp biljek has mojuk işlere baş urýardy.

## Napoleon Banapardyň Müsüre ýörişi.

Fransiýa Buržuaz rewolýusiýasynda öň hem Müsüri basyp almaga hyýallanýardy, rewolýusiýadan soň bu mesele çyňyrdadyldy. Fransiýa Müsiri “iňlisleri hemişe gorky astynda çaklamak” üçin wajip harby strategik meýdany (ýeri) hökmünde görýärdi. Şol bir wagtyň özünde Müsür Fransiýanyň azyk we fransuz senagatyň çig mal bazasy hökmünde garalýardy.

1797 – nji ýylda Osman imperiýasynyň güýçden gaçanlygyndan peýdalanyp Napolýon Banapardyň bar territoriýa. Müsür harby ekspedisiýasy baradaky taslamasyny hödürledi.

Müsür ýörişi gizlin syrda saklanylýardy. Iňlisler fransuzlaryň Britan adalaryna çozmagyna garaşyp berkitme işleri geçirilýärdi. Admiral Nelsonyň eskadrasy orta ýer deňizde Gibreltar dogaryny goraýardy.

1798 – nji ýylda Gurbansoltan aýynda Napolýon Banapard Gündogar goşunlarynyň (armiýa) baş serkerdeligine bellenilýär. Magtymguly aýynda fransuz goşunlary (38000) Günorta Fransiýanyň we Italiýanyň portlaryndan ýolla durdylar we Aleksandriýanyň kenar ýakalaryna geldiler. Napolýon Banapard gyssagly öz goşunlaryny kenara çykmagyna buýurdy. Ilatyň garşylyk görkezmeginde garamazdan Gorkut aýynda Aleksandriýanyň basyp aldy. Şäheriň ýokary gatlagynyň ünsüni özüne çekmek bilen Napolýon şäherde özboluşly dolandyryş sistemasyny döretdi. Şäheri dolandyrmak wezipesini şäheriň öňki häkimiň Muhammet al – Kuraymu we şeýle Muhammet şeýh Muhammet al – Musri berildi.

Müstileriň we baş şeýileriň ýygnagy çagyryldy. Bu ýygnakda dabaraly diklorasiýa gol çekildi. Bu diklorasiýada:

“Bu ylalaşyk, Aleksandriýa şäheriniň tanymallaryň we şäherde ýerleşýän fransuz goşunlarynyň baş serkerdesiniň arasynda ... Şeýhleriň fransuz goşunlaryna garşy dönüklik emeljesi etmejesini we olara garşy hiç hili dil dümürege geçmejekligi ... Baş serkerde öz gereginde Aleksandriýa şäher ilatyna fransuz esgerleri tarapyndan azar berilmejegine, garakçylyk ... ilatyň dinini üýtgetmege rotlandyrmajygyna ... Halkyň emlägine degilmejegine söz berýär”

Şol bir wagtyň özünde Napolýon Kaýir patyşasyna Müsürde hakyky häkimiýeti dikeljekligi barada we arabozar mamlýuklary jezalandyrjakdygyny bildirýän bir hat ýazdy.

Kaýirda Aleksandriýada farnsuz goşunlarynyň gelenligi eşidilen badyna Ibrahim beg we mamlük beglerini, din adamlaryny we kazylary ýygnady. Murat begiň ýolbaşçylygynda umumy goşun döredilmegine we fransuzlary Kaýiriň eteginde garşy alynmagyna karar ((edildi)(berildi)).

21. 1798 – nji ýylda Gorkut aýynda piramidalaryň eteginde aýgytly söweş bolup geçdi. Mamlük atlary derbi dagyn edildi, goşunyň galan bölegi Myrat begiň ýolbaşçylygynda ýokarky Müsüre gaçdy. Bular bilen birlikde Ibragim beg hem gaçyp Siriýa geçdi. Kaýirdan soňra fransuzlar Deltanyň beýleki şäherlerini hem basyp aldylar. Piramidalaryň etegindäki söweşden soňra fransuz goşunlaryna diňe selahlar we beduinler garaşsyzlyk görkezdiler.

Napolýon aşaky Müsür basyp alanyndan soňra bu ýerleri goramak dolandyrmak we talamak işleri bilen meşgul boldy. Ol ýerli halky oýnamak (politikasyny) syýasatyny alyp barýardy. Ol özüni bütün musulmanlaryň dosty we mamlüklaryň duşmany diýerdi. Şol bir wagtyň özünde hem halky gorky içinde saklamaga synanşýardy.

Kimde kim fransuz hökümetine garşylyk görkezse ... diýýärdi.

Ruhnama aýynda “uly diwan” döredildi. Muňa 3 şeýh, 3 täjir, 3 oba şyhy, bir sellah we 1 bedewin girýärdi. Şu şekilde

beýleki prowinsiýasynda hem diwanlar döredildi. Bu diwan hiç hili güýji ýokdy. Olaryň borjy etrapa (isleglerine) gözegçilik etmek, arzalary Banaparda ýetirmek, obalar arasynda uruş bolmazlygyna gözegçilik etmek.

Ýörişden öň salgytlar iň az möçberde alynmalydyr diýen Napolýon, Müsüri basyp alynandan soňra fransuz häkimiýeti salgydyň öňki möçberiniň galmalydygyny hakynda buýruk berildi. Köp mamlüklaryň emläkleri elinden alyndy. Täjirler köp mukdarda kontribusiýa töleýärdiler. Atlar we beýleki öý haýwanlary ilatyň elinden alynýardy.

Koptyllar – salgyt toplaýjylar bu wezipe üçin pul töleýärdiler. Bütin ýerleriň we beýleki emläkler belligi alynmaly diýip yglan edildi.

Talaňçylygyň ýene täze bir görnüşi bolup – senetçiliklere, ownuk täjirlere manafaktura eýelerine lisendiýalary satmak arkaly amala aşyrylýardy. Waksňmalary we ýerleri hem salgyda tawy tutulýardy.

Fransuz esgerleri kerwenleri talaýardylar. Halky talamaga mümkinçilik bolan ýagdaýynda talanylýardy. 40 aýyň içinde gaznasyna Müsürden 80 mln fran girdi.

Müsür halky bu talançylyklara garşylyk görkezýärdi, fransuz dur ýerleri öldürilýärdi, azyk we mallaryny gizleýärdiler, salgyt toplamana gelen toparlary ýok edilýärdiler.

Müsür halkyň 3 – 4 aýyň içinde (öz hatyrymyza gorars) köşeşdiriş diýilen maksat başa barmady. Rorette, Aleksandriýa we Kaýirde halk aýaklanmalary başlady.

1798 – nji ýylyň Alp Arslan aýynda Admiril Nelsonyň ýolbaşçylygynda ýolbaşçylygyndaky iňlis eskadrasy Abikar buhtasyna girdi – Aleksandriýadan uzakda bolmaýan ýerde ol ýerdäki fransuz flotyna zarba urdy. Fransuzlaryň 15 gämisinden 4 – si Malta gaçmagy başardy, galanlary bolsa ýakyldy, gark edildi we olja ýesir alyndy.

Fransuzlaryň bu ýekillikleri Müsür halkyna täziden güýç gazandyrypdyr. Fransuzlar zulumyny barha güýçlendirdi. Napolýonyň almagy we her gün olaryň Kaýiriň köçelerinde jezalandyrylmagyny emretdi. Emma bu buýruk köp sanly gozgalaňlaryň başlanmagyna sebäp bolupdy. Mansurda uly gozgalaň turdy. Bu gozgalanyň ýolbaşçysy bolan Aleksandriýa häkimi Muhammet al – Kareými, jezalandyrylmagyna garamazdan Ruhnama aýynda obalaryň, şäherleriň ilaty, daýhanlar we bedewinler birigip uly ýöriş başladylar.

Müsürleriň fransuzlara garşy aýgatlyýjy göreşi 1798 – nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynda Kaýir gozgalaňy boldy.

Bu gozgalaň başlamagyna fransuzlaryň täze salgydyň girmegi we emläkleri hasaba alynmagyna synanşyklary esasynda başlady.

Bu buýruk yglan edilenden soň närza halk köçeleri (dökülmege) ýygnanmagyna başlady. Ilki bilen şäher derýasynyň ýanyna gidip ondan Bonapark bu salgydy ýatyrylmagyna haýyş bilen ýüz tutmagyny islediler. Kazy mundan ýüz öwürüp şäherden gaçyp gitdi, nägili halk güniň tozdurdylar. Müsürler (arançylar) minaralardan halky gozgalaňa çagyrýardylar. Gozgaňçylar al – Arhes metjidiniň töweregine ýygnanşdylar. Bularyň sany 25 müň adam töweregi bardy.

Fransuzlar gozgalaňçylara garşy toplamasyny çekdiler we 4 sagadyň dowamynda olary top okuna tutupdyrlar. Obalardan gelen kömekçileri şähere goýbermediler.

Gozgalaň basyp ýatyrylandan soňra talançylyk, represiýalar, tusag işleri we jezalar geçirildi. Gozgalanyň 6 ýolbaşçysy jezalandyryldy, olaryň kelleleri şäheriň belentliklerinde halky gorkuzmak üçin dikeltdi.

Gozgalaňdan soň fransuzlar şäherde berkitme işlerine port gurluşygyna başladylar. Bütin fransuzlar şäherleriň her kwartorlaryna etrabyna geçirildi. Türklerde, ýaş

mamlüklardan Sudan negorlardan ybarat bolan kömekçi bölekleri, toparlary döretmege başladylar.

1798 – nji ýylyň Sanjar aýynda Murat begiň goşunyndan bolan bütin türkleri albanlary we hristýanlary tussagdan boşadyp olary harby gulluga çagyrdy. Napolýon bedewi taýpalary bilen (ýaraşyk şertnamalaryny) soýuzdaşlyk barada ylalaşyklar geçirmäge başlady. Soňra Napolýon Siriýa ýörişe howlukdy. Türk goşunlaryny gelýän ugruna tarap goşuny sürdi. Porta 1798 – nji ýylyň Ruhnama aýynda Angliýa we Russiýa bilen ylalaşyp Fransiýalara garşy "mukaddes söweşi" yglan edipdi we Napolýon bu goşuny Müsürde garşy almagy gorkýardy.

Başda Siriýa sapary – ýörişi soňly bolupdy. 1799 – nji ýylyň Al – Hariş Gara, Ýaffa, Haýfa şäherleri basyp alyndy. 20 müň mamlýük asmiýany derwi dagyn edildi. Emma fransuzlar Akkada togtadyldy.

Briniz ýoly bilen getirilýän fransuz toplary iňlisler tarapyndan ele geçirildi. Iňlis eskadrasy akka buhtasyna geçip ýerlere – kömek berdi. Fransuz hüjümleri yzyna seppidirildi. 70 günlik gabawdan soňra fransuz urugy erkilmege karar berdiler. 1799 – nji ýylyň Magtymguly aýynda Napolýon ilkinji gezek yza çekilmäge başlady. Şeýlelikde Siriýa ýorişi şowsuz tamamlandy.

1799 – nji ýylyň ýarynda Napolýon gerlin Fransiýa gitdi. Ol ýerde bolsa, general kleýberi goýdy.

## Müsür XIX asyrda.

1801 – nji ýylda Türk – fransuz parahatçylyk ylalaşygyna görä Müsür türk soltanlygynyň garamagyna gözegçiligine geçirdi. Emma porta Müsüri dolandyrmaga mümkinçiligi ýokdy.

1803 – nji ýylda Kaýir birleşen mamlük goşunlary hem – de Osman goşunlarynyň Alban korpusy tarapyndan

eýelendi. Bu korpusa polkownik Muhammet Aly ýolbaşylyk edýärdi.

1802 – nji ýylda Türkler Müsür mamlüklaryna garşy uruş açdylar. Emma 1804 – nji ýylda Damanhuryň eteginde şowsuzlyga uçradylar (türkler). Bu ýeňişiň netijesinde mamlük häkimiýeti dikeltjek ýalydy, emma şol ýylda mamlüklaryň eden – etdiligine garşy halk köpçüligi gozgalaň tuzdurdy. Muhammet Aly öz korpusy bilen gozgalançylary sollady. Netijede mamlüklar Kaýirden kowuldy. Türk bazasy yzyna dolandy we Muhammet Aly onuň orunbasary wezipesine bellenildi.

Türk bazasynyň häkimiýetiniň dikeldilmegi Kaýir ilatyna ýeňilikler getirmedi. Talançylyklar, emläk alynmalar başlady. 1805 – nji ýylda täze gozgalanyň başlanmagyna sebäp boldy. Kaýir ruhanylaryň gollamaga, täjirler we senetçiler Muhammet Alynyň häkimiýet başyna getirdiler. Para ýurtdan çykaryldy.

Türk soltanyň Muhammet Alynyň häkimiýet başyna geçmegini ykrar etmegi mejbur boldy we oňa garşy harby hereketlerinden el çekdi.

Türk – iňlisler söweşi wagtynda 1850 – nji ýylda iňlisler Aleksandriýa we Rozette köp sanly desant düşürdi. Muhammet Aly bulara garşy bütin goşunlaryny mobilizirledi we olary ýeňmäge başardy. Bu hem Muhammet Alynyň şöhratyna has – da artdyrdy.

Muhammet Alynyň esasy wezipeleriniň biri Mamlük beglerine garşy göreş alyp barmakdy. 1808 – nji ýylda olaryň garşylygyny basyp ýatyrdy. 1811 – nji ýylda gurply Mamlük beglerini gyrgyna berdi. Muňa bir bölegi Müsüriň adasyna göçüp gitdi. Şeýlede Muhammet Aly görnükli din wekillerine zarba urdy. “al – Arhar” uniwersitetineiň rektory tussag edildi, soňra içki syýasy arenasyndan Hanesi mesebi müstüsi we Pygamber nesilleriniň ýolbaşçysy öz wezipelerinde aýryldy.

1812 – nji ýylda ýokarky Müsürdäki ýarym garaşsyz Mamlük beglikleriniň soňuna çykyldy. Şeýlelik – de Muhammet Aly Müsüriň doly we ýeke – täk ýolbaşçysy boldy. Onuň esasy maksady Müri syýasy we ykdysady taýdan garaşsyz döwlet döretmekdi. Döwlet tarapyndan geçirilýän çäreleriň hemmesi şu maksada ýetmek üçin göçürilýärdi.

1808 – nji ýylda ýer agrar reformasy geçirildi salgyt töläp bilmedik ýer eýeleriniň ellerinden ýerleri alynyp Muhammet Alynyň tarapdarlaryna paýlandy.

1809 – nji ýylyň täze tar karara görä ýerleri wakys ýerleri salgyda taby tutulmalydy. Waks ýer eýeleri eýeçiligini tassyklaýan dukumentlerini diwana bermelidi, diwan hem ony tassyklamalydy. Şeýhler bu karara nägilik bildirseler hem Muhammet Aly olaryň garşylygyny aňsatlyk bilen basyp ýatyrdy. 1812 – nji ýylda Mamlük begleriniň ýerleri doly alyndy (konfiskasiýa edildi).

1813 – nji ýyl salgyt ulgamynyň üstünde işlenmäge barlandy. Müsür boýunça salgyt toplaýjy komissiýalar döredildi. Bu komissiýa oba şeýhlary we daşary ýurt hünärmentleri (spesialist) berýärdi. Bu düzgünçilikler bolmaz ýaly aşaky Müsür oba çäkleri ýokarky Müsüre we tersine etdirilýärdi.

Ýeke – täk düzgün ýer ölçegi girildi. 1 fedan 0,42 ga bazallar. Her daýhana ýeriň hiline görä 3-5 fedan ýer bölenip berilýärdi. Salgyt hökmünde her fedandan 10 – 15 real töleýärdiler. Goşmaça salgytlar ýatyryldy.

1814 – nji ýylda Multaramlaryň ýerleri ellerinden almak bilen birlikde öňki hukuklaryndan hem kesilýärdi. Döwlet olara pensiýa tölemege başlady.

Munuň bilen birlikde wakyf eýeleri öz ýerlerini hakyndaky dokument görkezmändikleri sebäpli ol ýerler kanunsyz degişli we döwletiň haýyryna geçirildi. Wakyf ýerleriniň bir bölegini bolsa metjitleri mekdepleri, hassahanalary üpjün etmekleri üçin salgytlar salyndy. Yslam

gullukçylaryna mültazamlaryňky ýaly pensiýa bermäge başlady.

Bu döwürde Müsür fellahlaryň ýagdaýy hem üýtgedi. Daýhan oba arçynyň rugsady bolmasa obadan hiç bir ýeri aýrylmaga haky ýokdy. Obadan birugsat giden ýagdaýynda diňe bir fellah we arçyn jezalandyrman baran obasynyň ýagny ony kabul eden obanyň arçyny hem jezalandyrylýar.

Täze kananlaryň garylmagy we köneleriniň dikeldilmegi netijesinde ekilýän ýerleriň mukdary ep – esli artdy.

Daýhanlara belli bir ekiniň ekilmegi buýrulyp alynan bolsa, döwlet tarapyndan bellenen bahadan satyn alynýardy. Daýhanlar bilen edilen bu söwdalar netijesinde döwlet gaznasyna ägirt uly girdeýjiler girýärdi.

Muhammet üçin:

Daýhandan 1 ardeb (45 kr) dinäni 27 prastra satyn alyp – barab bahasy, 56 p daşary ýurda ony 90 p satylýardy.

Muhammet Alynyň geçiren reformalary netijesinde ownuk senetçilik torup iri manufakturalar emele gelip başlady.

1818 – nji ýylda döwlet fabriklar gurulmaga başlady. Gurulan ilkinji 3 fabriga tekstil fabrikalarydy. Bu döwürde demir guýujy, erediji zawod guruldy. Ätiýaçlyk şaýlary egriji we dokaýjy maşynlar öndürilýärdi. Bu dürli zawodlaryň iň ulusy Bulakda iňlis Goloweý tarapyndan guruldy. Ýeke täk bu zawot Müsüriň bütün talaplaryny kanagatlandyrmaýardy. Şol sebäpli hem egriji maşynlary Ýewropa ýurtlaryndan getirmeli bolýardy. 1828-nji ýylda bu maşynlar Fransiýadan alyndy. Çünki Angliýa bu enjamlary Müsüre satmaklygy gadagan edýärdi. 1830-njy ýylda deňiz Arsenaly Aleksandriýýada guruldy. Bu ýerde 8000-e golaý işçi işleýärdi. Şeýle-de Müsürde deri zawody guruldy. Rozetta we Demiýetta-da şary arassalaýjy zawod guruldy. 1831 we 1836-njy ýyllar

aralygynda Müsürde aýna zawody guruldy. Bulakda bolsa kagyz fabrigi guruldy.

Bu reformalaryň netijesinde Müsüriň sosial-ykdysady ýagdaýy ösmäge başlady obadyr şäherleriň ilaty köpelip-artdy öňki obalar şäherlere öwrülip gür ilatly zolklara öwrüldiler. 1828-nji ýylda „Müsür habarlary“ gazýeti arapça çap edilip başlady. Günbatar alymlarynyň kitaplary arap diline terjime edilip başlanyldy. Dünýewi mekdepler açyldy. Ylmy medeni merkezler, obsarwatoriýa döredildi, kitaphanalar açyldy. Kairde hususy gazetler çap edilip başlanyldy. Müsür ýedi welaýata bölünip olaryň başynda gübernatorlar ýagny häkimler bardy. Welaýatlar etraplara, etraplar bolsa uýezdlere bölünýärdi. Merkezi bir administratiw birlikler belli emeldarlar tarapyndan dolandyrylyp olaryň borçlary berk kesgitlidi. Üç şäher-Kair, Demýetta we Rozetta ýörite häkimler tarapyndan dolandyrylýardy. Paýtagtda düzgün-nyzamy saklamak üçin polisiýa döredildi.

Muhammet Aly goşun gullugyna berk üns berýärdi. Regulýar goşununyň sanyny artdyrmaga çalyşýardy. 1840-njy ýylda regulýar goşunyň sany 276000 adamdan ybaratdy. Emma bu ösüş bilen bir hatarda halk nägilelikleri hem artýardy. Salgytdan goşmaça işlerden we hökmany harby gullugyndan nägile bolan halk köpçülikleýin çykyşlar edýärdiler. 1824-nji ýylda ýokarky Müsürde uly halk gozgalaňy başlandy. Bu gozgalaňa 30-müň adam gatnaşypdy. Bu gozgalaňlar, nägilelikler Muhammet Ala öz işlerini dowam etdirmekde we  çäreleri geçirmekde hiç-hili pägelçilik bermeýärdi. Muhammet Aly Türk soltanyndan özbaşdak sosial-ykdysady harby taýdan bolsa doly özbaşdak bir imperiýa döretmäge dalaş edýärdi. 1811-nji ýyldan başlap köp sanly harby hereketler alyp bardy we köp ýerleri basyp aldy.

XIX asyryň başlarynda Wahhabi döwlet osman imperiýasyna uly howup salýardy. Türk soltany hem Muhammet Alyny hem-de wahhabi döwletini güýçden

gaçyrmak maksady bilen Muhammet Ala wahhabilere garşy uruş alyp barmagyna buýruk berdi. Bu buýrugy Muhammet Aly höwes bilen kabul etdi. Ünki Muhammet Aly Arap ýarym adasynyň gyzyl deňziniň kenarýaka portlaryny öz arasynda ýolary açmak we şol portlary eýelemek isleýärdi. 1811-1819-njy ýyllar aralygynda uzaga çeken söweşleriň netijesinde Muhammet Aly wahhabilerden üstün çykyp arap ýarym adasynyň köp bölegini basyp aldy.

1822-nji ýylda bolsa sudany basyp aldy. 1824-1827-nji ýyllarda portanyň buýrugy bilen Muhammet Aly Grek gozgalaňçylaryny basyp ýatyrmak we Ortaýer deňzini „Müsür köli“ halyna getirmek üçin Gresiýany okkupirledi. 1827-nji ýylda Afinany basyp aldy. Angliýanyň, Fransiýanyň we Russiýanyň goşulmagy netijesinde Müsür goşunlary yza çekilmek mejburiýetinde galdy. Bu ýörüýşiň netijesinde krip adasy Müsüriň golastynda galdy. 1831-nji ýylda Muhammet Aly öňki meýilnamalaryny durmuşa geçirmäge başlady. Onuň maksady Siriýany we Palestinany basyp almakdy. Siriýa we Palestine Osman imperiýasynyň baş welaýatlarynyň biridi. 1831-1833-nji ýyllarda edilen bu ýöriş Osman imperiýasyna garşy göz-görtele açylan bir söweşdi. Türk goşunlary bilen bolan ilkinji söweş Hamasa şäheriniň eteginde boldy. 1832-nji ýylda bolan bu söweşde Türk goşunlary derwi-dagyn edildi. Hama we Halap şäherleri Muhammet Aly tarapyndan basylyp alyndy. Gysga wagtdan soň Anadolynyň Adana şäheri hem Muhammet Aalynyň golastyna düşdi. Günbatara tarap dowam edýärdi. Osman imperiýasynyň paýtagtynyň howp astynda galmagy netijesinde soltan ýewropa ýurtlaryndan kömek sorady. Angliýanyň we Fransiýanyň ýardam etmegi bilen Kütahýada Ibrahym paşa bilen soltanyň arasynda şertnama baglaşyldy. Şertnamanyň esasynda Müsür goşunlary Anadoludan çykdy.

## Alžiriň XIX – XX asyr taryhnamasy.

60 – njy ýyllarda BMG BÝKE – niň esasy işi Ýewropanyň çäklerinden daşarda alynyp barylýardy. Ikinji jahan urşy gutarandan soň wagtyň içinde koloniýal dünýä degişli ýurtlaryň özlerine Garaşsyzlyk berilmegi baradaky talaplary görülip – eşdilmedik gerim aldy. Afrika kontinentinde Ýewropanyň kolonial agalygynyň soňunyň gutulgysuzdygy 1960 – njy ýylda äşgär boldy. Köplenç ýagdaýlarda häkimiýet parahatçylykly ýol bilen berilýärdi. Ýöne welin kolonial ýurtlaryň häkimiýeti ellerinden gidişleri gelmän, uly uruşlaryň turmagyna sebäp bolan halatlary – da az bolmagy, beýle ýagdaýlar, öz nobatynda, bosgunlaryň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly krizisleri döredýärdi.

1954 – 1962 – nji ýyllarda Alžirda bolan uruş 60 – 70 – nji ýyllarda Afrikada turan uruşlaryň ilkinji alamaty bolupdy. Ol uruş “milli – azat edijilikli” uruşlaryň içinde iň ilkinjisi we iň bir gan döküşiklisidi. BMG BÝKE – niň Morokkada we Tunisde Alžirli bosgunlara kömek bermäge gatnaşmagy we urşyň ahyrynda olaryň yzyna gaýtarylyp eltilmegine ýardam etmegi Afrikada onuň alyp barýan işleriniň geriminiň giňemeginiň başlangyjynyň alamatlandyrýardy.

BMG BÝKE – niň Afrikadaky iş tejribesini guramanyň işini üýtgedip gurmak üçin esasan bolup hyzmat etdi. 60 – njy ýyllaryň başynda BMG BÝKE Merkezi Afrikada beýik köller sebitinde ruandaly bosgunlary öz penasyna aljak we kömek berjek bolanda özi üçin nätanyş pälsgelçiliklere we haýwat atmanlara uçrady. Ruandaly bosgunlaryň meselesi BMG BÝKE – niň Alžirda ýüz beren hem – de çözgüdine gatnaşan ilkinji iki sany uly krizisinden düýp göter tapawutlanýardy. Ol ýagdaýlaryň ikisinde – de hemişelik çözgütler tapalypdy, ýagny Wenger bosgunlaryň köpüsi üçin göçürmeklik, Alžirli bosgunlaryň köpüsi üçin bolsa yzyna göçürip äkitmeklik saýlanyp alynypdy. Ruandaly bosgunlar bilen bagly ýagdaý

has çylşyrymlyrakdy. Wenger hem – de Alžirli bosgunlar üçin üýgöwsiz çözlükleri tapyp bolandygyň sebäbi olary öz penasynda saklamak üçin pena beren Awstriýa we Ýugoslawiýa birinji ýagdaýda we Morokka we Tunis ikinji ýagdaýda syýasy taýdan durnukly ýurtlardy. Onuň tersine, beýik köller sebitinde ilkinjiler bolup Ruanda – dan bolan bosgunlary kabul eden ýurtlaryň Tanzaniýadan başgasynyň syýasy ýagdaýy örän durnuksyzdy.

60 – njy ýyllaryň ahyrynda BMG BÝKE Afrikanyň Sahariýadan Günortadaky ýurtlaryň birnäçesinde bosgunlar meselesini çözmek işinde kömek bermege gatnaşdy. 1969 – njy ýylda birnäçesine bosgunlar meselesini çozmek sinde kömek bermäge gatnaşdy. 1969 – njy ýyla çenli BMG BÝKE – niň ähli zatlary öz içine alýan maksatnamasyna göýberilen serişdeleriň üçden iki bölegi çemesiniň Afrika ýurtlarynda harçlanmagy onuň işleýşinde bary – ýogy bir on ýyllygyň içinde bolup geçen özgerşikleriň aýdyň görkezijisidir. Dünýä döwletleriň durabara bosgunlara meselesiniň global häsiýetlidigine düşünýändikleri baglylykda, 1967 – nji ýylda 1951 – nji ýylyň bosgunlaryň hukuk ýagdaýy hakyndaky BMG – niň konwensiýasynyň ulanylyş çygryny giňeltmek hakynda täze protokol işlenilip düzüldi.

1969 – njy ýylda Afrika bütewliligi guramasynyň BMG BÝKE bilen maslahatly öz sebitini degişli bosgunlary hakyndaky konwensiýasyny işläp düzmegi başga bir uly wakalaryň biri boldy.

## Alžiriň garaşsyzlygy ugrunda alynyp barylan uruş.

Alžiriň garaşsyzlygy ugrundaky uruş gazaply koloniýal uruşdy, onuň barşynda 300 müň Alžirli musulman öldürilipdi, milýondan gowrak Ýewropadan göçüp gelenler bolsa ýurtdan gaçyp çykmaga mejbur bolupdylar. Fransuz goşuny 24 müň

adam ýitiripdi, 6 müň töweregi Fransiýadan göçüp gelen adam öldürilipdi. Uruş gönüden – göni ýa – da gytaklaýyn suratda 6 sany fransuz primýer – ministriniň iş başynda aýrylmagyna we Dördünji respublikanyň dargamagyna getiripdi. Ol tasdan prezident Şarl de Gollun agdarylmagyna we Fransiýanyň içinde graždanlyk urşuna turmagyna sebäp boldy. Alžirde partiýançylyk urşy alynyp barylýardy, onda gowşak ýaraglanan ýerli toparjyklar köp sanly, esasan daşary ýurtly interwensionistik korpusa garşy gurýardylar. Masgalalary Alžirde ýüz ýyldan – da gowrak wagyt bäri ýaşaýan asly Fransiýadan göçüp gelenler bu ýurdy öz watany hasaplaýandyklary üçin, onuň garaşsyzlygyna garşy çykýandyklary sebäpli uruş has – da gazaply barýardy.

Fransiýa Alžire 1830 – njy ýylda çozup girýär we eýýam 1848 – njy ýylda onuň Fransuz metropolisiýasynyň bir bölegi diýip yglan edilýär. XX asyryň başlaryna Morokka bilen Tunis hem fransuz agalygynyň astyna düşýär, ýöne Alžirden tapawutlylykda, ol ýurtlar protektoratlar diýilip yglan edilipdi.

Alžiriň garaşsyzlygy ugrundaky uruş 1954 – nji ýylyň Sanjar aýynda ýurduň paýtagt şaheri bolan Alžiriň 400 km Günorta Gündogarynda ýerleşýän Ore daglarynda başlandy. Fransiýa birnäçe ýylyň içinde bu ýerde 500 müň töweregi esgeriň saklaýardy, munuň özi Birleşen Ştatlaryň 60 – njy ýyllarda Wýetnama iberen esgerleriniň sanyna barabardy. Fransuz goşuny iki tarapdan – göçüp gelenleriň Milli azat ediş fronty (MAEF) tarapyndan baştutanlyk edilýän söweşjeň gozgalaňçylaryň basyşy astynda galypdy. Fransuz häkimiýeti partizanlaryň garşysyna gönükdirilen ýörite operasiýalara bil baglaýardy, ýöne, käbir harby üstünlikleriň gazanylmagyna garamazdan, ýaragly gozgalaň dowam edýärdi. Hatda 1958 – nji ýylda general de Golluň häkimiýet başyna dolanyp geleninden we indiki ýyl Bäşinji respublika yglan edilenden

soň hem bu konfliktiň syýasy çözgüdine çenli ýene köp ýyllar gerek boldy.

Fransuz goşunlary tarapyndan gynamalaryň giňden ulanylmagy köp sanly alžirleri ýurtdan bosmaga mejbur etdi. Munuň özi Gyzyl Haç Halklara Komitetiniň (GHHK) örän gaty biynjalyk bolmagyna getirdi, fransuz häkimiýetleri ikirjelemelerden we haýyş edilenden birnäçe wagt soň, 1955 – nji ýylda onuň işgärlerine türmelere baryp görmäge rugsat berdiler. 1960 – njy ýylyň ýanwar aýynyň 5 – ne “Mond” gazetinde çap edilen dokladynda GHHK Alžirde gynamalaryň ulanýandygyny hakynda geň galdyryjy maglumatlary äşgär etdi. Onuň çap edilmegi Fransiýada ýiti syýasy jedelleriň tutuşmagyna getirdi. GHHK – nyň işgärleriniň ol ýere barmagy bir ýyllyk möhlet bilen ýatyryldy. Barmaga rugsat berilýänçä ýagdaýlar birneme gowlaşypdy.

Fransuzlar tarapyndan ulanylan kontrrewolýusion uruş strategiýasy wagtynda gozgalaňçylara gol ýapmakda şüphe astyna düşen onlarça müň daýhany güýç bilen başga ýerlere göçürmek usuly peýdalanylýardy, ol Hindihytaýda, Latin Amerikasynda we Afrikada alynyp barylan başga uruşlar üçin nusga bolupdy. Başga ýere göçürmeler ýerli ýaşaýjylar toparlarynyň MAEF – den üzňelmeşigine sebäp bolýardy we MAEF – iň goldaw hem üpjünçilik babatda elini – aýagyny baglaýardy. Milliondan gowrak daýhan tikenikli simiň aňyrsyndaky lagerlere göçürilip ol ýerde açlyk – horluklara sezebar edilýärdi. Daýhanlaryň göçürmesiniň AÝF – iň harby ganaty bolan Milli azat ediş goşunynyň esgerleri (MAEG) üçin uly kynçylyklary döredendigi gumansyzdy, ýöne, harby babatda fransuzlaryň ýöredýän syýasaty üstünlikli bolanda bolsa, syýasat babatynda ol doly suratda başa barmady. 1960 – njy ýylyň Nowruza çenli lagerlerde, 1,2 mln töweregi göçürilen adam ýaşaýardy. BMG BÝKE – niň bir wekilli uruşdan soň Gündogar Alžiriň üsti bilen geçen wagtynda beýleki lagerleriň şertlerini şunuň ýaly suratlandyrylýar:

## Tunise we Marokka goşulmagy.

Bular ýaly elnenç fransuz lagerlerine düşmezlik üçin müňlerçe alžirli serhetlerden aşyp, Tunise we Marokka goşýardy. 1957 – nji ýylda göçürmek maksatnamasy ýaýbanlardyryldygyça ýurdy taşlap gidýän alžirleriň sany köpelýärdi. 1957 – nji ýylyň Alp Arslanda BMG BÝKE – niň hukuk meseleri boýunça Geňeşçisi Paol Weýs iki ýylyň içinde ýurtdan 30 müň töweregi adam gaçyp çykdy diýip belledi. Mundan başga – da, Weýs köp adamlar we, gürrüňsiz, bosgunlardygyny, “olar graždan adamlar babatynda jyns ýa-da milli alamatlary, şeýle-de syýasy garaýyşlary üçin fransuz häkimiýetleri tarapynyň kabul edilen çäreleriň pidasy boldylar ýa-da “ellekden geçiriş” operasiýalary diýilip at alan hereketleri başynda şeýle çäreler olar dahylly – da ulanylyp bilinerdi diýip çen etmege esaslarynyň bardygy sebäpli”, BMG BÝKE Esasnamanyň 6b. maddasyna laýyklykda kömek etmege we penasyna almaga ygtyýarly edilendigini tassyklaýar.

Ýaňy-ýakynda, 1957-nji ýylyň martynda Fransiýadan garaşsyz bolan Tunisiň we Marokkanyň häkimiýetleriň ýeterlik kömek bermäge ýagdaýlary ýokdy. 1957-nji ýylyň maý aýynda Tunisiň prezidenti Habib Burgida kömek sorap Ýokary komissar Ogýust Lindte ýüz tutdy. Lindt jogap hökmünde özüniň has tejribeli işgärleriniň biri bolan Arnold Rolhorty Tunise ugratdy. Fransuz häkimiýetiniň BMG BÝKE-niň maddy kömek boýunça işleri amal etmägine garşy däldigiligi anyklandan soň Lint ilki başda maliýa serişdelerini sorap, Şwesariýanyň hökümetine ýüzlenýär.

Şeýle halatda Fransiýanyň ýagdaýyny örän seresaplyk bilen hasaba almak zerur bolup durýardy. Bir tarapdan ol BMG Howpsuzlyk Geňeşiniň agzaşyda we BMG BÝKE – niň

işini başdan goldap gelýärdi. Ýöne şol bir wagtyň özünde, fransuz häkimiýeti Alžiri fransuz metropolisiýasynyň bir bölegi hasaplapdy we Tunise basyp gidenleri bosgun hasap etmek islemeýärdi. Ýokary komissaryň şol wagtdaky orunbasary Jeýms Ridiň belleýşi ýaly, “Tunisdäki alžirleri bosgunlar diýip yglan etmeklik, olaryň fransuz häkimiýetleri tarapyndan yzarlamalarynyň pedasy bolmak üçin esasy howpyň bardygyny aňladjakdy, bu bolsa fransuz häkimiýetine şarpyk bolup degjekdi.

Birleşen milletler guramasynda Fransiýa, Alžiräki konflikt, Fransiýanyň içki işi, şoňa göräde BMG-niň oňa goşulmaga hukugy ýokdyr diýip erjellik bilen tekrarlap gelýärdi. Lindt daşary işler ministri bilen duşuşmak we BMG BÝKE – niň kömek etmek boýunça operasiýalary dogrusynda fransuz häkimiýetiniň şubhesini ýok etmek üçin Pariže gidýär. Ýokary komissar ABŞ-nyň Alžir babatynda ýöredýän syýasatynyň tankyt astyna alynyp başlanandygyny bilýärdi. Lindt ABŞ-nyň Döwlet sekretary Jon Fosteri Tunisdäki bosgunlar babatynda özüniň maksatlary bilen habardar etmek hem – de Waşinktonyň syýasy we maliýa kömegini almak üçin oňa sentýabr aýynda hat ýollaýar. Alžirdäki operasiýasy döwründe Lindt we onuň ýerine gelen Feliks Şnaýder başdan – aýak ABŞ – nyň administrasiýasynyň özlerini goldamagyny gazanmak üçin tagalla baryny edip geldiler.

1958-nji ýylda Marokkanyň we Tunisiň çöllük ýerlerinde çadyrdan gurulan şäherjikler peýda boldy. Olar (Gyzyl Ýarymaýyň ýerli jemgyýetleriniň üsti bilen) Gyzyl Haç jemgyýetleri Ligasynyň we BMG BÝKE-niň kömegi berýän müňlerçe bosgunlary üçin öý bolup hyzmat etdi. Şwesariýanyň hökümeti tarapyndan berilen serişdelere we Birleşen Ştatlaryň maddy taýdan goldaw bermeginde Liga we BMG BÝKE bosgunlary azyk egin – eşik bilen üpjün etmek we olara medesina kömegi bermek boýunça çylşyrymly wezipäni ýerine ýetirmege girişdiler. Emma welin Tunisdäki

ýagdaý gitdigiçe erbetleşýärdi. 1958-nji ýylyň birinji ýarymynda fransuz harbylary "Morisiň liniýasy" diýilýän "hiç kimlik" giň zolagy bellänleriden soň, täze bosgunlar Alžiri terk edip başladylar.

BMG BÝKE-niň Alžir krizisini çözmek boýunça ilkinji üç ýyldaky işi kömek operasiýalaryny geçirmekde Gyzyl Haç jemgyýetleri Ligasyna ýardam etmekden ybaratdy. 1958 – nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 5 – ne BMG baş assambleýasynyň 1286 (XIII) rezolýusiýasyny kabul etdi, onda Ýokary komissardan Tunisdäki bosgunlara kömek etmek üçin giň gerimde işleri geçirmek we şeýle hereketleri Marokkada amala aşyrmak haýyş edilýärdi. Şeýlelik bilen, 1957 – nji ýylda Gonkonda opirasiýadan soň BMG BÝKE ikinji gezek Ýewropanyň çäklerinden daşarda "ýagşylyk hyzmatlar" etmek teklip edilýärdi.

1957 – nji ýylyň fewral aýynda Gyzyl Haç jemgyýetler Ligasy BMG MÝKe – niň resmi suratdaky operatiw partnýory boldy, 1959 – dan 1962 – ýyl aralygynda bolsa BMG BÝKE her ýyl kömek operasiýalarynyň geçirmek üçin haýyr – sahabat görnüşinde ABŞ – niň 2 mln dollaryny toplaýardy. 1959 – nji ýylyň sentýabr aýynda BMG BÝKE Tunisde we Rabatda Tunisiň we Marokkanyň hökümetleri bilen gatnaşyklary bekeltmek we bosgunlara kömek eltip bermek boýunça halkara tagallalaryny ugrukdyrmak üçin özüniň wekillerini belleýär. 1959 – nji ýylyň Bitaraplyk aýyna çenli Marokkada 110245 bosgun, Tunisde bolsa 151903 bosgun bardy.

Ýöne welin bosgunlaryň arasynda MAEF – iň ýaragly, otrýadlarynyň esgerleri bardy. Tunis bilen alžiriň arasynda bolup geçýän atyşyklar adaty bir zada öwrülipdi.

1958 – nji ýylyň Baýdak aýynda MAEF – iň güýçleriniň Alžir territoriýasynyň top okuna tutmagyna jogap edip, fransuz uçarlara Tunisdäki Saket diýen ýere hüjüm etdiler. Bu wakanyň netijesinde 75 sany harbylaryň degişli bolmadyk

adamlar öldürilenleriň köpüside bosgunlardy. Şonda howadan edilen çozuş dünýä jemgyýetçiligiň tarapyndan ýazgaryldy. Şeýle wakalar lagerlerde goragsyzlyk ýagdaýynyň saklanmagyna ýardam edýärdi we bosgunlarda MAEF – e öňküden – de güýçli suratda özlerine arka durýän hosar hökmünde garamaklaryna itergi berýärdi. Mundan başgada uzak wagtyň dowamynda BMG BÝKE iş beren mesele, ýagny hakyky bosgunlaryň arasyndan olara goşuluşyp ýören ýaragly toparlaryň agzalarynyň ýüze çykarmak işi ýüze çykypdy.

Harby hereketler Marokkada we Tunisde güýjedigiçe söweşýän bosgunlar üçin lagerlerde bolmak meselesi ýitileşýärdi. 1961 – nji ýylyň Baýdak aýynda BMG BÝKE – niň Marokkadaky wekilli lagerlerde bolýanlaryň köpüsi MAEF – iň söweşijileridi ýa – da onuň hataryna täzelikde alanlarydy diýip ýazýar. Soňky memorandumlaryň birinde ol şeýle belläpdi:

## Siriýa, Palestina we Liwan Muhammet Alynyň gol astynda

Muhammet Alynyň Siriýa we Palestinadaky üstünligi Liwan emiri Beşir II kömegi bilen amala aşypdy. Beşir II – niň alyp baran syýasaty Muhammet Alynyň alyp barýan syýasatyna meňzeşdi. Ol hem feodal düzgünini ýykmak isleýärdi. 1795 – nji ýyldaky daýhanlaryň gozgalaňdan peýdalanyp Beşir birnäçe gurply feodalary dargadyp olaryň emlägini ellerinden alypdy.

1831 – nji ýylda Muhammet Aly Siriýany basyp alandan soňra Beşir II – nji onuň adyndan Liwan knýazlygyny dolandyrypdy. Müsür goşunlarynyň Siriýa girmegi Damaskdaky daýhanlaryň gozgalaňy bilen senetçileriň gozgalaňy başlanypdy. Siriýa, Liwan we Palestina Müsüriň

düzümine geçeninden soň Muhammet Aly öz ogly Ybrahym paşany baş dolandyryjy edip belledi. Ybrahym paşanyň syýasaty bu ýerleri Müsüriň çig mal we serişdeler bazasyna öwürmekdi we onuň syýasaty atasynyň alyp barýan syýasatyna meňzeşdi. Ilki bilen feodallaryň düzgünini ýykmakdy. Bu döwürde oba – hojalygy mese – mälim özgerdi. Ekin meýdanlary 2 ýylyň içinde 3,5 esse artyryldy. Bedewinler oturumly ýaşaýyşa çagyrylyp öňki taşlanan ýerlerde täze – täze obalar peýda bolýardy.

Salgyt mukdarlary kesgitlenmek bilen önümçilik, senetçilik we söwda ýollary giň gerim aldy. Gümrükler döwlet gözegçiligine alyndy we söwda ýollarynyň howpsuzlygy üpjüm edildi. Bu döwürde özgerşikler diňe bir oba – hojalygy we söwda – da bolman medeniýetde, sungatda we bilimde uly özgerşikler boldy. Ýurtda dünýewi mekdepler açyldy. Täze çaphanalar açylyp bilim ulgamynda köp işler alynyp baryldy.

Arap – hrystýanlary salgytdan (Yslam dinini kabul etmekleri üçin) boşadylypdy. Müsür dolandyryjylardan närazy bolanlar hem ýok edildi. Ellerinden bütin hak we hukuklary alynan feodallar bedewi şeýhleri we agyr işlerde eksplatirlenýän daýhan we senetçiler rekrut (oba daýhanlaryny harby goşuna güýç bilen almak) ýygnanşyklary bularyň hemmesi halky gozgalaň etmeklerine getirýärdi.

1834 – nji ýylda Palestina daýhanlary gozgalaň turuzdylar. Irusalimdäki Müsür garnizonyny gabawa aldylar. 1837 – nji ýylda rekrutçylyk ýygnanşygyna garşy Hauranyň we antilinanyň durs – daýhanlary aýaga galdylar. Şular ýaly aýaklanmalar basylyp ýatyrylýardy we häkimiýet tarapyndan berk çäre görülýärdi. Muhammet Aly häkimiýetiniň güýçlenmegi Ýewropa ýurtlarynyň işine ýaramaýardy. Hat – da olary howsala düşürýärdi.

Iňlisleriň başda durmagynda, türk – osmandikmeleri bilen Müsür döwletiniň arasynda uruş alynyp barylmagynyň

tarapdary portany Muhammet Alynyň üstüne küşgürýärdiler we 1839 – njy ýylyň ýazynda uruş açyldy. Ybrahym paşanyň goşunlary ýeňiş we diňe ýeňizş gazanýardylar. Türk floty Muhammet Alynyň tarapyna geçdi. 1840 – nji ýylyň tomusynda Londanda "Müsür meselesi" boýunça Ýewropa ýurtlarynyň arasynda uly konferensiýa geçirildi. Alynan karara görä Muhammet Aly boýun egip döwletden el çekmese oňa garşy söweş açyljaklygy bellenildi.

Muhammet Alynyň bu tekliplerden boýun gaçyrmagy netijesinde Angliýa, Awsraliýa we Fransiýa harby hereketlere başlady. Aýgytly söweşleriň netijesinde Muhammet Aly boýun egmek mejburýetinde galdy. Muhammet Aly öz goşunlaryny Siriýa, Liwan, Kliki, Arabystan we Kritden çykardy. Osmanlaryň floty yzyna çekilipdi. Emma Müsür we Sudany öz häkimiýeti astyna saklady. Şol ýylda soltan gaznasyna salgyt tölemelidi. Goşunyň sanyny 18 müňe çenli azaltmaly boldy.

Netijede daşary ýurtlaryň täsiri we harby goşunlary netijesinde Muhammet Aly imperiýasy dargadyldy we Müsüriň özbaşdaklaryna bahasyny ödäp bolmajak zyýandan ýetirildi.

Muhammet Aly bu şowsuzlykdan soňra döwlet işlerinde el çekdi we döwleti dolandyjysy wezipesinde ogly Ybrahyma berdi.

1848 – nji ýylda Ybrahym häkimiýet başyna geçenden 3 aý soň aradan çykdy. Gysga wagtdan soň Muhammet Aly aradan çykýar.

## Arap ýurtlaryna daşary ýurt kopitallarynyň aralaşmagy

1840 – nji ýylda harby – ýaragly interwensiýanyň netijesinde Angliýa Müsürden, Sudandan we Muhammet Alynyň häkimiýet eden ýerlerinde deň hukuksyz iňlis – türk

söwda aragatnaşygyna başlady. Bu şertnama 2 ýyl öň baglanşylypdy. Netijede bu ýerlere daşary ýurt kopitallarynyň aralaşmagyna getirdi. Müsüriň, Siriýanyň, Arabystanyň bazarlary erkin söwda üçin açyldy. şertnama laýyklykda daşary ýurt täjirlerine garşy her dürli manapolýalar ýatyrylypdy. Müsür häkimiýeti onuň netijesinde getirilýän we ýurtdan çykarylýan harytlaryň muktaryna gözegçilik edip bilmeýärdi. Daşary ýurt täjirleri bu mümkinçiliklerden peýdalanyp ýurtdan arzan bahasyna çig mal äkidip, öz harytlaryny Müsür bazarlaryna getirýärdiler.

Arabystanyň ýaş senagaty urga aşagyna galypdy. Çünki daşary ýurtdan gelýän harytlaryň bazarlarda arzan bahasyna satylmagy senagaty tozdurýardy. Ýewropanyň güýçli kompaniýalarynyň esasan hem Angliýanyň getirýän harytlarynyň mukdarynyň kesgitzisligi Müsüriň senagatyny duzurýardy. 1849 – nji ýylda Müsür senagatynda Müsüre getirilýän harydyň mukdaryna laýyklykda Angliýa beýleki ýurtlaryň arasynda 1 ýeri eýeläpdi.

Müsüriň ykdysadyýeti XIX asyryň 40 – nji ýyllarynda yranmaga başlady. Daşary ýurt banklary Müsüre bakna kreditlerini berýärdiler. Ýurduň çäklerinde daşary ýurt kopitallarynyň isleglerine laýyklykda pasta we gant şugundyry ekin meýdanlarynyň mukdary artyryldy.

XIX asyryň ortalaryndan başlap Müsüriň dokma fabrikleri ýuwaş - ýuwaşdan ýapylmaga başlady. Muhammet Alynyň döwründe işledilern 29 sany fabrikden 1870 – nji ýyla çenli diňe 3 sanysy galdy.

Şol döwürde Müsüriň ýeke – täk şowly işleýän pudagy gant önümçiligidi. XIX asyryň 60 – njy ýyllarynda Ýamaýkada eýeçiligiň ýatyrylmagyň netijesinde dünýä bazarlarynda gant gytçylygy başlady. Şol döwürde Müsür häkimi Ysmaýyl ýurtda 7 - nji gant fabrigini gurdurdy. Bu fabrikler 1 ýylda 67 müň ton gant öndürýärdiler. Soňra bu zawotlar fransuz kompaniýasynyň tarapyndan satyn alyndy.

Daşary ýurt kopitallary diňe bir söwda – da dälde önümçiligiň dürli ugurlaryny hem maýa goýumlaryny goýýardylar.

XIX asyryň 50 – nji ýyllarynda iňlisler Kaýiri Aleksandriýa we Sues kanaly bilen baglaýan demir ýol gurluşygyna başladylar. 1865 – nji ýylda iňlis kompaniýallarynyň biri Müsürde telefon ulgamyny düzmäge girişdi.

1854 – nji ýylyň noýabr aýynyň 30 – na iňlis kapitalisti ferdinant kessepsa Said paşa Sues kanalynyň gurluşygyna rugsat berildi. Bu şertnama 99 ýyllyk möhlet bilen baglanyşyldy.

## Arap ýurtlary XVII asyryň II ýarymynda XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli döwürde.

Türkleriň basyp alan ýerleriniň içinde arap ýerleri möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Türkler XVI asyrda Liwiýany, Liwany, Polestinany, Yragy, Hijazy, Ýemeni, Müsüri, Tripolini, Tunisi, Alžiri we başga ýerleri basyp alypdyrlar. Türkler diňe Marokkany, şeýle hem Arap ýarym adasynyň günorta gündogarynyň ortasyny alyp bilmändirler.

Özüniň sosial-ykdysady ösüşi boýunça arap ýerleri deň ösüp bilmändirler. Müsürde, Liwanda, Libiýada, Palestinada feodal gatnaşyklar ösem bolupdyr. Deňizýaka etraplarynda pul haryt gatnaşyklary ösen bolupdyr, Arabystanda, günorta Yrakda, Alžiriň içerki etraplarynda, Tunisda, Tripolide patriarhal gatnaşyklary saklanyp galypdyr.

Türkleriň arap ýurtlaryndaky ýerleriň wakyfdan başgasyny soltanyňky diýip yglan edipdirler. Türkleriň berk ornaşan ýerleri bolan Yrakda we Siriýada eýeçiligiň türk düzgüni girizilipdir. Osman imperiýasynyň beýleki welaýatlarynda Müsürde, Tunisde, Alžirde, Ýemende we Basrada ähli ýerler ýerli feodallaryň elinde bilen bolupdyr. Şol ýerlere her ýylda salgyt salynyp, onuň bir bölegi soltanyň

hazynasy üçin niýetlenilipdir. Ýer eýeleri bolan türkler ýa-da araplar fellahlardan (daýhan) natura görnüşinde we pul gönüşinde salgyt alypdyrlar.

Osman imperiýasynyň arap ýerlerinde yslam dininiň dürli mezhebleri giň ýaýrapdyr. Din döwletde uly abraýdan pedalanyp, jemgyýetde uly rol oýnapdyr. Sud, magamor olaryň elinde bolup, syýasata-da uly täsir edipdirler. Şol döwürler din işgärleri Kairde ýerleşýän (al-Azhar) uniwersitetinde taýýarlanylypdyr.

Döwlet dini, din döwleti hemişe goldap gelipdirler. Olara döwlet tarapyndan uly ýerler bölünip berlipdir. Şol wakyf ýerleri osman imperiýasynda işläp bejerilýän ýerleriniň üden birini tutupdyr. Bulardan başga-da dindarlaryň elinde bazarlar, kerwen-saraýlar, dükanlar hem bolupdyr. Dini edaralaryň emlägi konfiskasiýa edilmändir we olar salgyt ulgamyndan peýdalanypdyrlar.

Sünnilerden başga-da araplaryň arasynda yslamyň başga akymlaryny, ýagny şaýylar, druzlar, zeýditler, ybaditler, ismailitler hem bolupdyrlar. Şolardan iň ulusy şaýylar bolup, olaryň agramly bölegi Yrakda ýaşapdyrlar.

Araplaryň az bölegi hristianlygyň gündogar ugry bolan monofisitlige (muňa uýýanlar isu hristosyň diňe hudaýylygyny ykrar edip, onuň adamlygyny gynalşyny inkär edipdirler) uýandyrlar. Monofisitligiň görnüşlerine müsüriň kontlary, yragyň assiriýalylary, liwanyň maralitleri degişli bolupdyrlar. Bulardan başgada Watikan bilen baglanyşykly uýan buthanalary bolan grek-kotolik we ermeni-kotolik dinleri hembardyr. Yslam dini araplarda agalyk etsede, beýleki dinler yzarlanmandyr. Ähli dini adamlaryň öz mendeşleri budhanalry, haýyr-sahabat guramalry bolup, özleriniň dini dessurlaryny arkaýyn amala aşyrypdyrlar. Hiristiýanlaryň esasy mukaddes ýerleri döwlet tarapyndan goralypdyr.

XIX asyrda bolup geçen dinara dawalar esasan ýewropalylaryň ýöreden syýasaty bilen bagly bolan. Sebäbi olar ýerleşmek üçin bir ol tarapy, birde beýleki tarapy gollapdyrlar. XVIII asyryň 40-njy ýyllarynda Merkezi Arabystanda Wahhabitler hereketi döreýär. Bu hereket uly din wekili Muhammet Abdulwahhabyň ady bilen baglydyr. Abdulwahhab bir hudaýlylygy gollapdyr, gadymy ynançlara we şeýhlere sežde edilmegini tankytlapdyr. Ol adamlary ýönekeýlige, ahlaklylyga çagyrypdyr, bol elin ýaşaýyşy ýazgarypdyr. Wahhab Muhammediň hudaýlaşdyrylmagyna, Mekgedäki we Medinedäki keramatly ýerlere tankyt edipdir. Olar pars-şaýylary we „ýalan halyd“ türklere garşy çagyrypdyrlar. We bitewi arap döwletini öretmegi isläpdirler. Wahhabi taglymatyny Merkezi Arabystandaky kiçiräk Deriýa emirliginiň saud dinastiýasy kabul edýär.

1786-njy ýylda wahhabizm Merkezi Arabystanda üstün çykýar. Netijede saud dinastiýasy XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda pars aýlagynyň kenaryndaky Bahreýni we Kuweýti, Ommany eýeleýärler. Olar hem wahhabiligi kabul edýärler. Soňra Maskady eýeleýärler. XIX asyryň başlarynda wahhabiler Hijazy eýeläp Mekkäni, Medinäni talaýarlar we gyzyl deňzine çykýarlar. Şeýlelikde 1803-nji ýyldan başlap Arabystanyň mukaddes ýerlerine zyýarata barýanlaryň sany göz-görtele azalýar.

XVIII asyryň II ýarymyndan XIX asyryň başlaryna çenli wahhabylar bütün Arabystany diýen ýaly öz içine alýan döwlet döredýärler. Maskadyň soltany, Ýemeniň ymamy, Hadramawutyň hökümdarlary Saud emirlerine salgyt töläpdirler.

XVIII asyryň ahyrlarynda wahhabylar türkleriň elinde (öň arabystanyňam köp ýerleri türkleriň elinde bolan) bolan Siriýa, Yraga çozup ugraýarlar. Wahhabileriň 1801-nji ýylda şaýylaryň mukaddes şäheri bolan Kerbelany talamaklary musulman dünýäsinde uly howsala döredýär. Wahhabylar

Sünni Yragyň berilenini bilýärler. Sebäbi türk goşunlary olaryň çozuşyny saklamagy başarypdyrlar. Meselem, 1808-nji ýylda olaryň bagdada eden ýörişini yzyna serpikdirýärler. Şeýlelikde wahhabileriň döwletiniň araçägi Damask-Aleppo Mosul-Bagdat meselesi boýunça geçipdir. Wahhabiler Arabystany birikdiripdirler.

Müsür Osmanlylaryň iň baý bölegi bolupdyr. Müsür imperiýasynda aýratyn statusdan peýdalanyp, bütewi territoriýa höküminde görülipdir we osmanlylaryň ýer eýeçilik düzgüni bu ýerde ornaşdyrylmandyr. Müsüri Stanbuldan 1 – 2 ýyl möhlet bilen iberilýän hökümdar dolandyryp, ol soltanyň bu ýerdäki wekilli bolupdyr. Başda bu wezipä Beýlerbeý diýilip atlandyrylypdyr, XVII asyrda weli paşa bilen çalşyrylypdyr. Ýöne soň paşa tituly güýçlenipdir. Wezipä bellenilendigi üçin paşa soltana we onuň maşgalasyna belli bir mukdaryny berip, ol ýörite resminamalarda bellenilipdir.

Paşa Müsüriň durmuşynyň ähli ugurlaryna jogap beripdir. Paşanyň ýanynda maslahatçy wekil bolan diwan bolupdyr. Oňa türk goşunlarynyň 7 sany korpusynyň serkerdeleri, mamlük begleri, esasy şerigat sudýasy bolup kady esger, 4 sany musulman mezhepleriniň baştutanlary (şafitler, hanafitler, märekitler, hanbalitler) we Pygamberiň neslinden bolan gulamanlar giripdir. Paşanyň orunbasary kethuda bolup, ol täze bellenilen paşa Müsüre gelmezinden birnäçe aý öň gelip, soltan üçin paşanyň adyndan salgyt ýygnapdyr we şonuň 15% aýlyk hökmünde özünde galdyrypdyr. Paşanyň ýanynda onuň özüniň we Osman döwletiniň möhürnini saklaýan gullukçy, terjimeçi bolupdyrlar. Türkmenler arap dilini bilmändirler ýa – da gowşak bilipdirler, şonuň üçin hem dolandyryş işlerini türkmençe alyp barypdyrlar.

Müsüri soltan tarapyndan bellenilen türkmen paşalary dolandyrsada, ýerli mamlük begleriniň täsiri uly bolupdyr. Olar her hili ýollar bilen häkimýete dyrjaşypdyrlar.

XVII asyryň 60 – njy ýyllarynda Müsüriň syýasy arenasyna mamlük Aly beý çykypdyr, ol belli bir wagt aralygynda Stanbuldan garaşsyz bolupdyr. Türkmen soltany her hilli ýollar bilen ony ýok etmäge çalyşypdyr. Emma şuwsyz çykypdyr.

1766 – njy ýylda Aly beý özüni Müsüriň soltany diýip yglan edipdir. Ony käbir arap ýerleriniň hökümdarlaram ykrar edipdirler. Ýöne soň ol türkmenler tarapyndan ýesir alynyp Müsüre äkidilýär we şol ýerde – de aradan çykýar (1771 ý).

Ondan soňra Mamlüklar Myrat beý bilen Ybrahym beý bilelikde Müsürde hojaýynçylyk edýärler. Olar Ali beýden tapawutlylykda Stanbula salgyt ibermändirler. Soňra has az iberipdirler.

Müsüriň ykdysady esasyny ösen oba hojalygy bolupdyr. Ekinleriň dürli görnüşleri ekilipdir. Müsürli sellah ýeri berkidilip, ol berkidilen ýerni taşlap gidip bilmändir.

mandatyň galdyrylmagynyň tarapdary bolan reaksiýon köpçülik ýeňdi.

Ilkinji jahan urşunyň öňisyrasynda Siriýanyň parlamenti dagadyldy we konstitusiýa ýatyryldy. Ýurtda fransuz hökümetiniň diktaturasy dikeldildi. Ýöne milli azat edijilik hereketini bu çäreler bilen basyp ýatyrmak başartmagy. Ýurduň kompartiýasy täze – täze kärdeşler birleşiklerini döredýärdi, fransuz hökümetiniň öňünde fransuz eden – etdiligine garşylyk gökezmegi talap edýärdi, faşizma garşy işjeň göreş alyp barýardy. 1939 – njy ýylda Siriýanyň kompaniýasy ýatyryldy, onuň ýolbaşçylary tussag edildi. Ýöne bu repressiýalar halkyň alyp barýan göreşini artyryp bilmegi.

## Siriýa 2 jahan urşy döwründe.

Siriýa urşa Fransiýanyň mandaty astyndaky ýurt hökmünde 2 sentýabr aýynda ol gabawdaky "Harby zona" diýlip yglan edildi. Bu ýerde fransuz dardaky. Goşunyny harbylar faşizme garşy göreşde däl – de, eýsem ýurtdaky azat edijilik hereketini basyp ýatyrmaga hem – de sowet soýuzyna garşy ulanmak üçin ýerleşdirildi.

Harby diktatura Fransiýany bir tarapdan milli buržuaziýadan bolan tarapdarlarynyň köp bölegini daşlaşdyryp ýurtdaky sosiýal daýanjyny ýitirdi, başga bir tarapdan ol ýurduň talanmagyna güýçlendirdi. Fransuz monopoliýalary harby gurluşygynda mugt işçi güýjüni ulanyp, baýadylar.

Fransiýanyň kapitalizasiýa edilmegi Siriýanyň Wişi hökümetiniň gol astyna geçmegine getirdi. Bu ýagdaý Siriýada antidemokratik öç almaklaryň (terrory) güýçlendirdi. 1940–nji ýylyň iýunynda 1925-1927 ýyllardaky gozgalaňky

ýolbaşçylarynyň biri, milletçileriň çep ganatynyň ýolbaşçysy doktor Şahbender öldürildi.

Ýaraşygyň şertleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek bahanasy bilen 1840 – nji ýylyň sentýabr aýynda Siriýa german – italýan komissiýasy geldi. Hakykat ýüzünde olaryň esasy maksady ýerli giç maldaryň we azyk önümleriniň ýurtdan alnyk gidilmegini güýçlendirilmekdi. Ätiýaç üçin goýlan ýangyjyň alnyp gidilmegi zerarly ýurta demir ýol gatnawy kesildi, köp kärhanalar ýapyldy, işsizleriň sany artdy. Aýlyk halklary kemeldi.

German – italýan gozgançylyk komissiýasy Siriýada "täze düzgüni" faşistik düzgüni girizdi. Ýurtda berk senzura girizildi, faşistik partiýadan beýleki ähli syýasy partiýalar gadagan edildi, goşunda we edara, guramalarda "arassaçylyk işleri" geçirildi. Ýöne hökümete watançylaryň garşylagyny togtamak başartmady.

1941 – nji ýylyň fewral aýynda ilki paýtagta, soňra beýleki şäherlerde başlanan köpçülikleýin iş taşlaýyşlar we dimostrasiýalar uly syýasy hereket öwrüldi.

Wişi hökümeti faşistik wekilleriň rugsat bermegi bilen eglişikler etmäge, ýagny tussag edilen dimostrasiýaçylary azat etmäge, çörege bellenilen bir nyrh goýmaga azyk önümleriniň paýlanylyşyna halkyň wekilleriniň gözegçilik etmegine rugsat bermegi mejbur boldy. 1941 – nji ýylyň aprel aýynda Siriýa hökümeti dikeldildi.

Faşizma garşy göreşiň giňden ýaýbanlagy fransuz goşunlary bilen bile söweşýän iňlislere 1941 – nji ýylyň iýun aýynda Siriýa girmäge ýardam berdi. Siriýa halky bileleşigiň goşunlaryna ýurtdan faşistik agendaturasyna kowup çykarmaga kömek etdi. Wişi dikmesiniň esgerleri faşistik baýdaklarynyň astynda söweşmekden boýun gaçyrdylar, şeýlelikde ol goşun dargady. Faşist goşunbaşylary Sowet Soýuzyna garşy söweşe girmeklige taýýarlanýandygy üçin

Siriýa goşmaça güýçleri iberip bilmedi we faşistleriň tyly gowşady.

Şeýle ýagdaýda birleşen harby güýçleriň ýolbaşçylary Siriýa garaşsyzlyk bermek isländiklerini mälim etdiler.

1941 – nji ýylyň iýul aýynda Siriýany birleşen goşunlar eýelediler. General de Goll Siriýany dolandyrmakda (mandat esasynda) raýat dolandyryşyna (administrasiýa) we ykdysady resurslara fransuz gözegçiligini galdyryp, iňlis harby ýolbaşçylygyna razylyk berdi.

Ýöne halkara ýagdaýy, Sowet Soýuzynyň, Fransiýanyň we beýleki döwletleriň faşizme garşy alyp barýan urşy de Gollyň Siriýa halkyna beren wadasyny ýerine ýetirmäge öz täsirini ýetirdi.

1941 – nji ýylyň ýanwar aýyň 27 – ne Siriýanyň garaşsyzlygy yglan etdi, ýöne bu garaşsyzlyk “harby döwrüň talaplaryna” görä çäklendirildi. Geljekde fransuz – siriýa garnaşyklary iki taraply ylalaşyklar arkaly kesgitlemelidi.

Milli azat edijilik hereketiniň güýçlenmegi kompartiýanyň gizlinlikden çykmagyna öz gazetleriniň çap edilmegine ýardam berdi. Kärdeşler birlişikleri kanunlaşdyryldy, faşizme we nasizme garşy göreş Ligasynyň işi hem janlandy. Kanuny şertleride kompartiýa diňe bir şäher ilaty bilen däl – de, eýsem obanyň ilaty bilen hem işeňňir aragatnaşyk saklaýardy, obalarda kompartiýanyň ýerli guramalary döredilýärdi.

## Garaşsyzlygyň gazanylmagy.

1943 – nji ýylda Siriýanyň konstitusiýasy dikeldildi. Harby bileleşigiň girýän ýurtlaryň hökümetleri parlament sawlawlaryny geçirmeli boldular, şol saýlawlarda soňra Milli watançylyk birleşigi diýlip atlandyrylan Milli blok ýeňşi

gazandy. Şol birleşigiň özbaşçysy Şukri Kuatli ýurtduň prezidenti boldy.

Siriýa halkynyň azat edijilik göreşi fransuz hökümetini täze eglişiklere ýetmäge mejbur etdi. Siriýanyň hökümeti ykdysady edaralara gözegçilik etmäge hukuk aldy. Mundan başga – da, fransuz tarapy goşunlary yzygiderli ýurtdan çykarmak söz berdi. Esasy gazanylan ýeňiş hem Siriýanyň konstitusiýasyndan Fransiýanyň mandaty baradaky statýanyň aýrylmagydyr. Bu bolsa fransuz mandatynyň soňuna çykylandygyny aňladýardy.

Özbaşdak döwlet hökmünde Siriýa 1944 – nji ýylda SSSR we beýleki ýurtlar bilen diplomatik aragatnaşygy ýola goýdy. 1945 – nji ýylyň Baýdak aýynda ol Germaniýa garşy uruş yglan etdi, soňra BMG – nyň esaslandyryş konferensiýasyna gatnaşdy.

Ýöne entäk Siriýanyň ykdysadyýetinde Fransiýanyň täsiri örän güýçlidi. Fransuz monopoliýalary arzan bahadan oba hojalyk çig malyny satyn alyp, işçileri agyr zähmet bilen ezýärdiler. Ýurduň syýasy garaşsyzlygy hem gutarnykly gazanylmandy, sebäbi ýurtda galan iňlis we fransuz goşunlarynyň ýolbaşçylary. Siriýanyň içerki işlerine gatnaşýardylar.

1944 – nji ýylyň güýzünde siriýa – fransuz gepleşikleri başlady. Bu gepleşikleriň ýurtda Fransiýanyň syýasy, ykdysady we harby täsirini saklamaga mümkinçilik berýän adalatsyz ylalaşyk gazanmak isleýän fransuz hökümetitarapyndan birnäçe gezek arasy kesilikdi. Siriýa hökümetine biraz täsir etmek üçin ýurda goşmaça fransuz goşunlary ugradyldy.

Fransuz hökümetiniň bu işi amala aşyrmady. Halkara ýagdaýy hem ýurtdaky içerki ýagdaý hem Siriýanyň bu meselesini güýç bilen çözmäge mümkinçilik bermeýärdi. 1945 – nji ýylyň maý aýynyň 17 – ne Germaniýanyň goşuny derbi – dagyn edilenden soňra Siriýada ähliumumy iş taşlaýyş

başlandy. Halk ýurtdaky ýagdaýy kadalaşmagyň talap edýärdi. Ýurduň birnäçe şäherlerde watançylar bilen fransuz goşunlarynyň arasynda ýaragly çaknaşyklar başlady. Fransuz harby ýolbaşçylygy Damasky bombalamak barada buýruk berdi. Resmi maglumatlara görä şäherde 400 adam öldürildi, 1500 adam bolsa ýaralandy. Sowet hökümeti Fransiýanyň, Angliýanyň, ABŞ – nyň we Hytaýyň hökümetlerine ýüz tutup ýüze çykan gapma – garşylyklaryny ýagdaýy parahatçylykly ýol bilen aradan aýyrma boýunça dürli çäreleri bilelikde işläp düzmeklige çagyrdy. Ýöne iňlis hökümeti emele gelen ýagdaýda peýdalanyp bu gapma – garşylygy çözmekde ähli jogapkärçiligi öz üstüne alýandygyny mälim etdi. Ýurtdaky harby hökümet iňlisleriň eline geçdi.

Harby ýolbaşçylygyň galyşmagy ýurtdaky ýagdaýy hiç hili üýtgetmedi. Siriýanyň hökümeti 1945 – nji ýylyň Gorkut aýynda diňe siriýalardan düzülen harby bölümleri öz ygtyýaryna berilmegini gazandy, ýöne daşary ýurt goşunlarynyň Siriýanyň çäklerinde bolmagy dowam edýärdi. Ykdysadyýetde iň wäjip ýerler daşary ýurtlaryň elindedi. Mundan başgada 1945 – nji ýylyň Bitarap aýynda Angliýa bilen Fransiýa Siriýa bilelikde dolandyrmaklygy dowam etmek barada ylalaşyk baglanyşdylar. Siriýanyň halky hakyky garaşsyzlygy gazanmak ugrunda entäk göreşmelidi.

## Yrak Iňlis agalygy döwründe.

**I jahan urşy döwründe hem ondan soňra Yragyň ähli territoriýasy iňlis goşunlary tarapyndan basylyp alynypdyr. Urş hereketleriniň weýrançylygy hem – de türk we iňlis harby hökümetleriniň talançylykly syýasaty ýurduň halk hojalygyny heläkçilikli ýagdaýa getirdi. Türk goşunlaryna we iňlis zähmet korpuslaryna ýerli halkyň alynmagy ýurtda işçi güýjüniň ýiti ýetmezçiligine getirdi. Ekerançylyk**

**ýerleriniň aglaba bölegi taşlanypdy (Mossul welaýatyna 50 % golaý). Ýaňy emele gelip başlan senagat we adaty senetçilik hem pese düşýär. Ilat azyk we senagat harytlarynyň ýetmezçiliginden ejer çekýärdi. Bahalar 3 – 5 esse ýokarlandy spikulýasiýa giňden ýaýrady. Aghassalyk ýaly ýokanç keseller ýaýrady. Aglykdan we kesellerden onlarça müň adam heläk boldy.**

Yragy basyp alan iňlisler ýurdy kolonial tabynlyga alyp barýardylar. Ýurduň merkezinde we ýerlerdäki ähli häkimlik iňlisleriň elindedi. Ýurtda öz agalygyny pudaklandyrmak we öz tarapyna feodal gatlagy çekmek maksady bilen ýer reformasyny yglan etdi. Oňa laýyklykda daýhan obşinalarynyň ýerleri taýpalaryň şeýhlerine dindarlary beýleki ýokary gatlaga degişli adamlara we buržuaziýanyň wekillerine berkidildi. Basybalyjyklaryň ýardam bermeginde iri ýer eýeleri daýhanlardan alýan salgytlarynyň mukdaryny ýokarlandyrmaga mümkinçilik aldylar. Ýöne ýurtda alynyp barylýan syýasat Angliýanyň esasy syýasy maksadyny üýtgetmeýärdi.

## 1920 – njy ýyldaky azat edijilik gozgalaňy.

Angliýanyň annekseonistik syýasaty yrak halkynyň araplaryň we kürtleriň daýhanlaryň, senetçileriň, çarwalaryň aýgytly garşylygyna sezewar boldy. Iňlislere garşy bolup diňe bir täze emele gelen buržuaziýa çykyş etmän, eýsem käbir feodallar gatlaklary ownuk we ortaça taýpalaryň şeýhleri taýpa serdarlarynyň işlerine iňlisleriň gatyşmaklaryndan dindar mujtahidler bolsa şaýylaryň mukaddes şäherleri Nettefanyň we Kerebelanyň aftonomiýasyny ýok edendiklerine nägilediler.

Iňlis hökümetiniň alyp baran syýasatyna garşylygyň güýçlenýän döwründe “Garaşsyzlygyň goragçysy” atly watançylyk jemgyýeti döredi. Oňa yrak feodallarynyň iňlislere garşylyk bildirýän bölegiň, täjirleriň we intilegensiýanyň wekilleri girdiler. Bu jemgyýetiň iň görnüşli wekilleri hökmünde Bagdat täjiri Jafar Abu – Timmany we şaýy dinary Muhammet as – Sadry belläp geçmek bolar. Jemgyýetiň bölümleri merkezi Yragyň köp şäherlerinde hereket edýärdiler. Olaryň Yragyň doly garaşsyzlygy talap edip çykyş edýärdiler. Feodallara ylalaşykly topary “Yrak wesýeti” atly jemgyýete birikdiler. Olar Yrak döwletiniň geljegini Angliýa bilen barlaýardylar. Olaryň öňbaşçylyklarynyň arasynda Nury şaýy saýlanýardy, soňra ol Yragyň tagta çykarylmadyk hökümdary boldy. Bu jemgyýetleriň ikiside kürtleriň ýaşaýan ýerlerine täsiri ýetmeýärdi.

Köpçülikleýin azat edijilik hereketler iňlislere garşy durýan taýpalarynyň şeýhleri we feodallaryň ýolbaşçylyk etmeginde aşyrylýardy.

Uly gozgalaňlaryň biri 1918 – nji ýylyň Neditefde we Orta Ýefratyň birnäçe şäherlerinde turdy. Urşdan soňky ilkinji ýyllarda kürt welaýatlarynda iňlislere garşy hereketler has – da güýçlendi. Görnükli dindar hem abraýly feodal şeýh Mahmydyň (1919) ýolbaşçylygynda turan kürtleriň iň uzak dowam eden gozgalaňda garaşsyz kürt döwletini döretmek barada şygyr öňe sürüldi. Bu gozgalaňlar basybalyjylar tarapyndan rehimsiz basylyp ýatyrylypdy.

1920 – nji ýylyň başyna milli azat edijilik çykyşlaryň merkezi arap welaýatlaryna süýşdi. 1920 – nji ýylyň gyşynda we ýazynda bedewin taýpalary Tigr we Ýefrat derýa aralygynyň basyp alyjylardan doly azat edip Mossula ýörişe taýýarlanýardylar. “Yrak wesýeti” jemgyýetiň öňbaşçylary Angliýanyň hökümetiniň eglişik ederine garaşdylar hem – de Siriýanyň Haleb şäherinde çagyrylan Yrak kongresinde

ýurduň garaşsyzlygyny yglan etdiler, ýöne kongresiň rezolýusiýasyny goldamak üçin aýgytly hereketler etmediler.

San Remoda beýik döwletleriň konferensiýasynyň netijeleri baradaky maglumatlaryň ýaýramagy imperializasiýa garşy hereketlere täze itergi berdi. Şol konferensiýada Yragyň üstünden iňlis agalygyň dikeldýändigi baradaky mandat güýje girdi.

1920 – nji ýylyň Magtymguly – Oguz aýlarynyň ahyrynda Bagdatda we Yragyň beýleki şäherleriniň köpüsinde köpçülikleýin manefestasiýalar geçdi. Bu manefestasiýalarda ýurduň garaşsyzlygyny talap ediji şygyrlar ýaňlandy.

"Garaşsyzlygyň goragçysy" jemgyýetiniň we killeriniň Merkezi Yragyň taýpalarynyň şeýhleriniň hem – de şaýy Mudžitahidleriň maslahatynda ýaragly gozgalaňa taýýarlanmak barada karar kabul edildi. Şeýle ýagdaýda 1920 – nji ýylyň iýun aýynyň 30 - na Kumeýsa şäherjigindäki bir taýpanyň çykyşy örän tiz wagtyň içinde ähmyrak azat edijilik urşuna öwrüldi. Bir aýynyň dowamynda gozgalaňçylar Bagdat bilen Basranyň arasyndaky Tigr jülgesinden we iňlisleriň daýanç nokatlarynda başga Yragyň ähli arap bölegini azat etdiler. Taýpalar basybalyjylara birnäçe güýçli zarbalar urdular. Ýöne gozgalaňyň beýleki ýurtdaky hereketlerden arasy üzükdi. Süniler bilen şaýylaryň arasyndaky araplar bilen kürtleriň arasyndaky gapma – garşylyklar gozgalaňyň güýjüni belli bir derejede pese gaçyrdy. Kä ýerlerinde taýpalaryň arasynda gan döküşikli çaknaşyklar boldy. Gozgalaň esasan obalaryň çäklerinden daşa ýaýramady. Gozgalaňçyklaryň garşysyna bir ýüz elli müňlik goşuny sürüp iňlisler 1920 – nji ýylyň noýabr aýynyň ortalarynda taýpalaryň esasy güýçlerini derbi – dagyn etdiler.

Ýöne partizan operasiýalary ýene bir näçe aýlap dowam etdi.

## Yrak mandatyň hereket edýän döwründe.

Angliýanyň Yrakdaky ýokary komissary gozgalaňyň geriminden gorkan feodal komprador toparlaryň goldawyny gazanyp, 1920 – nji ýylyň oktýabr aýynda Yragyň wagtlaýyn hökümetini döretdi. Angliýa 1921 – nji ýylyň Alp – awgust aýynyň 23 – ne bolsa Hijaz şerifiniň ogly Feýsal al – Haşemini Yragyň patyşasy diýlip yglan edilmegini gazandy.

Paşa hökümetiniň ähli edaralaryna iňlis maslahatçylary goýulypdy, welaýatlarda bolsa iňlis inspektorlary hojanyçylyk edýärdiler. Iş ýüzünde ýurdy iňlis komisary dolandyrýardy. 1922 – nji ýylda gol çekilen iňlis Yrak ylalaşygyna laýyklykda patyşa hökümeti halkara we maliýe syýasatyna degişli soraglarda iňlis komissiriýanyň berýän maslahatyna gullak asmalydy. Angliýa Yrakda öz goşunlaryny saklaýardy. Bu ylalaşygyň şertleri Yrak jemgyýetçiliginde aýgytly garşylyga sezewar boldy. Garaşsyzlyk hereketleri bütin ýurtda ýaýbaňlandy we onuň başynda Yragyň milli partiýasynyň ýolbaşçysy Abu Timman Yragyň galkynyş partiýasynyň öňbaşçysy Assadr we görnükli şaýy Mudştahidler durdy. Diňe 1924 – nji ýylda Angliýa köpçülikleýin garşylygy basyp ýatyrandan soň bu ylalaşygyň tassyklanmagyny gazandy. Onuň britan koloniýalaryň ministrliginde taýýarlanan Yrak konstitusiýasy tassyklandy. Iňlisler Yrakda öz agalygynyň doly ykrar edip 1925 – nji ýylda ýurduň ähli ýerlerinde nebiti gözlemäge we çykarmaga manapolýa hukugyny “terkiş petroliýum” iňlis kompaniýasyna berilmegini gazandy. 1927 – nji ýylda iňlis kompaniýasy amerikan – fransuz nebit kompaniýalarynyň güýçli täsiriň astynda eglişik edip “Yrak petrolýum kompani” iňlis, galand, amerikan we fransuz maýa goýumlaryna esaslanan atly garyşyk nebit kompaniýasyny döretmäge gatnaşsada, ol Yragyň nebit senagatynda agalyk edýärdi.

## Mandatyň ýatyrylmagyna garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllary.

Yragyň mandat astynda bolmagy halkyň garşylygynyň has – da güýçlenmegine getirdi. Sürgünden gelen şeýh Mahmudyň ýolbaşçylyk etmeginde Kürdistandaky gozgalaň tä 1926 – njy ýyla çenli dowam etdi. Araplaryň ýaşan şäherlerinde iňlislere garşy demonstrasiýalar geçýärdi, Merkezi Yragyň taýpalary hem aýgytly çykyş edýärdiler. Angliýa ýurduň hökümetiniň milli agzalarynyň dolandyryş ygtyýarlyklarynyň giňeltmek meselesinde hiç hili eglişik etmändir, şonuň üçin hem häkimlik edýänleriniň arasynda hem nägililik döräp ugrady. Şeýle ýagdaýda Angliýanyň hökümeti iňlis Yrak gatnaşyklarynyň üýtgetmegini we mandaty ýatyrmagy teklip etdi. Mandatyň şertlerine görä Angliýa Yrakda "Açyk gapylar" syýasatyny amala aşyryp, ABŞ we beýleki Ýewropa ýurtlarynyň ählisini maýa goýum syýasatynda deň derejede mümkinçilik bermelidi. Bu ýagdaý bolsa iňlis hökümetine Yrak bilen gatnaşygyň täze görnüşini gözlemäge mejbur etdi. 1930 – njy ýylyň Oguz aýynyň 30 – na iňlislere raýdaşlyk bildirýän hem – de ýaňy – ýakynda hökümet başyna geçen Nury Saýid täze 25 ýyl möhleti bolan iňlis – yrak ylalaşygyna gol çekdi. Yragyň Milletler Ligasyna kabul edilen pursadyndan güýje girýän ylalaşyga laýyklykda Yrak garaşsyz döwlet diýlip yglan edilýär we Angliýa bilen "dostluk" we "soýuzdaşlyk" aragatnaşygyny saklaýar. Angliýa öz ygtyýarynda Yrak hökümetini daşary syýasaty ýüze çykýan meselerde "maslahat bermekligi", Habbanizdäki we Juaýbedäki harby bazarlaryny hem – de Yragy goramakda "aýratyn hukugyny" galdyrdy, Yraga maslahatçylary we seljerileri (ekspertleri) ibermeklige aýratyn monopoliýany öz eline aldy. Şeýlelikde, ylalaşyk ýurtda iňlis aralygyny galdyrýardy. Bu ylalaşyga garşy watançy jemgyýetçilik

köpçüligi aýaga galdy. 1930 – njy ýylyň noýabr aýynda döredilen “Millet doganlygy” oppozision partiýasy öz hataryna Nury Saýidiň garşy daşlaryny, intelegensiýany, täjirleri, talyplary ýygnapdy. 1931 – nji ýylyň ýanwar aýynda onuň düzümine Abu – t – Timmanyň Yrak milli partiýasy girdi. “Millet dogançylygy” partiýasy 1930 – nji ýylyň ylalaşygy ýatyrmaklygy, parlamenti çagyrdy we hökümetiň otstawka gitmegini talap etdi. Oppozisiýanyň täsiri netijesinde kolonial düzgüne garşy göreş has – da ýitileşýärdi.

Nury Saýidiň hökümeti iňlis goşunlaryna daýanyp azat edijilik hereketi togtatmagy başardy we 1932 – nji ýylyň oktýabr aýynyň 3 – ne 1930 – njy ýyldaky ylalaşygyň şertleri esasynda ýurtdaky daşary ýurt kompaniýalaryň öňündäki borklaryny doly tassyklanan, Yragyň milletler Ligasyna kabul edilmegini gazandy. Yrak öz garaşsyzlygyny yglan eden wagtynda yzagalyk agrar döwletidi. Nebit senagatyndan başga ýurtda hiç hili uly senagat kärhanalary gurulmandyr. Mandatyň hereketiň eden döwründe ýurtda daýhanlary ýersiz goýdy, işsizleriň işgärlerini döretdi, feodallaryň we süýthorlaryň hökümrowanlylygy artdy. Feodallardyr süýthorlar iňlisleriň beren häkimligini eldegirilmesiz saklamaga galyşdylar.

Ýöne iňlis administrasiýasynyň ýok edilmegi ýurtdaky gapma – garşylygy has – da ýiteleşikdir. Mandatyň hereketi ýatyralyndan soň geçen 2 ýylyň dowamynda ýurtda 8 gezek ministrler kabineti çalyşdy we 3 gezek parlament saýlawlary geçirildi.

Ýurtdaky ýagdaýy 1933 – nji ýylyň mart aýynda Reşid Ali al – Gaýlaminiň baştutanlygynda hökümet başyna geçen “Millet doganlygy” partiýasy hem düzedip bilmedi. Ol 1930 – nji ýylyň ylalaşygyny ykrar edýändigini mälim etdi. Yragyň milli partiýasy bu syýasy goldamaýandygyny aýdyp, “Millet doganlygy” bilen arasyny üzýändigini mälim etdi. Ali – Gaýlaniniň hökümet başyndan gitmese mejbur boldy. Soň

“Millet doganlygy” 1935 – nji ýylda ýene bir gezek hökümet başyna geçdi, ýöne öz alyp baran syýasatynda hiç hili täzelik girizmedi. 1935 – 1936 – njy ýyllarda Orta Ýefratyn taýpalaryň we kürtleriň gozgalaňlary täze güýç bilen tutuşdy.

## Saud Arabystanyň Döwleti (1715-1918)

Saud Arabystan döwletiniň döreýşi barada başlamazdan öň Wahabbileň döreýşi hakynda aýtsak ýerlikli bolar.Siýa(wahhabit) sektasy arap şeýhi tarapyndan döredildi.Ol Abdel Wahabyň oglydy,atasynyň ady bolsa Süleýmandy.Bir gün onuň atasy Süleýman düýşinde öz endamyndan ot çykypmyş we hemme ýaýranmyş,öňünden çykan jaýlary ýakanmyş.Süleýman gara der bolup turupdyrda we şeýhlere öz düýşiniň ýorgudyny sorapdyr.Oňa seň oglyň Wahab täze hanadanlygyň düýbini tutjakdygyny aýdypdyrlar.Ol hem şeýle bolar.Arabystanda wahabizm dini sektany tutan Aýne obasynda dogulan 1703-1787 dindar maşgalasynda dogulýar.Muhammediň kakasy Abu al-Wahab ibn Süleýman kazydy we onuň ilkinji mugallymydy.Ýaş wagtynda ol Gurhany hem gowy bilipdir.12 ýaşynda ony öýerýärler.Soňra ol Mekgä zyýarat edip 2 aýy şol ýerde geçirýär.Ol Hijaza,Basra we El hasda syýahat edipdir.Medinede onuň belli mugallymy Abdulla ibn Ibragim ibn Saýfa bolupdyr.Ol bir gün öz okuwçysyna şeýle aýtdy:”Men saňa haýsy ýaragyň götermelidigini görkezeýinmi”-diýdide “Bir Hudaýa ynanmak hakyndaky” kitaby görkezdi.Şol döwürde 1744-nji ýylda Ibn Abdal Wahab Et-Diri ýerde mekan tutdy Ibn Saýut şol ýeriň emiridi. 19 asyryň başlaryna çenli wahabitler tarapyndan Saud arap feodallar bir döwlete birikdirildi we bu döwlet 20 asyra çenli dowam etdi.Ol Saud Aarabystany birikmek üçin ot we gylyç bilen geçdiler.1801-nji ýylda Müsürde fransuzlaryň ýerine iňlisler geldiler.Arabystan Müsürden kesildi.Wahhabiler öz

hereketini dowam ederdi we 1802-nji ýylyň 20-nji aprelinde Kerbella şäheri hem wahhabileriň eline geçdi.Oňa 12 müň wahhabiler gatnaşdy.Olar 4 müň adamy jezalandyrdylar.Hüseýniň nazaryny hem ýykdylar.Soňra wahhabitler Mekge şäherini aldylar.Muňa Osman imperiýasy wahhabiler Kerbellany edişi ýaly gorkýardylar.Mekge wekillerine Osman imperiýasyndan perman gelýär şäheri goramaly.Ýöne  Biduinler gelip Mekgäni we onuň kitaphanalaryny ýakypdyrlar. Mekge şäheriniň wekilleri Osman imperiýasyndan kömek sorapdyrar.Ýöne Mekge şäherine hiç kim kömek edip bilmändir.Soňra Saud esasy wahhabit güýçlerini 1803-nji ýylyň martynda Hidjaza iýberýär.Şol wagt Siriýadan,Müsürden we Magribden haja zyýarata gelenlerem wahhabitlere gaýtawul berip bilipdir.180-nji ýylyň aprel aýynda olar Mekge şäherine girdiler.Ol metjit we mazarlary ýykyp başladylar we ýer bilen tekizlediler.Olar Mekgedäki ilata ýygy-ýygdan namaz okmagy talap etdiler we ýüpek eşigi geýmeli döl diýip karar çykardylar.we çilimi märekäniň arasynda çilim çekmegi gadagan edipdirler.Müştükleri we temmäkileri merkezi meýdana çykaryp ýakypdyrlar.Mekgäniň wekilçiligine bolsa wahabbitlerAbdal-Muinnini belleýärler.Saud Selim 111 (1789-1804.ý) şeýle hay ýazdy ;”Men Mekgä 1803-nji ýylyň 26-njy aprelinde girdim.Ilatyňa parahatçylyk berdim.Dine gerek däl obýektleri ýykdyrdym.Ilaty salgytlardan boşatdym.Meniň islegim Damaskdaky we Kairdäki keramatly şäherlere glaýlaşmasynlar.Dine bu hereketler gerek däldi.Alla sizi öz penasynda saklasyn.”.1803-nji ýylyň güýz aýlarynda Turaýf metjidinde Diriýanyň emiri Saudyň kakasy Abdul Aziz bir Osman diýen adam tarapyndan öldürilýär.Saud derrew yzyna Siriýa gaýdyp barýar.Stambulda bu habary şowhunly garşryladylar.Wahhbitler Hidjaza tarap ýenede söweş etdiler.Uruş bir ýyl dowam etdi.Galib esasy türklere daýanýardy we wahhabilere garşy söweşýärdi.Netijede

wahhabiler üstün çykdy,türkler şäherden çykmaly boldular.Mekge şäherine osman imperiýasyndan haja zyýarata gitmegi kesildi.Müsürliler hem wahhabileriň garşysyna (1811-1818.ý) hüjüm ederdi.Wahhabileriň Mekgäni we Medinäni eýelemegi müsürlilere uly tolgunma döretdi.Selim 11 türk solany Hidjazy Osman imperiýasyna gaýtarmagy synanyşýardy.1805-nji ýylda Muhammet Ali Müsüriň patyşalyk tagtyna mündi.Netijede Osmanlar ýaly Müsirlileriň hem wahhabileriň garşysyna maksady bolupdyr.Olar güçlerini birikdirip hüjüme başlaýardy.Ilkinji harby ekspeditsiýasyna ýaş (18 ýaşly) Tusun ýolbaşçylyk edýärdi.Mzsiriň goşuny türk,alban,magrib hakyna tutma esgerlerden ybaratdy.Olara bolsa ökde Ýewropa söweşine gatnaşan serkerdeler gözegçilik edýärdi.Tusunyň hem kömekçisi Ähmet aga (lakamy Banapart) Ýanbo portyna bardylar ýöne onuň goşuny derbi dagyn edildi.1812-nji ýylda Tusun uly güýç bilen Medinäni eýelemegi başarýar.Medinäniň wekilçiligine yslamy kabul eden şotlantly Tomas Keýsini häkim edip belleýär.Şerif Galib bolsa iki oýny alyp barýar,bir tarapdan wahhabileriň ýeňilmegi oňa amatlydy,ikinji tarapdan Müsürlileriň güýçlenmegi ony gorkuzýardy.1913-nji ýylyň ýanwar aýynda müsürliler Jitte şäherini eýelemegi başarýar.Şol ýylyň güýzünde Muhammet Ali Jitte gelýär.Ony Galib hormat bilen garşylaýar.Muhammet Ali bolsa ony tussag edip maşgalasy bilen Kaýire iýberýär.Soňra bolsa ony Salonikä göçürýär we şol ýerde aradan çykýar.Onuň ýerine bolsa ol Ýahýa ibn Sururany belleýär.MuhammetAli eger-de Saud Arabystany
ýeňmese onda Müsürde onuň abraýy pese gaşjakdygyny bilýärdi.Söweşe hatda öz ogly Ibraýymy salardy.Wahhabileriň pikirini Marokkanyň soltany hem ýöredýärdi.Müsürliler netijede Saud Arabystany eýelemegi başarýarlar.Sauduň 400 adamdan ybarat maşgalasyny Müsüre iýberýärler.Müsürliler diňe iňlislere garşy çykardy.Ybraim patyşa Arabystanyň wezipesine Muhammet Aliniň aýal doganynyň ogly Halili

häkim edip belleýär,soňra onuň dogany Ähmet patyşa tä 1829-njy ýyla çenli häkimligi ýöredýärdi.Şol döwürde Saudyň maşgalasy Müsürden gaçyp öz ülkesine baryp wahhabiler bilen birleşip uly güýç bolýarlar.1927-nji ýylda Ýahýa Mekgäniň şerifi öldürilýär.Muhammet Ali onuň ýerine Muhammet ibn Abdal Muina ibn Aunany şol posta belleýär.Ol tä 1851-nji ýyla çenli häkim bolýar.Müsürlileriň Saud Arabystandaky häkimligi osmanlylara ýaramaýardy we olaryň arasynda häli-şindi çaknyşyklar bolup geçýärdi.Iki tarapdan Arabystany eýelemek üçin Saudylaryň neslinden bolan şazadalary taýýarlaýardylar.Bir tarapdan Feýsal(osmanlylar arka durýardy) bir tarapdan Halid ibn Sautdy(Müsürliler arka durýardy).Bu bäsleşikde müsürliler üstün gelip Feýsaly tussag edip Müsüre iýberýärler.1843-nji ýylda oňa Müsürden gaçmak başardýar we ýenede söweşe girýär. we Arabystanyň köp ýerlerini eýelemegi başarýar.1865-nji ýylda Feýsal ibn Türki aradan çykandan soň onuň ogullarynyň arasynda tagty eýelemek ugrunda bäsdeşlik başlaýar.Tagty Abdylla eýelemegi başardýar. Iňlisler Riýad emiratyň gowşamagyny isleýärdiler.Onuň garşysyna dogany Saud hem çykyş edýärdi.Abdylla patyşa bolsa Maskaty eýeläp olara salgyt tölemäge boýun egdirýärdi.1871-nji ýylda Saud Er-Riýady hüjüm edip Abdyllany Günorta Kehtanlaň ýanyna gaçyp gimäge mejbur etdi.Soňra bolsa Sauduň çagalary Er-Riýady öz gözegçiligine alýarlar.Olaryň biri Abdyl Aziz patyşalyga bellenýär.Osmanlylar olary gözegçilige aljak bolup 1904-nji ýylda 4-5 müň goşun iýbediler.Iňlisler hem ol ýerden öz paýyny aljak bolup synanyşýardylar.Osmanlylar öz meselesinde Germaniýa daýanýardylar.Germaniýa bolsa şol döwürlerde Rossiýa,Fransiýa,Angliýa,Ýaponiýaň garşysyna uruş yglan edýärdi.Netijede 1-nji jahan urşuň öň ýany (1517 tä 1916) Hijaz Osmanlylar gol astynda bolýar.

## Tropiki Afrika XVII -XIX asyrlarda.

XVII asyrda bitewi efiop döwletiniň gowşamak prosesi dowam edipdir. Daşardan türkler, somaliler we musulman soltanary howp salypdyrlar, üstesine-de iri knýazlaryň özara uruşlary dowam edipdir we merkezi häkimiýete howp salypdyrlar. Efioplardan günortada ýaşaýan gallalar efiop neguslarynyň mülklerine ýaragly çozuşlary gurnap durupdyrlar. Gallalaryň bir bölegi Efiýopiýanyň amhar halky bilen garyşypdyr we monofizitligi kabul edipdirler.

Efiop monarhy Susnyýos (1606-1632) esasan galla we agau taýpalary bilen uruş alyp barypdyr. Ol agau taýpasyny boýun egdirip hrestiançylyga salnypdyr. Susnyýosa iudeýleşen falaş taýpalary ýowuz garşylyk görekezipdirler. Emma olaryň köp bölegi ýok edilipdir. Bir bölegi bolsa hrestianlçylyga salnypdyr ýa-da gul edilip satylypdyr.

Susnyýos ispan we portugal katolikleriniň täsirinde bolupdyr. Ol katolikçiligi kabul edipdir. Bu bolsa efiop buthanasynyň we halk köpçüliginiň nägileligine getiripdir. Netijede ýurtda dini şygarlara esaslanýan halk gozgalaňlary başlaýar. Şonuň üçin hem susnyýos katolikçilikden we tagtdan e çekmäge mejbur bolupdyr. Onuň ornuna gelen ogly Fasilides (1632-1667) katolikleri Efiopiýadan kowup çykarýar.

Fasilides öz musulman goňşylary barada parahatçylykly syýasat alyp barmaga çalşypdyrlar. Ýöne ýurduň içinde tertip-düzgüni ýola goýmaga başarmandyr. Onuň ogly Ýohannys I-niň (1607-1681) döwründe-de ýurduň içinde asudalyk bolmandyr. Ol dini sobory çagyrmak bilen dini taraplary ýaraşdyrmaga çalşypdyr, ýöne bu başa barmaýar.

Ahyr netijede feodal dini oppozisiýa Ýohannysyň ogly Iýasuny (1681-1706) tagta çykýar. Ol ýurtda otnositel asudalygy berjaý etmegi başarypdyr. Ýöne döwlet häkimiýeti enteklerem gowşak bolupdyr. 1705-nji ýylda köp feodallar Iýasunyň garşysyna dildüwşik guraýarlar. Iýasun 1706-njy

ýylda öldürilýär we onuň ornuna oglyny Takle Haýmonoty (1706-1708) goýýarlar. 1721-nji ýyla çenli ýurtda özara uruşlar bolup 4 sany negus çalşypdyr. Iýasunyň ogly Walde Giorgis (1721-1730) döwründe az wagtlyk özara uruşlar bes edilipdir. Ol köşk adamlarynyň arasynda köpçülikleýin jezalandyrmalary geçiripdir. Goşunda arassaçylyk işlerini geçiripdir. Goşuny täzeden ýygnap, olary ot açýan ýaraglar bilen üpjin edipdir. 1724-nji ýýlda onuň goşunlary Lasta, Waga, Tigre we Begemdir welaýatlarynyň feodallaryny boýun egdiripdir. Ýöne öňa-da ýurtda doly asudalygyny amala aşyrtmak başartmaýar.

Ondan soňky neguslar ýurduň ütweiligini saklap bilmändirler. XVIII asyryň 80-nji ýyllaryndan tä, 1855-nji ýyla çenli bolsa ýurtda “knýazlaryň dolandyran” döwri bolýar. Efiopiýa merkezleşdirilen döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär.

XIX asyryň ortalarynda Efiopiýada birleşmek meýilleri güýçlenip ugraýar oňa uruglar döwründe mülkini ýitiren günbatarly Kassa ýolbaşçylyk edýär. Ol nägile güýçleri töweregine ýygnap ýurdy birikdirip ugraýar. Netijede 1854-ýyla çenli ol bütin merkezi Efiopiýany birikdirýär. Onuň garşydaşlaryndan Tigre welaýatynyň hökümdary Ubiýe galypdyr. Kassa Ubiýeden wassal bolmagyny talap edipdir. Ol bir bada boýun bolýar. 1855-nji ýylda Kassa Feodor (Teodros) II-nji ady bilen Efiopiýanyň negusy (1855-1868) bolýar. Şondan soň Ubiýe Feodory negus diýip ykrar etmeýär. Kassanyň garşysyna uly güýçleri sürýär. Ýöne Ubiýe ýeňilýär. Netijede bütin Efiopiýa Kassa tarapyndan birkdirilýär. 1855-nji ýylyň fewral aýynyň 7-ne Negus-nagesti (şalar-şasy) diýip yglan edilýär.

Şoa welaýatynyň hökümdary Efiopiýanyň agdarylan dinastiýasyndan gelip çykan adamlar bolupdyrlar we olar Feodory uzuriator hasan edipdirler. Şaoli hökümdarlar Angliýa bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyrlar. Feodor Şaony hem boýun egdirýär.

Feodoryň häkimiýetine garşy Tigre welaýatynda Ubiýeniň agtygy Negussiýe tarapyndan topalaň turýar. Ol fransuzlara daýanypdyr. Emma 1861-nji ýylyň ýanwar aýynda Negussiýeniň goşunlary Feodoryňkydan ýeňilýär we Tigrede Negusyň häkimiýeti ýene-de ornaşdyrylýar.

Ýurdy berkitmek üçin ol käbir özgertmeleri geçirmäge synanşyk edýär. Munuň üçin ol ýewropalylaryň güýçlerine daýanmak isläpdir. 1862-nji ýylda iňlis korolewasy Wiktoriýa we fransuz imperatory Napoleon III-e hat ýazýar. Emma olar Feodoryň öňünde birnäçe şertleri goýupdyrlar: Efiopiýada degişli ýurtlaryň missionerlerine din işlerini alyp barmaga rugsat bermeli. Soň feodal iňlis ilçilerini hem yzarlap ugraýar we olary tussag edip Magdalyň (paýtagt) türmesine salýar. Iňlisler boşadylmagyny talap edýär. Boşadýar. Iňlisler amatly pursat araýar.

1865-nji ýylda Magdalyň türmesinden şanyň öňki hökümdary Menelik gaçýar we özüni şalaryň şasy diyip yglan edýär. Şol döwürler Lastenyň hökümdary Baboże hem topalaň turuzýar. Tigra welaýatyny eýeleýär we ol ýerde Kassaýiny hökümdar edip saýlaýar. Kassaýini hökümdar edip saýlaýar. Kassaýi soň Tabariden aýrylýar we özüni Tigranyň negusi diýip yglan edýär.

Feodor musulmanlara garşy syýasat alyp barypdyr. Musulmançylygy gadagan edýär.

Şeýle şertlerde Angliýanyň hökümeti 1867-nji ýylda harby hereketlere rugsat berýär. Iňlisler Gabaris we Memelin bilen gowy gatnaşyklary ýola goýýarlar. 1868-nji ýylda iňlisler Magdalyny eýeleýärler. Goranisi söweşlerde Feodor ölýär. 1868-nji ýylyň iýun aýynda iňlisler Efiopiýa çozup girýärler. Ýurtda Gobaziýanyň Meneligiň we Kassaniniň arasynda häkimiýet ugrunda göreş başlaýar. Gabaziýa 1872-ýylda Kassaiden ýeňilýär. Şundan soň Kasan Aksulin eýeleýär we şo ýerde özüni Ýohanys 4-nji ady bilen Negus diýi yglan edýär. (1872-1889).

Ýudrdyň yksysadyýetiniň esasyny ekerançylyk tutup, umumy eýesi Negus bolupdyr. Dagynyklyk döwründe şu hukukdan fiodal häkümdarlar peýdalanypdyr. Neguslar, fiodal häkümdarlar we buthana uly ýer eýesi bolan. Olaryň ýerleri daýhanlar we belli bir derejede gullar tarapyndan bejerlipdir.

Ýerler daýhany bilen billikde belli bir şert bilen mirasdüşer esasda feodalara Negus tarapyndan ýa-da feodal hökümdary tarapyndan berilipdir.

Daýhan ekerenaçylygy obşina häsiýetli bolupdyr. Ýerler obşinikleriň arasynda yzgider bölünip durupdyr. Ýöne soňra obşinanyň dargamak prosem duýulýar. Sebäbi käbir ýerler obşinanyň ýolbaşçysynyň karary bilen çlen dällere ol aýry-aýry täsirli maşgalalara hemişelik bermeki hem ýüze çykýar.

Salgyt döwlete ondan bir bölegi berilýär. Ýerler-de feodyň hasabyna natural salgyt berilpdir. Borçlar ( zat bilen üpjün etmek,). Söwda ösmändir, sebäbi dagynyk ýurtlaryň bir kerwen söwdasy bolan.

Efiopianyň isendik emeldary hökümdarmy, döwlet emeldary, ýerdäki emeldarlar tapawudy ýok, han ýaly bolupdyrlar, sud polisiýa, syýasy, harby funksiýany ýerine ýetiren.

XVIII asyryň 20-nji ýyllarynda fransuz söwdegärleri Senegalyň içerki raýonlaryna aralaşyp Gwineýa –Bisau çenli ýetipdirler. Söwda faktorlaryny gurupdyrlar. Gullary äkidip satypdyrlar. Esasan Amerika. Iňlisler has güýçli bolupdyrlar. XVII asyrda Amerika 2 mln. 750 müň gul akidilen bolsa, XVIII asyrda 7 mln. ýetýär. Şolaryň 70 % golaýy bolsa günbatar Afrikadan akidilipdir. Günbatar Afrikany uly döwletleriň biri Segu bolup ony Bamabara taýpasynyň kulubaly tiresinden bolan Fotige ýa-da Biton lakamy ( 1660-1710) adam esaslandyrýar. Biton köp ýerleri özüne birikdirýär.

Beýleki bir döwlet olam Bambarileriňki, Naarte döwleti ony Massasi tiresi döredýär. 1709-njy ýylda Segu döwleti kartanyň paýtagty Ýedinany eýeleýär. Naartanyň hökümdary

Sebe (1709-1760) guşuny bilen demirgazyga we täze paýtagty Gemury ( Gemu ) döredýär. Ýöne 80-nji ýyllaryň ahyrynda ony Segu basyp alýar.

Günbatar Sudanda fulbe taýpalary özlerinden günbatarda ýerleşýän ýazyçesini taýpalaryň ýerlerini alyp ugraýar ýazyçesinler birleşýärler. Fulobeler musulman bolupdyrlar. Fulobiler yslamy dolandyryp, ol aksakallaryň geňeşine daýanypdyr. Bu döwlet Ibraýym Sary (1751-1784) döwründe güýçli bolan.

Altyn kenaryň (золотой берег) döwletleriniň biri Aşanti bolupdyr. Bu döwletiň onuň merkezinde ýerleşipdir. Aşanti birleşen döwlet ýa-da konfederasiýa bolan. Onuň başynda patşa şa aýalyň (enäniň) görkzmegi boýunça ýurdy dolandyrýar dinastiýanyň içinden saýlanypdyr. Patşanyň kondidaturasy ýerli serdarlar we aksakallar tarapyndan tassyklanylypdyr.

XIX asyryň 30-0-njy ýylarynda Günbatar Sudanda Omar el-Hadjyň baştutanlygynda feot teokratik döwlet döredýär.

1848-nji ýylda Omar öz goşunlary bilen otparazlara garşy urşa taýarlanyp ugraýar. Onuň birinji çozuşy Kaarta garşy. 1854-nji ýylda ony eýeleýär. 1860-njy ýylda bolsa Segu döwletini eýeleýär. Soň ol Fulbeleri hem boýun egdirýär.

XVIII asyryň ahyrynda (1772) Anglýada negr gullaryň zähmetini ulanmak gadagan edilýär. 1807-nji ýylda bolsa iňlis raýataryna gul söwdasy bilen meşgullanmak gadagan edilýär. 1833-nji ýylda Angliýanyň ähli kolonýalarynda gulçylyk ýatyrylýar.

Angliýa koloniýa edinmek maksady bilen gulçylykdan boşadylan negirleriň bir bölegini Sýerre Leoniýa göçürilip ugraýar we şonuň esasyndada ol ýeri Angliýanyňky diýip yglan ediýär. Soň şeýle işleri Amerikanyň demirgazyk ştatlary hem edip ugraýar.

Iňlisler, fransuzlar, amerikanlar, gollandar, nemesler we başgalar alymlar Afrikany öwrenipdirler. Soň koloniýal basyp alyşlarda şol barlaglar ýewropolylara uly kömek beripdir.

1874-nji ýylda iňlisler uzak wagtdan soň Aşanti döwletlerini hem boýun egdirip ony altyn kenara goşýarlar. Şol döwürde Nigeriýa ýerleri hem eýelenilýär we 1874-nji ýylda olam Aşanti gubernatirina berilýär. Günbatar Afrikanyň ep-esli ýerlerini fransuzlar hem alýar.

XIX asyryň ikinji çärýeginde Fransiýa Gweneýa kenarlarynda ornaşmaga çalyşýar. 1838-42-nji ýyllarda Polmes beurçunyň töwreginde ýagny Şirmaýy kenarda port döretmegi başarýarlar. Soňky 20-nji ýylda bolsa olar günorta Nigeriýada ornaşýarlar. XIX asyryň 50-nji ýyllarynda Sinigalyň töwregindäki ýerleri eýeläp başlaýarlar we şol ýerlerdäki Galam we Hassa döwletlini öz täsirine salýarlar.

Kongo derýasynyň basseýinde Kongo, Kubo, Lubo, Lunda döwletleri ýerleşip olaryň iň ulusy Kongo we Lundo döwletleri bolupdyr.

Portugallar karol Antonnu I (1661-1665) döwründe Kotaniýa eýelemäge synyşýarlar. 1665-nji Amboýuň söweşinde korol ölsede portugallar Kongany alyp bilmeýärler. Ýöne şol söweşlerde Konganyn köp abraýly adamlary ölýär we ýurtda häkimýet ugurynda söweşler başlaýar. Ol hem tä 1710-njy ýyla çenli dowam edýär. Ýöne soňam Kongo birleşmeýär. Edil şeýle ýagdaýlar Kongo derýasynyň basseýiniň içerki etraplaryndaky döwetler bolan Kuba, Luba, Lunda döwletlerindede dowam edipdir.

Lunda döwleti hakykat ýüzünde birnäçe döwletleriň birleşigi bolup, ol merkezi Afrikadaky iň uly döwet bolan. Ýöne XIX ikinji ýarymyndan bu döwletem gowşaýar we ýewropalylar tarapyndan basylyp alynýar.

Gündogar we Günorta – gündgar Afrikanyň döwletleriniň içinde Mombasi döwleti güýçi bolupdyr. Ýöne XIX asyryň birinji ýarymynda ol hem dargaýar. Ony Oman patyşasy Seýit Sait (1804-1856) basyp alýar.

Ol 1832-nji ýylda paýtagty Miskaddan Zandibara geçirýär. Saýit ölenden soň onuň ornuna ogly Mejit (1856-1870) gelýär.

XVII-XIX asyrlarda Gündogar Afrikanyň içerki raýonlarynda Ruanda we Brundi döwletleri hem boupdyr.

## Efiopiýa XIX asyryň ahyrlary - XX asyryň başlary.

1855-1868-nji ýyllarda Efiopiýany Tigraly hökümdar Kassa (Feodor II) dolandyrýar. Bir tarapdan iňlis fransuzlar Efiopiýada berkleşjek bolan, beýleki tarapdan bolsa öz işlerinde oňuşmandyrlar. 1868-nji ýylda iňlis-efiop ugrunda Feodat ölýär. Içki oňuşyksyzlyklar güýçlenýär.

1. Merkezi Efiopiýaly Gobaziýa merkezi häkimiýete dalaşgärlik eden.
2. Tigraly Kassan hem dalaşgärlik edýär.
3. Si bolsa heniz feodor döwründe Şoanyň patyşasy diýip yglan eden Menelik bolupdyr.

Bularyň iň güýçlisi Gobaziýa bolup onuň 60 müň goşuny bolupdyr. 1868-nji ýylyň aprel aýynda özüni efiop negusi diýip yglan edýär. 1872-nji ýylda ol Kassaýa garşy urşa başlaýar, ýöne Kassaýiden ýeňilýär. Şundan soň Kasaýi Aksult alýar we özüni Efiopiýanyň negusi diýip (1872-1889) yglan edýär. Ýahonnys IV adyny alýar. Şundan soň onuň garşydaşy galýar. Menelik we oňa garşy goşun sürýär. Oňa çenli Müsürliler hem Efiopiýa birnäçe gezek çozýar.

Minelik Ýahonnes IV-den ýeňilýär we ony Negus diýip ykrar edýär. Oňa derek Ýahonnys ony şanyň patyşasy diýip ykrar edýär.

XIX asyryň 70-80-nji ýyllaryna çenli Gyzyl deňziniň basseýninde ýagdaý çylşyrymlaşýar. Sebäbi Sues kanaly çekilýär we bu ýere Angliýa, Fransiýa, Italiýa dyzaýar. Has hem Italiýa dyzaýar. Angliýa olara az-kem ýardam beripdir.

Şonuň üçinem Italiýa Eritreýany eýeläp ugraýar. 1885-nji ýyldan başlap bütin kenarýakalary eýeleýär we Minelik bilen gatnaşyk açyp ugraýar. 1887-nji ýylda italiýanlar Efipiýa çozýar oňa Ýohannesyň wassaly rasa (gubernator) alulin garşylyk görkezýär.

Soň Menelegiň goşunynyň esasy bölegi Şoa gaýdyp gelýär. Tigre-de belli goşun galdyrylýar.

1896-nji ýylda Addis-Abedi (Täze paýtagt 1887-nji ýylda düýbi tutulan). Italiýa gelip parahatçylykly şertnama gol çekilýär. Şol boýunça 1889-njy ýylyň şertnamasy güýjüni ýitiren hasap edilýär we Efiopiýa özbaşdak we garaşsyz döwlet diýlip ykrar edilýär. Italiýa 10 mln. lir kontribusiýa töleýär.

Bu ugurlarda Menelik fransuzlar gizlin kömek beripdirler. Sebäbi Meneligiň üsti bilen Angliýany gorkuzmak isläp, ýagny Angliýanyň araçäklerine tarap Meneligi küşgüren. 1898-nji ýyla çenli Menelik ähli ýerleri diýen ýaly birleşdirýär.

Fransiýa Menelige kömek bermek bilen onuň ýerinde döwlet ýolbaşçylyk guramaçy konsepsiýa alan. (1894)

1902-nji ýylda 310 km. Jibuta-Diredaua demir ýoly gurulýar. Angliýada pes oturmaýar we Menelikden Addis-Abebadan Somalä demir ýol gurmaga rugsat alýar. Menelik razylaşýar. Sebäbi Fransiýanyň Efiopiýada güýçlenmeginden gorkupdyr we 1902-nji ýylda iňlislere-de rugsat berýär.

Daşary ýurtlar (Angliýa, Fransiýa, Italiýa) aşaklyk bilen Efiopiýany täsir zonasyny öwrenmek barada dilleşýär. Efiopiýada jogap çärelerini geçiren Berline, Wena, Budapeşte, Stambula wekil iberýärler.

Meneligiň döwleti yza galak feodal döwlet bolupdyr. Ykdysady yza galak bolupdyr. Ýöne ykdysadyýet Meneligiň döwründe birneme janlanypdyr.

Ol ýerli türki taýpalarynyň serdarlaryna köp emläk galdyrypdyr. Häkimiýet beridir. Bu ýerde söwda birneme

janlanypdyr, ýöne tiz wagtdan söwda ermenileriň, grekleriň, hindileriň we araplaryň eline geçen.

Meneligiň soňky ýyllarynda häkimiýet ugrunda göreş güýçlenýär. Olar 3 topar bolupdyr:

1. Şoali feodallar - baştutanlary harby ministr Hante Giorgis.
2. Topar haryt-pul gatnaşyklar bilen bagly "ýewropalaşmagyň" tarapdarlary ýolbaşçy Tafari Makonen (Serkerdäň ogly)
3. Boýun egdirilen ýereriň feodallary, musulman söwdagärleri.Oňa Wollo welaýatynyň rasasy Mikael ýolbaşçylyk eden. Özem öň Menelik bilen çaknyşýar eken. Soň onuň bilen gatnaşyklary berkitmek üçin Menelik oňa öz gyzyny berýär we ondan bolan agtygy Ýasuny mirasdüşer diýip yglan edýär.

Ýöne 1910-njy ýylda Ýasu pereworot geçirýär we Tantu regentliden ymtylýar. Regentler söwety Ýasuny ýaş eten diýip yglan edýär. Onuň tarapdarlary Addis-Abeba goşun çekýärler we ony negus diýip yglan edýärler. Ýöne Menelik ölýänçä (1813-nji ýýlyň dekabr aýynyň 12-si) wezipesini ýerine ýetirip bilmeýär.

1 jahan urşunyň başlamagy bilen Ýasu german-türk tarapyny goldapdyr. Ýasu somali watançylaryny (Muhammet ben Abdullah Mäti) hem goldapdyr.

Şeýle bolansoň Angliýa-Fransiýa görkezýärler. Ýagny Ýaponiýa Germaniýa-türk tarapyndan urşy girer we samadinleri goldar.

Şoň üçin Antanta weneleri beýleki 2 topar we hristian mollalary bilen gepleşik geçirip ugraýarlar.

1916-njy ýylda Ýasu efiop musulmanlarynyň ýaşaýan ýerine "jihad" etmek üçin aýlanmaga gidýär we mundan 2 topar peýdalanmaga çalyşýarlar we döwlet agdarylmagyny. Olar Menelenň gyzy Zauditini goýýarlar regent bolsa Tafari Manapen. Antanta ony ykrar edýär.

Ýasu Harare-de gozgalaň turuzmaga synanyşýar. Ýöne onuň goşuny ýeňilýär. Italýanlar ýeňilýär. Şondan soň 1888-njy ýylda italýanlar Menelige wekil iberip, ony Efiopiýany negusy diýip ykrar etjekdiklerini we Iohannese garşy hereketde kömek etjekdiklerini aýdýarlar. Menelik ony kabul edýär. Ýöne Iohannese garşy hereket etmeýär. Şoň bilen bilelikde italýanlary garşy hereketde Iohannesede kömek bermeýär.

Ýöne şol döwürler iňlislere kömek bilýändikleri üçin Efiopiýa mätäçler hem çozup durupdyrlar we şolar bilen uruşlaryň birinde Iohannes ölýär.

1889-njy ýylda Menelik Italiýa bilen dostluk we söwda barada şertnama baglaşýar we ertirýany olary berýär. Oňa derek Italýanlar 38 müň  tümen, 28 manat berýärler we 4 mln frank karz hem berýärler.

Şol şertnamada (1889) 1 punkt bolup, şonda efiopiýa daşarky gatnaşyklary meselesinde Italiýa araçy hökmünde ýüz tutup “biler” diýseň. Ýöne şol şertnama 2 wariantda bolup, birinde “biler” diýlip, bilelikde “borçly” diýilip ýazylan. Bu bolsa efiopiýany italýan protektoraty derejesine getirjek eken.

Şundan soň Menelik aktiw syýasat ýöredýär. Efiopiýa köp ýerini birleşdirýär. Emma 1889-nji ýýlda Italiýa şertnama boýunça Tepräni eýelän efiopiýa beýleki ýerleşmeli eýeläp ugraýar we 1890-njy ýylda Efiopiýany özüniň protektoraty diýip yglan edýär. Menelik protest bildirýär. Ýewropa döwletlerinde-de ýüz tutýar. Emma peýda bermeýär we 1893-1889-njy şertnamasyny güýjüni ýitirýändigini yglan edýär.

1894-nji ýýlda Menelik Tigräniň gubernatory rasi Mangaşa italýanlary garşy başlamagy bugarýar. Ýöne Mangaşa ýeňilýär. 1895-nji ýylda Mangaşa ýene-de ýeňilýär. Şundan soň Menelik Mangaşa uly goşunly kömege iberýär. 1895-nji ýylyň

## Afrikanyň Ýewropa döwletleri tarapyndan paýlaşylmagy.

1876-njy ýyla çenli Ýewropa döwletlerine Afrikanyň territoriýasynyň 10,8 % degişli bolupdyr. Demirgazykda Fransuz Alžiri, günortada iňlis-golland kolonizatorlary eýeläpdirler. Senegal derýasynyň deňze guýýan ýerinde azajyk ýer Fransiýa degişli bolupdyr. Twilet aýlagynda bolan Angliýa bilen Fransiýa ýerli serdardan ýer alyp söwda faktorlaryny esaslandyrypdyrlar. Afriki materiginiň günorta-günbatar we günorta-gündogar kenarlarynda biri-birinden ep-esli aradaşlykda ýerleşýän Portugaliýa degişli punktlar bolupdyr. Afrikanyň galanýerleri entäk eýelenilipdir. Ýewropaly ilat Hoşymyt burkynyň töereklerinde 1652-nji ýylda ilkinji poselogy esaslandyrýarlar. Ony esasan Golland Ost-Hindistan kompaniýasy esaslandyrýar. Sebäbi l örän amatly ýolda ýerleşen. Ýöne 150 ýyllap Gündogar Afrikanyň eýelenmegi haýal gidipdir.

Napoleon uruşlary döwründe Gollandiýanyň Fransiýa tarapyndan eýelenmeginde peýdalanyp Angliýa Kan koloniýasyny eýeleýär. 1814-1815-nji ýylara Wena kongressikan koloniýasyny Angliýa gutarnykly berýär. Şundan soň Gönrta Afrikada kolonial basybalyşlar giňeýär.

Kolonizasiaýany golandlar (bur) we iňlsler alyp barypdyrlar. Bularyň ikisi ikisi oňuşmandyrlar. Emma iňlisler güýçli bolupdyr. Sebäbi olaryň arkasynda kuwwatly Britaniýa durupdyr. Burlar bolsa öz watanlaryndan arany üzendikleri sebäpli olary goldap bolmandyr.

1843-nji ýylda Angliýa indi Kanyň goňşusy Nataly hem eýeleýär, 1868-nji ýylda Angliýa Basutolendi hem eýeleýär. (protektorat). Netijede burlar ortarada galyp olara öz ýerlerini giňeltmäge mümkinçilik kesilýär. Burlar öz oturan ýerlerinde Oransewaýa Transwaal respublikalaryny döredýärler. (“Beýik

Tren”döwründe 1836-njі ýyllaryň başlary). Olaryň prezidenti we parlamenti (folisroad bolan)

1867-nji ýylda tomus aýlarynyň bir güni ir bilen Goraniwaýa derýasynyň kenaryndaky hoptaun fonarisiniň golaýyndan geçip barýan bir oglanjyk lowurdap ýatan daşjagazy tapýar. Almaz. Şundan soň Uraniwaýa taraplar dünýäniň çar künjeginden ilat gelip ugraýar. Almaz gözleýärler. Netijede ilat sany artyp ugraýar. 1871-nji ýyla çenli almaz gözleýänleriň sany 40 müňe ýetýär. Almazly ýerleriň açylmagy we bir ýerde almazly ýeriň merkezi-Kimberli şäheriniň dörenegi uly meseläni – Oransewaýa bilen Kanyň arasynda araçäk meselesini ýuze çykarýar. Sebäbi bular hem iňlisler hem dawa edipdirlar. Her hili ýollar bilen şol ýeri iňlisler alýarlar. Şundan soň bu ýere Ýewropa kompaniýalary gelip ugraýar. Sebäbi ilat almazly ýerleriň ýokary gatlagyny artdyrypdyrlar. Indi bolsa mehanizmler gerek. Ine, şol döwürler almazly ýerlere konkurensiýanyň ösen döwri “Be Birs” iňlis kompaniýasy üstün çykyp monopoliýa girizýär. Ýolbaşçty S. Radçşu kompaniýa Günorta Afrikany eýelemekde uly iş edýär. Soň almaz Oransewaýada-da tapylýar. Şonuň üçin hem iňlisler şol ýeri eýelemegi hem isleýärer. Üstesine-de Oransewaýanyň ilatynyň bir bölegi hem iňlis kompaniýany şu ýere aralaşmagynyň tarapdary bolupdyrlar. Üstesine-de burlara iňlisler uly federasiýanyň proektini teklip edipdirler. Günorta Afrika belli iňlis syýasy işgäri Froud iberilýär. Emma bularyň agramly bölegi federasiýany ret edýärler. Soň iňlislere 1877-nji ýylda Oransewaýa respublikasynyň folksradyny dargatmagy we prezidenti wezipesinden boşatmagy başarýarlar. (Fol Krýuger – burlaryň prezidenti )

1879-njy ýylyň iňlis-zulus urşy döwründe zuluslaryň serdary Ketçlaýo iňlislerden ýeňilýär we Zululent “13 sany özbaşdak döwlete” bölünýär iňlisler tarapyndan. Dogan-dogany gyryp başlaýar. Şonuň üçin hem 1883-nji ýylda Zululent

Ketçlaýonyň baştutanlygynda “birleşdirilýär” we Angliýanyň protektoraty diýilip yglan edilýär.

1887-nji ýylda Angliýa Zululentiň demirgazygyndaky (Moznbiniň goňşysy) ýerleri hem eýeleýär.

1880-nji ýylyň ahyrynda we 1881-nji ýylda burlar iňlis agalygyna garşy gozgalaň turuzýarlar ýöne Gladstonyň inberial hökümeti (Londonda) burlar bilen ýaraşyk baglaşmagy başarýarlar we şol ýyl Tarnswalyň (günorta Afrika burlaryny) ýerli özbaşdaklygyny dikeldilýär. 1884-nji ýylda London konwensiýasy baglaşylyp, şol boýunça Angliýa tanswanyň (Waalyň aňyrsy) garaşsyzlygyny ykrar etmäge mejbur bolýar. Ýöne oňa derek tarnswal başga ýurtlar bilen syýasy gatnaşyklardan kesilmeli bolupdyr. (Dius, Oransewaýa respublikasy bilen) burlara şeýle hem täze ýerleri eýelemek gadagan edilýär.

Iňlis-bur ekspansiýasy Gündogar Afrikada demirgazyk-günorta taraplara gönükdirilip onuň demirgazyk-günbatar tarapy boş galan. Şonuň üçin bu ýere Germaniýa gelýär. 1883-1884-nji ýyllarda nemesler tas mugtuna diýen ýaly Günorta-Günbatar Afrikada (häzirki Namibiýa) ýerli serdarlardan ýer satyn alýarlar.

1885-nji ýylda Angliýa Beçualendi (häzirki Botewana) protektura öwrülýär. XIX asyryň 90-njy ýyllarynda Angliýa Limpora-Zambezi derýalarynyň aralygyny eýeleýär. Ony S. Rads amala aşyrýar. Kaanyň premýer ministri täze koloniýa Rodeziýa diýlip atlandyrylýar. Satyn almak prakpenasy köp bolan. Soňy urşa ýazýar.

XIX asyryň ahyrynda Afrikany eýelemeklik has hem güýjeýär. Şol sebäpden hem Ýewropa döwletleriniň arasynda dawalar, bäsleşikler hem güýjeýär. 1875-1884-nji ýyllarda Fransiýa bilen belgiýanyň arasynda Merkezi Afrikada Kongo meselesinde bäsleşik gidýär. Şonda Belgiýanyň koroly Leopold II-ä Kongo derýasynyň basseýninde köp ýeri eýelemek

başardýar. Soň Kongo meselesi bilen baglanşykly 1884-85-nji ýylda Berlin konferensiýasy hem bolýar. Şonda Leopold II onuň Belgiýa degişliligini gazanýar.

1884-nji ýylda Germaniýa günorta-günbatar Afrikany eýeleýär. 1885-nji ýylda Fransiýa Madagakary eýeleýär. Ýöne ony eýelemek fransuzlara kyn düşýär. Sebäbi olar garşylyk görkezýärler we ony eýelemek tä 1900-njy ýyla çenli dowam edýär.

Ispaniýa XIX asyryň soňky çärýeginde Günbatar Saharany protektorata öwürýär.

Protektoratlar Mozambiýa Rodeziýany goşmak isleýärler. Rodeziýa bur respublikasam dalaş edipdir. Iňlisler şol sebäpden bu ýerden aktiwligi güýçlendirýärler. 1885-nji ýylda olar Beçuanelemdi eýeleýärler. 1893-95-nji ýylda bolsa Günorta we Demirgazyk Radeziýany eýeleýärler. 1890-njy ýylda Angliýa bilen Germaniýa Gündogar tropiki Afrikany paýlaşmak barada ylalaşyk gazanýarlar. Şol boýunça Keniýa we Uganda, Angliýa, Germaniýa bolsa Tanzaniýa düşýär. 1882-90-njy ýyllarda Italiýa Eritreýany eýeleýär. 1890-96-njy ýyllarda Efiopiýany eýelemek paşmaýar.

1899-1902-nji ýyllaryň iňlis-bur uruşlary döwründe Angliýa bur respublikalarynyň garaşsyzlygyny ýok edýär we GAS dominýonyny döredýär.

1912-nji ýylda Fransiýa Marokkanyň protektorata öwürýär. 1912-nji ýylda onuň demirgazygy Ispaniýa berilýär. 1912-nji ýylda Italiýa Tripoliýany we Kirenaikany eýeleýär. Elbetde Afrikanyň halklary göreşipdirler.

Günorta-günbatar Afrikada 1904-1907-nji ýyllarda Gerora taýpalary germaniýalylara garşy uruş alyp barypdyrlar.

1806-njy ýylda zunuss taýpalary iňlislere garşy ondan öň 1896-njy ýyla günorta Rodeziýada maşona we matobela taýpalary, 1905-1906-njy ýyllarda Gündogar Afrikada Majimaji taýpalary german kolonizatorlaryna garşy uly uruşlar alyp barypdyrlar.

Kolonial basyp alyşlar döwründe ýewropalylar Afrikany öwrenipdirler. Umuman Afrikany ylmy taýdan öwrenmeklik (florasi faunasi, gazylyp alynýan peýdaly zatlary, halklaryň etnografiýasy, geografiýasy) XIX asyryň ahyrlarynda başlaýar. Emma tä XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli gowy öwrenilmändir. Afrikany öwrenmek üçin ekspedisiýalaryň sany şeýleräk bolýar.

| | |
|---|---|
| 1791-1800 ý.ý-3 | 1851-1860 ý.ý.-27 |
| 1801-1810 y.ý.-2 | 1861-1870 ý.ý- 29. |
| 1811-1820 y.ý.-2 | 1871-1880ý.ý. -47 |
| 1821-1830 y.ý.-8 | 1881-1890 ý.ý.-84 |
| 1831-1840-y.ý.-3 | 1891-1900ý.ý. -15 |
| 1841-1850-6 | |

Umuman, XIX asyryň ahyrlarynda Afrika 10-larça ekspedisiýa iberilip,olaryň maksady Afrikany eýelemeklige taýýarlamaly we amala aşyrmaly. Netijde XIX asyryň ahrynda Afrika “açyldy” kapitalizm üçin. Jahan urşynyň netijesi boýunça german koloniýalary alnyp Angliýa ÝUAS, Fransiýa we Belgiýa berilýär. Angliýa Tanzaniýa Toganyň bir bölegi we Kamerun Fransiýa Toganyň bir bölegini we Kamerunyň köp bölegini, Belgiýa, Ruanda-Urundi. ÝUAS –a bolsa Günorta-Günbatar Afrika berilýär.

Netijede XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň I çärýeginde Afrika yklymy doly paýlaşylypdyr. Bu paýlanşykda Angliýa hemmelerden köp ýer alypdyr.Angliýanyň ägirt uly kolonial imperiýa öwrülmegi ýurduň içeri syýasy durmuşyna uly täsir edipdir. Iňlisler Angliýa we onuň mülklerine “guwanypdyrlar”.

## 1-nji jahan urşunyň öň ýanynda Arap ýurtlary

1-nji jahan urşunyň öň ýanynda Siriýa,Liwan,Palestina, Yrak we Günbatar Arabystan Osman imperiýasynyň golastyndady.Olaryň ilatynyň sany 10 mln hasaplanýardy.Şol döwürde Siriýa we Yrak yzagalak ekrançylyk ýurtdy.Siriýada

60-70% ilaty ekrançylyk bilen 10-15% senetçilik we söwda bilen meşgullanýardy.3/4 ýerler gurply maşgalalylara degişlidi.Siriýada we Yrakda iň köp ýerler Osman soltany Hamid 11-iň gözegçiligindedi.1908-nji ýylda ýaş türkleriň rewolýutsiýasy bolup geçýän döwründe ol ýerler gurply maýadarlara satyldy.Şol döwürde iki hili arenda berilýär:Hemişelik we Wagtlaýyn.Hemişelik ýerleri mirasdüşerlere berilýärdi.Siriýa obalarynda jemgyýetçilik ýerler (hamula) ýöne salgytlar fellahlary agyr güne salýardylar.Salgydyň içinde Üşür (ondan bir bölegi) daýhanlary daşary ýurt maýadarlar hem ezýärdiler.Meselem Siriýanyň temmäki bilen meşhur bolan daýhanlar “Riže” atly fransuz temmäki degişlidi.Siriýa döwletine garanyňda Yrak döwleti has yza galakdy,feodal gatnaşyklar saklanyp gelýärdi.Bagdat welaýatynda ýeri özleşdimekde 0,28% meýdany tutýardy,Basrada -0,3%,Mosulda -2,55% Yrakdaky fellahlar ýeri tehnika bilen özleşdirip bilmeýärdi.Netijede oba hojalygyny ösdürmek üçin Osman imperiýasynyň gol astyndan çykmalydy.

XIX asyryň ahyrlarynda Siriýanyň çarwa ilaty 1200,Yrakda 1-mln hasaplanýar.Olara şeýhler gözegçilik edýärdi.Esasan hem düýedarçylyk ýöredilýärdi.Täze ýollaryň emele gelmegi,1869-njy ýylda Sues kanalynyň gurulmagy Siriýa,Palestina,Yrakda we Günbatar Arabystanda demir ýol gurluşygy, kerwen söwda ýollary çarwalara uly päsgelçilik berýärdi.Netijede çarwa hojalyk pese düşüp başlaýar.Beduinlerden öri meýdanlar alnyp başlanýar.Senagat we senet belli bir derejede ösen.Dokmaçylyk, ýüpekçilik senetler ýola goýulan.Yrakda 150 sany senetçilik ussahanalary işleýärdi.Iş wagty 11-12 sagat dowam edýärdi.Ol işlerde aýallar we çagalar hem ulanylýardy.Olaryň iş haklary hem pesdi.Yragyň esasy daýanjy finiki,däne ösümlikler,deri,ýüň ýaly önümler daşary ýurtlara iýberilýärdi.Uly bazarlar Damaskda, Halabda, Homsda, Hamada we Bagdatda

geçýärdi.Siriýada daşary ýurt maýadarlarynyň banklary:Fransuzlaryň”Kredi Lionie”, iňlisleň “Iňlis-Palestain” kompaniýasy, nemsleriň “Doýçe oriýent” banky we “Doýçe Palestina” bankyny görkezmek bolar.

Şol döwürde milli azatlyk hereketi öz täsirini ýetirýärdi.Arap milletleriň hereketi Siriýada ilkinji bolup duýulýar.Şol ülkede araplaryň jemgyýeti hem döräp başlaýar.Olaryň maksady Osman imperiýasynyň täsirinden çykmakdy.Ýöne 1885-nji ýylda bu gurama dargaýar, onuň agzalary Müsüre göçmek bilen bolýar.Soňra Osmanlylaryň garşysyna şeýhler we ahunlar hem komprador buržuaziýa çykyş edip başlaýar.Olar üçin Ýewropa imprealistik ýurtlar ýokarda agzalan ýerleri eýelese gowy bolardy.Arap ýurtlarynda milli azat edijilik göreşi 1905-1907,ý rus rewalýutsiýasynyň täsiri Beýrutda, Liwanda hem goldaw tapdy.”Demirgazyk jemgyýet üçin” atly şygar bilen çykyş edýärler.Arap jemgyýeti Fransiýa, Amerika öz ojaklaryny ýöredýärdi.1911-1913.ý Siriýada , Yrakda 1913.ý Ýemende 1911.ý Albaniýada bolan hereketler Türkiýa kolonistleri ýitirip başlaýar.Araplaryň milli hereketlerinde “Kasam”, “Arap rewalýutsiýasy” atly jemgyýetler 1913ýylda ilkinji arap kongresini geçiýärler.”Kasam” atly jemgyýetde 4 müň agza bolupdyr.1911-nji ýylda Muhammet Ýahýanyň çykyşy.1914-nji ýylda Hijazda Wehid Beýiň çykyşlary Osman imperiýasynyň synmagyna getirdi.

Imprealistik döwletleriň syýasaty Arap gündogarda iňlisler, fransuzlaryň kolonial syýasaty berkdi.Fransiýa döwleti Siriýany we Liwany öz gol astyna alýar.Iňlisler Yagy göz astyna alýar.Netijede Pars bazary hem öz elinde dokaýarlar.Oňa garşy Germaniýa göreş alyp barýar.Germaniýa Türkiýada mäkäm ornaşdy.Sebäbi onuň Gündogara gelende Fransiýa, Iňlisler gowy ornaşypdy.Bagdat demir ýoluny eýelemekde üç döwlet hem göreşýärdi.

1-nji jahan urşy ýyllarynda arap syýasy guramalary Abdul Rahman Aziz, Şeýh Muhammet Kalikali ýolbaşçylyndady.Osmanlylar olaryň garşysyna gazaply söweşýärdi.Iňlis-Hijaz gatnaşyklar (1914-1915.ý). Yrakda iňlisleriň syýasaty Arap ýurtlaryny bölmekde Iňlis-Fransuz milli azatlyk hereketi döreýär.Arap halkynyň milli azat edijilik hereketi 1916.ý.

## Arap ýurtlarynyň täze taryhy

Dünýä syýasatynda we hojalygynda araplaryň tutýan orny bimöçberdir.Ol ýurtlaryň tutýan meýdany 13,8 mln.kw.km hasaplanýar.Ilaty bolsa 337 mln.583 müň hasaplanýar (2007.ý). Günbatarda Atlantik ummanyndan, Demirgazykda Türkiýadan tä Günorta Afrikan tropikalara uzalyp gidýär.Jemi 22 arap döwleti hasaplanýar.

Umumy adamzadyň we arap ýurtlarynyň täze taryhy 1917-nji ýylyň Beýik Oktýabr sossialistik rewloýusiýasyndan başlaýandygy we onuň täsiri arap halklaryna ýetendigi mälimdir.Sossiýalistik rewolýusiýasynyň mazmuny bilen araplar koloniýalizmiň garşysyna göreşendigini bellenip geçilýär.Olaryň göreşi iki nazaryýetde alnyp barlypdyr.

1) Millilikde
2) Sosial tarapdan

Täze araplaryň taryhy milli azatlyk taryhy we garaşsyzlygy gazanan döwletler.Täze taryhyň esasy mazmuny adamzadyň kapitalizmdan sosializma rewolýutsion geçiş taryhy iki tapgyra bölünýär.

1) 1945-nji ýyjdan öň we
2) 1945-nji ýyldan soňky döwri getirmek bolar.

1-nji tapgyrda dünýäde bir sossiýalistik döwlet bolardy, ikinji tapgyrda bolsa sosialistik döňwletleriň ulgamy döredildi.Netijede arap dünýäniň taryhyny iki uly tapgyra bölmek bolýar.:

1) 1917-1945.ýyllaryň aralygy
2) 1945-nji ýyldan tä häzirki döwre çenli

Soňra Arap döwletleri häzirki zamanda durmuş kesgitlenýär.Şol esasynda hem okuw kitabymyz şu bölümlerden düzülen.Beýik Oktýabr rewolýutsiýasynyň şygarynda:”Biz öz baýdagymyzda dünýäde ejir çekýän halklara azatlyk isleýäris” diýen setirler arap ýurtlaryny galkyndyrdy.Söwet döwletinde milletleriň deňligi we konstitusiýasynda demokratik hukuklary hatda her Söwet respublikalara SSR-iň düzüminden çykmaga hukuklarynyň bardygyna göz ýetirip şol döwlet bilen ýakynlaşmaga isleg bildirýärler.

1-nji jahan urşunda ýeňiş gazanan Iňlisler,Fransuzlar we A.B.Ş koloniýal paýlaşyga başladylar.Iňlisler Yragy, Transiordaniýany we Palestinany, Fransiýa bolsa Siriýany, Leany göz astyna alýar.Iňlisler Arap ýarym adasynda, Pars bogazynda öz merkezlerini berkitdiler.

Beýik Oktýabr arap dünýäsinde milli azat edijilik hereketi galkyndyrdy.Müsürde milli-azatlyk hereketi ýerli buržuaziýa, şolar ýaly galkynyşlar Yrakda , Marokkada, Plestinada, Liwiýada bolup geçýär.Öz agyr söweşinde arap halky Söwet Soýuza kömek bilen ýüzlenerdi.1926-nji ýylda Söwet Soýuzy ilkinji gezek diplomatik gatnaşygy Saut Arbystan bilen edýär.1943-nji ýylda S.S.R Müsür bilen 1944-nji ýylda Siriýa we Liwan bilen diplomatik gatnaşyklar edýär.Ol gatnaşyklar öz miwesini berdiler.Müsür 1954-nji ýylda öz garaşsyzlygyna eýe boldy.1956-njy ýylda Sudan, Marokka, Tunis hem öz garaşsyzlygyna eýe boldy.Netijede 1945-1960-njy ýyllarda azat ediş tapgyry hasaplanýar.1962-nji ýylda Ýemende, 1969-njy ýylda Liwiýada rewolýusion pursatlar bolýar, soňra Alžirde we Günorta Ýemende dowam edýär.Netijede ol döwletler hem öz garaşsyzlygyny almagy başarýar.Olar öz baýlygyna (nebitine) eýe biljek bolup

antiimprealistik hereketleri döredýärler. Onuň ady O.P.E.K bolup Nebiti daşyna çykarmak guramasy diýip atlandyrylýar.Onuň düzüminde araplar O.P.E.K ady bilen döredilýär.1967-nji ýylda Yzraýil A.B.Ş-nyň kömegi bilen arap döwletler bilen urşa başaýarlar.

XX asyryň 60-njy ýyllarynda Palestina hereketi ýüze çykýar.1964nji ýylda Azat Ediji hereketi döredilýär.1967-nji ýylda Palestinler gul toplap bilipdirler.70-nji ýyllaryň başlarynda Siriýada we Yrakda watançy fronty döredilýär.Ýöne Yrakda watançy fronty tä 1970-nji ýyla çenli dowam edipdir.1970-nji ýylda Plestina öz milli frontuny güýçlendirýär.1976-njy ýylda Müsür Söwet Soýuzundan daşlaşyp başlaýar.Netijede 1978-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda Kemp-Dewitde Müsüriň we Yzrailiň arasynda Separat şertnamasy gol çekildi.Araplar Müsürden daşlaşyp, merkezini bolsa Saud-Arabystany belleýärler.XX asyryň 70-nji ýyllaryň ahyrynda 80-nji ýylyň başynda Yslam galkynyşy ýüze çykýar.

## Müsür 1918-1945 ý.

XIX asyryň ortalarynda Müsür Iňlisler tarapyndan golastyna alynýar.Uzak wagt geçmän Muhammet Alini agtygy Abbas paşa Said paşa tarapyndan öldürilýär.Onuň ölümine hemaýat eden bolsa fransuz maýadarlardy.Netijede Müsür iňlisleriň elinden fransuzlara geçýär.1854-nji ýylda F.Lessens tarapyndan Sues kanaly geçirilýär.Bu gurluşygyň maýalaşdyrmagy köp bölegini Müsürlileriň ýolbaşçylary alýar. Kanalyň gurluşygy 1959-njy ýylda başlap 1969-njy ýylda tamamlanýar.Soňra Müsüriň döwlet başyna geçen Ysmail paşa bu gurluşygy maýalaşdyrmagy iňlis we fransuz banklaryna ýüz tutýar.Iňlisler 44%, fransuzlar hem şol möçberde Müsüre kredit berdiler, ýöne wagty bilen tölenmedik karz Müsürlileri mejbury olaryň gözegçiligine geçýär. Netijede ýerli buržuaziýa ol netijede bilen razylaşman ýerli halky milli-azat hereketine

aýaga galdyrýar.Oňa ýolbaşçy bolup pyýada polkuň komandiri Orabi paşa bolýar. Ýöne ol gozgalaň iňlisler tarapyndan basylyp ýatyrylýar.Orabi tussag edilip Seýlona sürgüne iýberilýär.Müsür bolsa iňlisleriň koloniýasyna öwrülýär. XX asyryň başlarynda milli hereketi Mustafa Kamil tarapyndan ýolbaşçylyk edýär.Ol 1907-nji ýylda “Hazb al Watan” (“Milli Partiýa”) döredýär. Partiýanyň maksady iňlisleri ýurtdan çykarmakdy.Ýöne bu hereket hem netijesiz tamalandy. 1-nji jahan urşunyň öň ýany Müsür Osmanlylaryň golastyndady. 1914-nji ýylyň 18-nji dekabrynda Müsür iňlisleriň golastynda bolýar.Iňlisler Müsüriň pagtasyna hem eýeçilik edýär. 1917-nji ýylyň oktýabar rewolýutsiýanyň zyýany Müsüre hem ýetdi.1919-1921-nji ýyllarda Müsürde antiimprealistik hereket başlanýar.1920-nji ýylda Müsürde Sosialistik soňra komunistik partiýa döredilýär.Ol guramanyň sany 60-müňe ýetýär. Olaryň göreşleri hem iňlisler tarapyndan basylyp ýatyrylýar. Iňlisleriň gol astyna Sues we Nil derýalar geçýär. 1923-nji ýylda paryşa Fuad Saadu Zaglulu döwlet ýolbaşçylygyny öz boýnuna alýar.Şol ýylda Müsüriň konustutsiýasy hem kabul edilýär.1929-1933-nji ýyllar Müsür ykdysady krizisindedi. Ýurtda synp hereketler başlanýar olaryň maksady ykdysady ýagdaýlary gowulandyrmakdy.1930-njy ýyllarda Kairde, Aleksandiriýada, Port Saiytde, çykyşlar başlanardy.Netijede olaryň şygarlarynda iňlisleri ýurtdan çykmagy talap ederdi. 1936-njy ýylda Londanda Müsür-iňlis şertnama bagyşlanýar.Ol şertnamaň möhleti 20 ýyldy.Şertnama 8 sany maddy tutulan. Iňlis goşuny (10 müňsi) Sues kanaly göz astyna almakdy. Iňlis goşunlary goşunlary Aleksandriýany we Kairy hem göz astyna saklamagy we deňiz ýurtlaryny gözegçilik etmekdi.1936-njy ýylda paşa Fuad 1 aradan çykandan soňra onuň ogly Faruk 1 tagta geçýär. 1-nji jahan uruşda bolsa Müsür Gündogarda we Afrikada iňlisleriň harby bazasyna örülýär. German faşizmy Müsüri öz ellerine geçirjek bolup synanyşýarlar, ýöne 1942-nji ýylda Stalingrad söweşinden soňra, ol maksatlaryndan el

çekdiler. Iňlisler Müsüri dürli ýerlerden ulanýardylar. Uruşda müsürli ýigitleri frontda ulanýardylar, azyk harytlar hem ol ýerden alynýardy. Netijede tä 1952-nji ýyla çenli Müsür we onuň baýlygy iňlisler tarapyndan gözegçilik edilýärdi.

## Saud Arabystan 1-nji we 2-nji jahan uruşlarynyň arasynda

**1-nji** jahan urşunda Nedjat demirgazyk we Merkezi Arabystany birleşdirjek bolup synanyşýar. Nedjatda din 1932-nji ýylda Hidjaz we Nedjat birleşdirilenden soňra onuň ady Saud Arabystan diýip tutulýar. 1-nji jahan urşy başlanandan soňra Nedjadyň emiri Abyl Aziz arao wekillerini urşa gatnaşmagy teklip edýär.Käbirleri Osmanlylaryň tarapyny tutdylar, käsi bolsa iňlislere.Abdyl Aziz iňlisler bilen şertnama baglanyşyp olardan müň sany tüpeň we 20 müň funt strelin peşgeş aldy.Türkler bolsa Mekkäniň ymamy Şerif Hüseýine daýanýardylar.Netijede iňlisler Hedjeti protektorat hökmünde saklaýarlar.Abdyl Aziz bolsa iňlisleriň kömegi bilen araplaryň Ajman taýpalary bilen söweş edip olary özüne oýun egdirmäge synanyşýardy.Şolar ýaly pursatlar Osmanyň böleginde Hidjazda hem bolýar.Ol barada ol ýerdäki gozgalaňlar habar berýär.Stambulda hem 1909-njy ýylda “Kahtan ligasy” atly gurama döredilýär.Olaryň maksady araplary awtonomiýa alyp bermekdi. Jahan urşy tamalanandan soňra Osmanlylar öz koloniýalaryny ýeňiş gazanan ýurtlara bermeli boldy.Saud Arabystana iňlisler eýe çykdylar.Yrak bilen Nedjadyň
arasynda serhet çekildi we 1922-nji ýylda tassyklanyldy1924-nji ýylda Türkiýa respublika diýip yglan edilenden soňra Mekgäniň ymamy Hüseýin özüniň halyflygyny yglan etdi. Bir gazanda iki geçiniň kellesi gaýnamaz diýlişi ýaly Abdyl Aziz bilen Hüseýniň arasyndaky söweş Abdyl Aziziň peýdasyna çözüldi. Hüseýin iňlisleriň kömegi bilen Kipre gaçýar. 1925-nji ýylda Abdyl Aziz Hidjazy özüne birikdirýär. 1926-njy ýylyň

awgust aýynda öz ogly  Feýsaly Hidjaza wise korollygyna bellenýär. Ýöne olara Ihwanlar bilen düşinişmek ýeňil düşenokdy. Olaryň ýolbaşçysy Halid ibn Lýuwat arap durmuşyny köne akymlar bilen alyp barjakdy. 1927-nji ýylyň ýanwar aýynda Abdyl Aziz Er-Riýatda 3 müň ihwanlar bilen duşuşyp olar bilen gepleşik geçiripdir. 1933-nji ýylda Abdyl Aziz öz ogly Ibn Saudy öz mirasgäri edip belleýär. Sayd Arabystan daşary ýurtlar bilen diplomatik gatnaşyklar alyp barypdyr. 1926-njy ýylda Sowet Soýuzy, Angliýa, Fransiýa, Gollandiýa, Turkiýe,1928-nji ýylda Germaniýa, 1929-njy ýylda Eýran, Polşa, 1931-nji ýylda A.B.Ş 1932-ýylda Italiýa, 1936-njy ýylda Müsür we ş.m.

Birinji jahan urşundan ikinji jahan urşy Saud Arabystana ýeňil düşmedi. Faşistik Germaniýa SSR-iň üstüne çozjak bolup Arabystany Turkiýany we onuň üstesinden Eýrany, Owganystanyň we Hindistanyň üsti bilen çozjakdy.Faşistlere öz nebitini çekýardi.Iňlislere fasistleriň arabystandaky hereketi halamaýardy.Uruş başlaýan wagty Saud Arabystan öz bitaraoplygyny yglan etdi.Ýöne iňlisler arap söwdasyny öz gol astynda saklaýardy.Saud Arabystan bolsa iňlis harby bazalaryny gawaýardy.Britan harby gämileri Gyzyl deňizde, Pars aýlagynda göz astyna alardy.Ibn Saud bu zatlara düşünýärdi, egerde iňlisler araplary gawgada  sakalsa onda araplar aç galjakdy. Egerde musulmanlary Mekgä haja zyýarata barmaga kesseler Hijaz girdeýjisiz galardy.Ýöne 1929-njy ýylda Saud Arabystan bilen Germaniýa we 1932-nji ýylda Italiýa bilen dostlukly şertnamasy saklanýardy.Nemes diplomaty Grobba Arabystandaky gitleriň agentidi.1939-njy ýylda Urakda ol ilçidi soňra ol ýerden kowulyo ol Ankara ilçi bolup işleýär. Iňlisleriň buýrugy boýunça ol Saud Arabystana gitmeli boldy. Faşistler Ýugoslawiýa, Gresiýany eýeländen soňra Siriýa we we Yraga ýörüş edýärdi. 1941-nji ýylda 1nji aprelinde Yrakda hökümet agdarlşyk bolup geçýär. Olar iňlisleriň garşysyna edildi.Gozgalaňçylar Abdyl Azize kömek

bilen ýüzlendiler ol bolsa razyçylygyny bermedi 1943-nji ýylyň maý aýynda iňlis goşunlary Yrakdaky strategik nokatlary eýelediler. Soňra Fransiýanyň kömegi bilen olar Siriýany aldylar. Stalingrad söweşinden soňra 1942-nji ýylda Sayd Germaniýa şertnamany üzýär we Grobby ýurtdan çykarýarlar. Iňlisler Arabystanyň iýmitini we nebitini gözegçilige alýar. A.B.Ş hem Angliýadan galmajak bolup Saud Arabystan bilen ýakyndan gatnaşygy berkidýärdi. Jittede amerikan diplomaty U.Eddi iş alyp barýardy. Ol soňra Siriýada ölýär. Ol A.B.Ş-nyň prezidenti Ruzwelt bilen Ibn Sauduň arasyndaky öwrelýän meselesine gatnaşdy. Ylalaşykda Ibn Saud ýewreýlere Palestinanyň ýerinde döwlet gurmaga razyçylyk berdi.

## PALESTINA 1917-1948 ý.

1917-nji ýylda Palestina Osman imperiýasynyň hatarynda bolup Siriýa we Baýrut welaýtlarynda bolup Iýerusalim sanjak bolupdyr. Ykdysady derejesi pesdi esasy ekrançylyk bilen saklanýardy. Ol ýerler gurply maýadarlaryň elindedi. Arap daýhanlar maýadarlaryň ýerlerinde işläp salgytlar hem töleýärdiler. Senagatda Palestinada kiçi kärhanalar işleýärdi. Olaryň elinde sabyn ýasaýan zawodlar, iýmit we dokmaçylyk kärhanalary hem olaryň gözegçiligindedi. Nablusda, Ýaffede, Haýfada, Iýerusalimde zewe künji ýag zawodyny hem ýöredýärdiler. XIX asyryň ahyrlarynda Palestinada ýewreý milletçi guramalar "Ýewreý halkyň birligi" atly şygary öňe sürüp araplara garşy hereket ederdi. Bu göreşde olara iňlisler hem kömek ederdi. "Palestina ýewreýleriň watanydyr" diýen şygar bilen hem çykyş edýärdiler. Soňra olar Palestinada Ýewreý döwletini gurmaga girişýär. Ilki olar öz daýanjyny German imprealizma daýanjak bolardylar.Soňra olar öz

pikirlerini üýtgedip Angliýa ýykgyn edýärler. XIX asyryň 80-nji ýyllarynda Palestina Ýewropadan ýewreý immigrantlary göçüp barýar. Olar dürli ýollar bilen şol hatarda din ýörelgesini hem ulanypdyrlar. 1882-nji tä 1990-njy ýyllara çenli olaryň sany 24 müňden tä 50 müňe ýetýär. Ýewreý buržuaziýa tarapyndan hemaýat etmegi bilen Palestinadaky ýewreýleriň ýerleri giňelýär. 1914-nji ýylda palestinada 85 müň ýewreýler, 7,5 müňsi oba hojalykda meşgul bolýardylar.Iňlisler biriji jahan urşynda arap feodallaryny özlerine çekip olara eger-de Osmanlylaryň garşysyna göreşseler döwlet gurup berjekdigini wada beripdirler. Şol hatarda bu Palestinadaky araplar hem degişlidi. Ýöne bu wadada wepalylyk ýokdy. Ol barada 1916-njy ýylyň 16-njy maýynda Iňlisleriň Fransiýa bilen Osman imperiýasyny paýlaşmak üçin şertnama gol çekildi.Bu şertnama boýunça Palestinada halkara gözegçilik alynýar. Arap halkynyň göz boýajak bolup Angliýa we Fransiýa 1918-nji ýylyň 7-nji Noýabrynda Palestina halkyna ýüzlenme kabul etdi. Onda milli hukularyna hormat goýjakdygyny aýdylýar. Ýöne olar hem kagyz ýüzünde galýar. Netijede 1919-njy ýylda Fransiýa Siriýany göz astyna alýar, Angliýa bolsa Palestinany. 1920-nji ýylyň 25-nji aprelinde San-Remo konferensiýasynda Palestina Angliýanyň garamagyna geçýär. Ol karary Milli liga Soweti tarapyndan 1923-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda hem makullandy.Angliýa bütünden Palestina eýeçilik edip sionistleriň ösmgine ýardam edýär. 1922-nji ýylda olar "Ak kitaby" çap edýär. Onda Çerçiliň teklipleri beýan edilýär. Onda araplary köşeşdirjek bolup Palestinada ýewreýleriň döwleti gurulman diňe "Ýewreý ojagy" döredilmegine ýol berilýärdi. Palestinada ýewreý emigirantlaryň sany barha artýardy. Ýewreýler Palestinada ýokary wezipelere eýe bolýardylar. Olar edaralarda diňe ýewreýleriň zähmet çekmegini isleýärdiler. Olar harby toparlaryň düzülmegine hem ýardam berýärdiler. Meselem "Sionyň işçisi" , "Ýaş işçi", "Palestinanyň ýaş işçi partiýasy" , 1920-nji ýylda olar "Gorag" atly harby topar

döredilýär. 1930-1932 ýyllarda Palestina 18 müň ýewreý göçüp gelýär, 1933-nji ýylda 30 müň, 1934-nji ýylda – 42 müň, 1935-nji ýylda 62 müň ýewreý göçüp barýar. XX asyryň 20-30 nji ýyllarda araplaryň milli-azatlyk hereketi täzeden mowjud edilýär. Olaryň maksady iňlisleri ýurtdan çykarmakdy.Iňlis hökümeti arap ilatyna gazap bilen jogap berdiler. 1934-nji ýyldan Redjeb Haşaşi tarapdan "Milli goranyş" atlty partiýa döredilýär. 1935-nji ýylyň 26-njy noýabrynda iňlis hökümetlerine öz tekliplerini beýan etdiler. Milli demokratik döwlet döretmek, ýewreý ýer satmagy besetmelio we immigratsiýany ýatyrmaly. 1936-njy ýylda Palestinada dartgynly ýagdaý emele gelýär. Hökümet bolsa araplara ýarag götermegi gadagan edýärdi . Palestinada araplary köşeşdirmek üçin Iňlisler Yraga, Sayd Arabystana, Ýemene we Transiordaniýa ýolbaşçylara kömek bilen ýuzlenerdi. Netijede 1936-njy ýylda ýatyrylýar. 1-nji jahan urşunda A.B.Ş-nyň Palestina bolan gyzyklanmasy güçlenýär. Olar Saud Arabysatanyň nebitine monologiýa gazanyp Palestina hem turbasyny geçirmek isleýärdiler. Şol hatardaolar Palestinada öwrenilýän döwletini gurmak barada kömek edýärdi. Ol döwleti bolsa amerikaň prezidenti Ruzwelt dolandyrýardy. 1945-nji ýylda Palestina 100müň ýewreýler ÝEWROPADAN göçüp barýarlar. 1947-nji ýylda ýewreýler araplaryň garşysyna uruş yglan edýär. Ol uruşda esasanam araplar Deýr-Ýasin obasynda 254 araplary öldürýärler. Haýfadan bolsa 60 müň arap gaçmak bilen bolýar. Araplan Ýffa atly şäherde 100 müň arandan diňe 5 müňsi galdy. 1947-nji ýylyň 29 noýabrynda BMG Baş assambleýasy Palestinadan iňlisleri çykarmaga karar çykardy. Ol kararda Palestina iki garaşsyz arap we ýewreýdöwletini döredilendigi beýan edilýär. Ýöne 1948-49 ýý. Izrail öz berilen meýdany bilen kanahatlanman Palestinada uly ýerleri özüne birikdirdi. 1967-nji ýylda Izrail Müsüriň, Siriýanyň we Ýordaniýanyň garşysyna urşy yglan etdi. Netijede 1969-njy ýylda Palestina azat ediş guramasy döredilýär. Oňa

bolsa Ýasir Arafat saýlanýar. Ol gurama öz gazeti “Al-Hadaf” /”Maksat”/ çykaryp başlaýar.

## Afrika 1939-1960 ý.

Mälim bolşy ýaly II jahan urşunda 61 döwlet gatnaşdy, şol hatarda Afrika kontinentdaky döwletler ejir çekdi. German faşizmi Afrikadaky nemesleriň öňki kaloniýalaryny gaýtarmakdan başgada Magrif araplaň adasyny hem eýelemegi başarypdy. Ol planlary Ýewropany we Sowet Soýuzy basyp alynandan soňra amala aşyrjakdy. Soňra olan maksady afrikan halklary düýbünden ýok etjekdi. Bu uruşda Gwiniýeden 13443 adam, Piliň süňki kenaryndan 9383, Dagomeýeden – 5987, Senegaldan – 12300, Mawritaniýadan – 1215, Nigerden – 2677, Sudandan – 30202, Ýokary Weltadan – 17492, Ekwatorial Afrikadan – 24100, Madagaskardan – 21018 adam gatnaşdylar. Angliýanyň harby güýçlerinde söweşde – Ugandadan, Tanganikadan, Zanzibardan, Keniýadan 300 müň afrikanlar gatnaşdylar, Nigeriýadan – 100 müň, Ganadan – 70 müň adam gatnaşdylar. Uruş wagtynda Angliýa, ABŞ, Fransiýa çig mal we azyk harytlary hem Afrikadan alýardy. 100 müňlerçe afrikanlar harby işçi batalonlarda zähmet çekýärdiler, olar gurluşyk edaralarda, strategik ýollary, aýradomlary, portlary we başgada möhüm nokatlarda ulanyldy. Imperialistik döwletler pursatdan peýdalanyp olar bilen dürli şertnamalary baglaşýardylar, netijede olar öňki kolonial döwürlere meňzetjek bolýardy. Meselem 1941-nji ý. iňlis goşunlary Somalini eýelemegi başardýar. 1942 ý. olar Efiýopiýany garaşsyzlygyndan mahrum edýärler. 1942/43 ýý. Alžir we Marokkany, Fransiýany elinden eýelemegi başardýar. II jahan urşynda Efiýopiýa 760 müň, Tunis 70 müň, Marokko 2 milion ilatyny ýitirýärler. Ýöne bu uruş olara milli azatlyk ugrunda göreşmäge ýardam edýärdi. Ykdysady tarapdan olar asyr boýy yza galakdan uly ýola düşdiler. Afrikanyň käbir döwletleri

kapitalistik ýoly saýlap alýar a käbiri bolsa kapitalistik däl ýoly saýlaýar.

Sosialistik ýoly saýlanlar (Müsür, Alžir) medeni özgerşlikler, demokratik hökümeti guramaga girişýärler. Şol hatarda sosial-ykdysadyüýtgeşmeler ýola goýulýar, täze tehnika, agyr senagat, ýer reformalar amala aşyrylýar. Müsür rewolýusionlaryň hatarynda H.Mohi ed Dini, alžirdan Başir Haji Alini görkezmek bolar. 1952-nji ýyldan Müsürde bilim reformalar amala aşyrylýar. Ýurtda Kairde, Aleksandriýada uniwersitetler gurulýar. Mansurdn Al-Azhar musulman uniwersiteti. Liwiýada 1969 ý. bilim ösüşini amala aşyrýar. 1955 ý. Bengazide Liwiýanyň uniwertiteti herekete girdi, 1965 ý. sowatsyzlygy ýok etmek barada institut döredildi. 1966-1973 ýý. aralygynda 200 müň adam sowatly boldular. 1960 ý. ilkinji Tunis uniwersiteti açylýar. 1975 ý. onda 16300 talyp okadyldy, 4 müň talyp daşary ýurtlarda, şol sanda SSSR okadylar. Marokkada mekdeplerde we ýokary okuw jaýlarda fransuz bilim ulgamy ýöredildi. Alžirde, Tuniste, Liwiýada golýazmalary öwrenmek barada merkezler açylýar we ş.m.

## Goşmaça maglumatlar
## 2007-nji ýyl.

Katar – ilaty 885359 araplar – 40 %, pakistanly – 18 %, hindi – 18 %, eýranly – 10 %. Döwlet dili arap ikinji iňlis. 95 % musulman. Paýtagty Doha şäheri – 357000. Patyşalyk döwleti 1995-nji ýylyň 27 iýunynda Emir Hadam Benhalifa at-Tahani patyşa bolýar.

Bahreýn – ilaty 698585, arap – 73%, aziýaly – 19%, eýranly – 8%. Döwlet dili arap ikinji dili iňlis, pars, urdu. Musulmanlar – 70% göterim (şaýy) jemi 81%. Paýtagty Manama – 162000. Konstitution monarhiýa. Hamat bin Isa al-Halifa 2002-nji ýylyň 14 fewralda patyşa bolýa.

Müsür – ilaty 79 mln., 99% araplar. Döwlet dili arap. 94% musulman (sünni), 6%-hrestian. Paýtagty Kair – 11128000, Aleksandriýa – 4 mln. 1981-nji ýylyň 14 oktýabrynda Hosni Mümaräk prezident.

Yrak – ilaty 27 mln. 75% arap, 15% kürt, 3,5 mln. türkmen. Musulmanlar 60 % şaýy, 32% sünni. Paýtagty Bagdat – 6 mln., Basra – 837000, Mosul – 123400, Erbil – 925000. 2005-nji ýylyň 7 aprelinde prezident Jalal Talabaniýa.

Iordan Haşemi Patyşalygy – ilaty 6 mln. 98% arap, 1% ermeni, 1% çerkezler. resmi dili arap ikinji iňlis. Musulmanlar 92% sünni, 6% hrestian. Paýtagty Amman – 129200. 1992-nji ýylyň 7 fewralynda Abdulla patyşa.

Kuweýt – ilaty 3 mln. 80% arap, 9% aziýaly, 4% eýranly. resmi dili arap ikinji iňlis. Musulmanlar – 70% sünni, 30% şaýy. Paýtagty Kuweýt – 2 mln. Konstition monarhiýa – 2006. 29 ýanwarda Ermir Şeýh Sabah al-Ahmat Aljabar Assabah patyşasy.

Liwiýa – beýik sosialistik halk erkin arap Jamaheriýa. Ilaty 6 mln. 97% arap – berwer. resmi dili arap, 97% musulman sünni. Pýatagty Tripoli – 2,5 mln., Bengazi 912000, 1969-njy sentýabrynda Muammat Kaddafi prezident.

Mawretaniýa yslam respublikasy – ilaty 3,5 mln. milleti maur gara – 40% maur – 30%. Dili – hasanniýa arabi. Paýtagty Nauçot – 637000, 2005-nji ýylyň 3 awgustynda Kol elu ogult Muhammet Wali prezident.

Marakko patyşalyk – 33,5 mln. Musulmanlar 99%. resmi dili arap, ilaty 99% arap berweri. Paýtagty Rabat 164700, Kasablanka -3,5 mln., Fes – 963000. 1999-njy ýylyň iýul aýyndan Muhammet 6 patyşa.

Saud Arabystan patyşalygy – ilaty 27,5 mln. Milleti 90% arap, 10% afroaziýalar resmi dili arap. Paýtagty riýad – 4,5 mln., Jidda – 3 mln, Mekka – 1,5 mln. 2005-nji ýylyň 1 awgustynda Abdulla Bin Abdul Aziz patyşa.

Siriýa arap respublikasy – 19 mln. ilaty, 90% arap, 10% kürt, ermeni.1,5 türkmen. resmi dili arap. 74% musulman sünni, 10% hrestian paýtagty Damask 2,5 mln, Aleppo – 252000, Homs – 923000, 2007-nji ýylyň 17-nji iýulynda Başar al-Asad prezident.

Tunis respublika – ilaty 10,5 mln, 98% arap, 1 % ýewropaly, resmi dili arap ikinji fransuz, Paýtagty Tunis – 734000. 1987-nji ýylyň 7-nji noýabrynda general Zine al-Abedine ben Ali prezident.

Palestina – 2,5 mln ilaty, 2004-nji ýylyň 11 noýabrdynda Mahmut Abbas ýolbaşçy.

Birleşen Arap Emiraty – ilaty 3 mln. Esasy arap 40% eýranly, 50% hindi. resmi dili arap ikinji pars, iňlis, hindi, urdu. 96% musulmanlar, 16% şaýy. Paýtagty Abu Dabi- 597000, Dubaý – 1,5 mln. 2004-nji ýylyň 3 noýabrynda Şeýh halif ibn-Zaýit Annahaýan prezident.

Ýemen respublika – 21,5 mln. Milleti afroarap. Musulmanlar 60% sünni 40% şaýy. Paýtagty Sana – 2 mln. 1978-nji ýylyň 17 iýulynda Ali Abdulla Salih prezident.

Liwan respublikasy – ilaty 4 mln.95% arap, 4% ermeni. Resmi dili arap, musulmanlar 60%, 39% hrestian, paýtagty Beýrut – 2 mln. 1998-nji ýylyň 24-nji noýabrynda Emile Lahout prezident.

Oman soltanlygy – ilaty 3,5 mln. Arap, buluç, aziýaly we afrika. Resmi dili arap – 75% musulman, paýtagty Musgat – 565000. 1972-nji ýylyň 2 ýanwarynda Soltan Kabus bin Saýid patyşa.

Ýemen halk demokratik respublika – ilaty 12 mln. arap, paýtagty Aden – 4 mln. dili arap.

Alžir halk demokratik respublikasy – 33 mln ilaty – arap berweri, resmi dili Arap ikinji fransuz, berweri. 99% sünni musulmanlar paýtagty Alžir – 3,5 mln. 1999-njy ýylyň 24 aprelinde Abdulaziz Botdafika prezident.

Sudan – ilaty 41,5 mln. 39% arap, resmi dili arap ikinji nubiýa, 70% sünni 5% hrestian, paýtagty Hartum – 4,5 mln. 1989-njy ýylyň 30 iýunynda general Omar hasan Ahmet prezident boldy.

## Ulanylan edebiýatlar


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklere tarap. Saýlanan eserler. –Aşgabat, 2008. 1 kitap, 2009. 2 kitap
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak Watany, Halky söýmek bagytdyr. –A.,2007
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. –A., 2008
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan saglygyň we ruhubelentligiň ýurdy. –A., 2008
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Progresiň täze belentliklerine tarap. –A., 2008. 1 tom, 2009 II tom
6. Беляев Е.А. Арабы, Ислам и арабский халифат в ранее средневековыье -М., 1965
7. История стран Азии и Африки в середине века. Част 1.2 под ред. Ф.М.Ацамба, Э.Г.Лапиня и др. –М.,1987
8. Пигулевская Н.В.Арабы у границ византии и Ирана в IV-VI вв. –М.,1964
9. Крымский А.Е. История новой арабский литературы. –М.,1971
10. Всемирная история том 4,5,6 Минск, 1997
11. Всемирная история том 7,8 Минск, 1997

12. В глубь веков, -М., 1961

13. Адам Мец. Мусульманский ренессанс. –М., 1966

14. Лазарев М.С. Крушение турецкого господства на Арабском Востоке (1914-1918) –М., 1960

15. Якуб Юсеф Объединенные арабские эмираты. История политике-государственного развития. –М.,1978

16. Семенова Л.А. Салах ад-дин и мамлюки в Египте. –М., 1966

17. Негря Л.И. Общественные отношения в доисламской Аравии (V-VII вв.) В кН. История и идеология стран Востока. –М.,1978

18. Бригш Г. Все о Египте. –М.,2000

19. Веселовский Н. Лекция по истории Востока С.Пб. 1979

20. Доллитовский Е. Стихи поэтов Египта //Иностранная литература –М.,1957. №1

21. Тарвердова Е.А. Развитие культуры арабских стран //Народы Азии и Африки. –М.,1975 №5

22. Седов А.В. Хадрамаут – древнее государство на юге Аравии. –М.,2000

23. Шеркова Т.А. Египет в Эпоху становления государственности. –М.,2000

24. Павлова О.И. Государство и религия в древнем Египте. –М.,2000

25. Александров А.В. Город, деньги на Древнем Востоке. –М.,2000

26. Антонова Е.В. Месопотамия и ее соседи в 111 – 11 тыс. до н.э. –М.,2000

27. Грязневич П.А. Историческая география Южной Аравии М.,2000

28. Левин О.В. История Туниса в новое и новейшее время. –М.,2000

29. Давидсон А.Б. Южная Африка 1870-1924. –М.,1972

30. Надирадзе Л.И. К вопросу о рабстве в Аравии в VII в. //Сб.ст. Вопросы истории и литературы стран зарубежного Востока. –М.,1960

31. Буниятов З.М. Начало господства тюрок в Халифате Аббасидов (830-870) //Известия АН Азер. ССР. Сер. об. ш. Б.,1969 №1

32. Чистикова Т.А. Арабский халифат. –М.,1962

33. История и экономика стран Арабского Востока и Северной Африки. –М.,1975

34. Пирщиц А.И. Георг Август исследователб внутренней Аравии. –М.,1853

35. Генин И.А. Йемен. –М.,1953

36. Майбаум Х. Сирия-перекресток путей народов. –М.,1982

37. Булгаков П.Г. Из арабских источников о Мерве //Известие АН ТССР Сер. обш. н. 1960 №2

38. Босворт К.Э. Мусульманские династии. –М.,1971

39. Саид Амин Востания арабов в XX в. –М.,1964

40. Ал-Джабарти Египет в период экспедиции Бонанарта (1798-1801) –М.,1962

41. Гибб Х. Арабская литература. –М.,1960

42. Фильштинский И.М. Арабская литература в средние века. –М.,1977

43. Абдуллаев И.Поэзия на арабском языке в Средней Азии и Херасане X-нач. XI в. Т.1984

44. Долина А.А. Очерки истории арабской литературы нового времени Египта и Сирии М.,1968

45. Шидфар Б.Я. Андалусская литература. Краткий очерк. –М.,1970

46. Куделин А.Б. Средневековая арабская поэзия. –М.,1983

47. Хусейин заде М. Феллах в литературе Египта Д.,1973

48. Аравийская старина М.,1983

49. Омар Ф. Аббасидский халифат (750-786) Б.,1969

50. Юрханов Ш.О. Господство Омеядской династии халифата в Туркменистане //Известие Туркменского филиала. АН СССР. –М.,1980 №2

51. Васильев А. История Саудовской Аравии. –М.,1980

52. Иффат Р.К. Горада Сирии в X-XI в. –М.,1968

53. Семенова Л.А. Из истории средневековой Мирии.–М.,1990

54. Михайлова И.Б. Средневековый Багдад. –М.,1990

55. Данцинг Б.М. Ирак в прошлом и настояшем. –М.,1960

56. Большакова О.Г. История Халифата. Ислам в Аравии. –М.,1989

57. Фотиева В.С. Материалы о лирических поэтах омеядского периода //В кн. Вопросы истории и литературы стран зарубежного Востока. –М.,1960

58. Новые Арабские работы по исламу в Африке //Народы Азии и Африки. –М.,1962, №6

59. Сахатмурадов А. Мусурин ишчилер сымны 1952-нжи йылын июль // Известия АН ТСССР. Сер.обш.н. 1964 №2

60. Шиммель А. Мир исламского мистицизма. –М.,2000

61. Веймари Б.В. Искуство арабских стран и Ирана на VII-XVII вв. –М.,1974

62. Якуб Юсеф Абдалла Объединенные арабские эмираты. –М.,1978

63. Сирийская Арабская Республика. –М.,1997

64. Васильев С.История Востока. –М.,2008

65. Lebling W. The Saracens of sropez //Saudi Aramco world/ 2009 october vol 60№5 p32-35

66. Gordon S. The game of kings //Saudi Aramco world. 2009 vol60 №4 p18-20

67. Левин О.В. Советская политикав Арабском Магрибе: иллюзии и реальност эпохи «холодной войны» - М.,2000

68. Кормышева Э.Б. Религия и культура Египта и Судана. –М.,2000

69. Федоров-Давыдов А.А. Крестовые походы: Историческая хроника. –М.,2008

70. Stephan and Nandy Ronart. Concise Encyclopaedia of Arabic civilization. L.1937

## Mazmuny

Arap ýurtlarynyň taryhyna giriş........................................8
Arap ýurtlary barada dürli çeşmeler...............................11
Irki orta asyrlarda jemgyýetçilik gatnaşyklary...............16
Gündogar Arabystanda gurlan döwletler.......................19
IV-V asyrlarda Arabystanda ilat....................................22
Arap ýurtlarynda gurlan türkmen beglikleri...................26
V-VI asyrlarda Arabystan we Arap ýurtlary..................31
Arap taryhçylarynyň Müsür barada ýazan işleri............35
Araplaryň yslamdan öňki sosial gurluşy we ykdysady aýratynlyklary.........................................................................40
VI-VII asyrlarda jemgyýetçilik gurluşy........................44
Afrikanyň jemgyýetçilik gurluşy we ykdysady ýagdaýy...............................................................................48
Araplara yslam dininiň gelmegi we olaryň jemgyýetçilik durmuşyna eden täsiri...........................................................51
Arabystanda irki orta asyr döwlet birleşmeleri.............55
Arabystan irki orta asyrlar döwründe.............................60
Şaýlar we Haryjitler mesheleriň döremegi...................69
Emewi haliflygynyň emele gelmegi we edara ediliş tertibi...............................................................................73
Emewileriň daşary syýasaty...........................................76

Emewileriň döwründe halk gozgalaňlary.......................78
Abbasy Bagdat halyfatynyň hökümet başyna geçmegi.......................................................................80
Abbasy Bagdat halyfatynyň içerki syýasaty...................84
Bagdat halyflygynda Zenjileriň ýagdaýy........................86
Zenjileriň gozgalaňy....................................................90
Zenji gozgalaňlarynyň giň gerim almagy.......................92
Fatimi döwletiniň döremegi we syýasy gurluşy.............97
Fatimi döwletinde senetçilik we söwda........................101
Eýýubiler döwletiniň döremegi we haç göterijilere garşy göreş.......................................................................102
Eýýubiler döwleti we haç göterijilere garşy göreş.......................................................................106
Haç göterijileriň ýörişleri.............................................110
Napoleon Banapardyň Müsüre ýörişi...........................116
Müsür XIX asyrda........................................................120
Alžiriň XIX – XX asyr taryhnamasy...........................126
Siriýa, Palestina we Liwan Muhammet Alynyň gol astynda.....................................................................133
Arap ýurtlary XVII asyryň II ýarymynda XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli döwürde.............................................137
Arap ýurtlary XIX asyrda............................................143

Arap ýurtlary XIX asyryň ahyrynda XX – asyryň başynda......................................................................150
Magryp ýurtlary XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başynda......................................................................155
Siriýa iň täze döwrüň başynda.....................................161
Siriýa bütin dünýä ykdysady krizisiniň öňisyrasynda we krizis döwründe.....................................................................166
Yrak Iňlis agalygy döwründe.......................................173
Saud Arabystan döwleti (1745-1918)...........................180
Tropiki Afrika XVII-XIX asyrlarda.............................184
Efiopiýa XIX asyryň ahyrlary – XX asyryň başlary.....190
Afrikanyň ÝSewropa döwletleri tarapyndan paýlaşylmagy..........................................................................194
I-nji jahan urşyň öň ýany arap ýurtlary.........................198
Arap ýurtlaryň täze taryhy...........................................201
Müsür 1918-1945 ý.....................................................203
Saud Arabystan I-nji we II-nji jahan urşlaryň arasynda.........................................................................205
Palestina 1917-1948 ýý...............................................207
Afrika 1939-1960 ýý...................................................210
Goşmaça maglumatlar................................................211
Ulanylan edebiýatlar...................................................215